**TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI**
**TÜRKMEN POLITEHNIKI INSTITUTY**

**Professor. A. Esenow**

# “HÄZIRKI ZAMAN BINAGÄRLIGI”

**Hünär: Binagärlik**

**Aşgabat 2010**

# Sözbaşy

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan döwletimizde geljegimiz bolan ýaşlaryň dünýäniň iň ösen talaplaryna laýyk gelýän derejede bilim almagy üçin ähli işler edilýär.

Hormatly Prezidentimiz döwlet başyna geçen ilkinji gününden bilime, ylma giň ýol açdy, Türkmenistan ýurdumyzda milli bilim ulgamyny kämilleşdirmek boýunça düýpli özgertmeler geçirmäge girişdi.

Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň "Türkmenistanda bilim ulgamyny kämilleşdirmek hakynda" 2007-nji ýylyň 15-nji fewralyndaky Permany bilim ulgamyndaky döwrebap özgertmeler ýaş nesliň ýokary derejede bilim almagyna we terbiýelenmegine, giň dünýä garaýyşly, edep-terbiýeli, tämiz ahlakly, kämil hünärmenler bolup ýetişmeklerine uly ýardam edýär. Okuw maksatnamasy Täze Galkynyş we Beýik özgertmeler zamanasynda ýokary bilimli hünärmenleri taýýarlamaklyga bildirilýän talaplary göz öňünde tutup taýýarlanyldy.

"Häzirki zaman binagärligi" – dünýäde köp görnüşli biri-biri bilen meňzeş däl bolan binalarynyň ýüze çykmagyny öz içine alýar. Dünýä binagärligini öwrenmekde biz öz talyplarymyza daşary ýurt binagärleriň döredijilik işlerini, teoretiki konsepsiýalaryny, binagärlik we şähergurluşyk usullaryny jemleýji pursatda öwretsek biz Türkmenistanyň binagärleriň öňünde goýulýan uly taglymatlary berjaý etmäge mümkinçilik dörederis. Ýagny biziň binamyzyň görnüşleri, şäherlerimiziň abadançylygy dünýä standartlaryna deňlikde gurmalydyrys.

Dersiň maksady – binagärligiň we şähergurluşygyň döredijilikde bolan usatlaryny, oňaýly keşpli öňde garalýan binalary we olaryň jaý toplumlaryny hemde binagärçiligiň şöhratly hünärmen ussatlarynyň döredijiligini öwrenmek.

Dersiň meselesi häzirki zamanda ýüze çykan görnükli binalaryň, jaý toplumlarynyň we şäherleriň mysallarynyň çeperçilik, sosial we ykdysadyýet taýdan amatlylygyny öwrenmek. Ussatlyk ugurlary binagärlikde bolan döredijilik nusgalary, formalary we giňişleýin çözgütlerini anyklama täsirini talyplara guýma. Binagärligiň keşbine milli medeniýetiň täsiri we täze durmuş medeniýetini gurnamada binagärçiligiň ruhy täsiri. Esasy netije öwrenilen ders çuňňur düşünjäni we hemme taraplaýyn ukuply hünärmenleri taýynlamany miýesser edip Garaşsyz Türkmenistan ýurdumyzyň täze görnüşlerini we görküni döretmegi başarjaýly hünärmenleri ýetişdirmek. Talyplary häzirki zaman hünärmen häsiýetiniň taryhy meselelerine ugrykdyrma. Aňyny giňiltme we aktual medeniýet bilen tanyş etme. Watanyň we daşary ýurtlaryň binagärligi we öwreniş tejribelerine utgaşma. Häzirki zaman binagärliginiň döretmeginiň taryhynda bolup geçen wakalar bilen talyplary tanyşdyrma. Türkmenistanyň milli binagärliginiň däplerini düýpli bilmäni we binagärlik miraslarynyň dünýä derjesindäki ornuny. Görnükli binagärligiň ussatlarynyň döredjiligi bilen tanyşdyrma. Häzirki zaman binagärligiň jaýlaryň tipleri anyklaýjy işini geçirmäni.

## Giriş

Döwürlere bölme: XIXa. soňky ýyllardan 1924ý. çenli;

Ikinji bölüm: 1925–1934ý.ý.; 3-nji bölüm: 1955–1954ý.ý.; 4-nji bölüm: 1955-1990ý.ý.; 5-nji bölüm: 1990–2000ý.ý.

Binagärligiň taryhy elbetde bu edil binagärlikde bolan pikirleriň ewolýusiýasyny ýazýar: binagärlik hronologiki tertipde garalýar, sebäbi olaryň taslamasy her hili jaýlar üçin, olaryň aýry–aýry funksiýasyna garamazdan, olar stil boýunça bir görnüşde işläp çykarylypdyr. Binalaryň funksiýasy köplenç olaryň daş görnüşine täsir edilmändir. Soňra bolsa binagärçilik her dürli tiplere bölünip başlanýar.

XX a. binagärlik taryhy, A.W. Ikonowyň aýtmagyna görä, edil onuň kalendar taýdan çäklemelerine laýyk gelýär. XIX a. ikinji ýarymynyň binagärligi edil onyň başlangyçy hökmünde göz öňünde tutulýar.

Birinji dünýä urşyna çenli (1914ý. çenli)–binagärligiň ösmeginde onyň baş ugurlary durmuşa geçýär. Iki dünýä urşy arasynda (1914–1941ýý.)–SSSR-iň emele gelmegi we onyň äpet sosiýal eksperimenti. Beýik Watançylyk urşundan soň – gysga wagtlaýyn rasional binagärliginiň prinsiplerini öňe sürülmeginde özara sepleşikler döreýär, soň bolsa bu sepleşikler ýykylyp krisis döwrüne geçýär – bu iki bölege bölünen dünýäniň her tarapyndan tarapynda täsir edýär (sozializm–kapitalizm). 1970-nji ýyllarda modernizmiň ýerine postmodernizm gelýär. XX a. soňky 10-ýyllygy–SSSR-iň ýykylmagyna sezewär bolup iki sistemanyň garşylyklygyny ýok boldy. Şondan soň binagärligiň ösmeginiň täze ugurlarynyň gözlegine ornaşylýar we olda bolsa üçinji müň ýyllyga düşýär.

Durmuşyň lezzetini ýokary göterýän harytlaryň köpelmegi, öçen ýurtlarda önümçiligi köp çykarmanyň ümkinçiligi hem-de köp jaý salynmagy urbanizasiýanyň giňişlikleýin ornaşmagy, ilatyň ýygnanmagy köpçilikleýin jemgiýetiň emele gelmegine sebäp bolýar. Köpçilikleýin jemgiýetiň özbaşdak aýratyn häsiýeti döreýär (ayratynlyk mentalnos ýüze çykýar).

Pelsepeçi K.Ýaspers diýýär: Tehniki-edil serişde ornuny tutýar, “Şonuň üçin hem ol ikilikde. Eýsem tehniki öz öňünde maksatnama goýmak, haýryň we zyýanyň daşynda durýar, ýa-da olaryň öňünde durýar. Tehnikany adamlar üçin haýyr ýa-da zyýan görnüşde ullanyp bolýar”.

XX a. binagärliginde özara sepleşikli üç gat bolan: **Elitar, däpli** (tradisionnyý) we **popilistik**,”kiç” görnüşinde.

1.Medeni elita,olaryň işlegleri boýunça täze ideýalar emele gelýär ykjamly giriş ewristiki gözleglere sezewar edýar binagärlikde, sungat bilen özara gatnaşyk döreýar-ilki başga çeperçilik awangard bilen.

2.Köpçilikleýin ulanylşy, medeniýetiň başlangyjyny öwrenen, ussatlyk taýdan uýgulaşan we durnukly ornaşan normalar we gymatlyklar esaslandyrýar. Köpçilikleýin ullanyjy elita deňliginde işläp çykarylan ideýalary ullanýar. Bular köpüleç amatlyklary göz öňünde tutup durmuşda barlanan usullary ulanylýar. Bu pursatda ussatçylygyň durnukly derejesi amala aşyrylýar. Elitar derejede döredijilik işleri özbaşdak we aýratynlykly görnüşinde,ikinji derelede bolsa-

bitewilik kontekisti döretmek,öňki tanyş görnüşleri işläp çykarma we standartlary kämileşdirme ornunda alynyp barylýar.

3.Popilistik gatynda binagärleriň işi medeni normalary we olar bilen baglanşykly bolan owadanlyklary düşünmek garaýyşlary bolmadyk adamlara degişli bolýar. (Bular esasanam birinji şäherlileriň nesiline girýär. Indi täze baý adamlara öwrülip,ýöne özlerine degişli medeni gylyklary döretmedik adamlar. Binagär bilen adamlar üçin "anturaj"ýaly zady döredýär,ýöne muňa binagär gatnaşmaýan ýaly. Ol teklipçä gullak edýär, onuň gymmatlyk taýdan düşünjesini binagär makullamaýar, sebäbi ol teklipçpniň teklibini ýerine ýetirmeginiň mejbury.

Bu gatda estetiki gymatlyklar "kiç"görnüşinde ýüze çykýar.Onuň täsiri adamlaryň düşünişi bilen baglanşykly bolan imnitasiýa höküminde garalýar.Bu tarapda binagärlik edil döredijilik ornunda gerek däl.

## 1. XIX asyryň soňky -1924 ýyllaryň binagärligi
## XX asyryň başynda Günbatar Ýewropanyň binagärligi

1919-1924ýyl geçişi wagty uruşdan dynçlyga, progress fazasy we ony soňlaýjy ykdysadiýetiň pese düşmegi. Syýasy we ykdysadyýetiň durnyksyzlygy, soň uruşyň başlamagy.

Senagaty ösen döwletler: Iňilisler, Germaniýa we Fransiýa, Ýewropanyň ahitekturasynyň ösmegine uly goşant goşdylar. Iňilislerde (senagat, sowda, ulag)-90%; Fransiýada-57% işçi güýjine ýeten ilatyň sany.

Bu döwürde-de arhitektorlaryň pikirleri iki taraplaýyn, ýagny gelejege garaýyş we köne arhitekturaň ugry bilen sepleşikli bolupdyr. Şäherleri dikeltmede köplenç köne görnüşleri göz öňünde tutulypdyr. Territorial meýilleşdiriş işlerini geçirmede we ýaşaýyş jaý gurluşygyny ösdürmede döwlet esasy orny tutýar. Täze şäher-baglar, senagaty uly şäherleriň daşyna çykarmak, oba ýerleriniň landşaftyny saklamak we ullanmak edil dynç alyş ýerleri hökmünde.

Welwin şäher-baglar, köplenç şäherleri we oba ýerlerini amatly ullanmak üçin umumy meýilnama esasynda ýola goýulýar.

**Territorial taslamasyny** Günbatar ýurtlaryň hemmesinde durmuşa geçirilýär. Pariž etrabyny meýilleşdirmek (Sena departamenti), Zynder-Zeýe (Gollandiýa), Ponti batgalygyny (Italiýa).

Şäherleri meýilnama esasynda ösmegini ýola goýulýar. (Amsterdam şäheri).

**Eksperimental işleri** esasan ýaşaýyş jaý gurnamaga degişli bolup, tipli binalary, konstruksiýanyň sistemalary düzülýär.

Günbatar Ýewropa ýurtlary: Iňlislerde, Fransiýa, Germaniýa, Italiýa, Skandinawiýa, ýurtlary girýär.

XIX asyryň soňynda we XX asyryň başynda jemgyýetçilik durmuşynda, önümçilikde täze-täze görnüşler ýüze çykýar: senagat, demir ýol, gara ýollar, energetika. Bular arhitekturaň we şähergurluşygyň ösmegine uly täsir edýär. Eýýam XIX asyryň ahyrynda köne taryhy stillere ýöňkeme kem-kemden galýar. Bu döwürde hemme Ýewropada eklektika stili ýaýraýar.

XX asyryň başynda Parižda bolan sergi (1900ý.). Ýewropa arhitekturasyna doly baha berip täze arhitektura döwriniň başlangyjyny yglan edýär (Gaaga ş. gurulan dünýä köşgi 1913ý.).

Günbatar Ýewropanyň arhitekturasynyň taryhyny XX asyryň birinji ýarymy şeýle bölünýär: başlangyç 1900-1924ý.ý.; 1924-1933ý.ý. täze arhitekturaň durmuşa geliş döwri; 1933-1940ý.ý. urşuň öň ýanyndaky döwür; 1941-1950ý.ý. uruş wagty we uruşdan soňky şäherleri we obalary dikeltmek döwri.

Egerde hemme köne jaýlaryň arhitekturasy bir hilli bolsa, XX-nji asyryň başynda bolsa taslamalaryň üýtgeşikligi jaýlaryň aýry-aýry funksiýalary bilen baglanyşykly bolan dürli-dürli jaýlaryň taslamalary işläp çykarylýar: “Kitaphana”, “Ratuşi”, “Mekdepler”, “Keselhanalar” we ş. m.

Täze stil gözlegine köp nukdaý nazar salynýar. Sosial islegleri we duýgulary ýüze çykýar. Bu ýagdaý arhitekturada modern stili durmuşa has bahym uýgunlaýar.

## Demir konstruksiýany ullanmak we jaýlaryň binagärçiligi

- Çoýundan we demirden konstruksiýalar (fabrikler, zawodlar, köpüriler we başgalar.);
- Demirden we aýnadan gurulan sergi zallary, wokzallar, magazinlar, uniwermaglar.
- Polat konstruksiýaly binalar (köpüriler, sergi zallary we başgalar.)
- Demitbeton binagärçiliginiň ýüze çykmagy.

Ýewropada XVIII a. soňuna çenli daş, kerpiç we agaç esasy gurluşyk materiýallary bolupdyrlar. Diwary daşdan we örtügi hem arkadan, suwalan we gümbezden. Roman arhitekturasynda, soň renessansda esasanda munyň ýaly konstruksiýany ullanylypdyr. Gotika arhitehturasynda bolsa konstruksiýa ýeňillenýär–diwarlarda uly penjireler, içki galy sütünlerinde köp aryk deşikler daşdan konstruksiýaly karkaslar emele gelýär, kastellarda we başga ybadathanalarda.

1801 ý. Londonda demirden köpriniň taslamasyny düzýärler. (152m. uzynlygy, 20m. giň.). XVa. ikinji ýarymynda içi boş çoýundan guýulan sütünleri kagyz çykarýan zawodda ulanylýar. Şondan soň ramaly konstruksiýalar senagat binalarynda ulanylýar. Demirden ýasalan sütünli pürsli konstruksiýalar.

Uly meýdanly sergi zallarynda, muzeýlerde köplenç demir–aýnaly konstruksiýa bolýar, Parižiň Orlean galereýasynda (1935ý. ýykylan), Londonyň Hrustal köşginde (1936ý. ýangyn ýok edýär), Kitaphanalarda (Britan muzeýi).

Londonyň Gaýd parkyndaky sergi bina 20.09.1850ý. başlanyp 14.01.1851ý. tamam bolýar (arh. J.Pakston). Onyň meýdany 71 885 $m^2$. (Mysal: Sobor Sw. Pawlyň 5100$m^2$ meýdanly 35 ýylda gurulan, diwarynyň galyňlygy 4,3 m). HK-20,3 sm. Köşgiň uzynlygy 564 m., beýikligi 19,5 m. (ortasy), giňligi–31.7 m. (swod).

Londonyň King Kross demirýol wokzaly (arh. L.Kýubit, 1852ý.).

Polatdan binalar, dünýä sergisinde Parižde ulag galereýasynda gurulan diň–başnýa Gustaw Eýfeliň–312,6 m. beýikligi. B u indi ýekebir inžener binasy bolman eýsem iň bir çeperçilik döredijilik işi diýip hasaplanýar.

## XX a. başynda täze arhitekturanyň esaslary

- Günbatar Ýewropada täze arhitekturaň döremeginiň sebäpleri;
- Täze stiller we täze arhitekturanyň kriteriýasy.

Günbatara Ýewropada (GÝ) XX-nji asyryň başynda täze arhitektura jemgyýetiň we tehnikanyň özgerişlerini öz içine alýar we aýratyn görnüşli ösýär. Arhitekturanyň ösmeginde häzirki zaman durmuşyň şertlerini hem-de geçmişden gelýän tejribe täsirlerini iki taraplaýyn öz içine alyp täze stiliň döremegine sezewar bolýar. Her bir uly döwür öz-özine miras goýýar özbaşdak stilli.

- Arhitekturanyň görnüşi özüniň funksiýasyna deň gelmeli.
- Modern stili, eger-de şu wagt durnukly düýplendirmesede, ondada ol täze arhitekturanyň döremeginde uly ähmiýeti bar.
- Stiliň düzülmeginde ýönekeý görnüşini köne ornamentalmotiwleriň galdyrylmagynda amatly boldy.
- Binagärlikde täze materiallary we konstruksiýany (demir, demirbeton, aýna, alýumin) ullanylmagynda gurluşyga täze metodlar we uly konstruktiw sistemalary giziriIdi.
- Sosial tarapdan mätäçlikleri kanagatlandyrmakda gurluşygyň uly peýdasy boldy. Bularyň hemmesi diýen ýaly durmuş binagärçiligini düzmäne täsir etdiler.

Esasy mesele arhitektura edil sungat hökmünde garalanda jaýlar özbaşdak sypatly, özgörkli bolanda-da, eýsem özleriniň funksiýasyna we konstruktiw çözlüşlerine degişlidiklerine unutmaly däldiris.

## E Gowardyň "Şaher-bag" we Toni Garnýaniň senagat- şäher" konspeksiýasy

Şäher-bag ideýasy iň ilki E. Goward öz kitapynda yglan etdi: "Ertirki gün. Hakyky özgörüşe paýhasly ädim" 1898 ý. çykan. Kitabyň esasy maksady halky uly bolan şäherlere daşyndan adamlaryň az gelmegine we onuň nähili etmeli ýoluny görkezmek.

Şol döwürde iki şäher salynýar: 1800ga, 32000 ilatly. Zeçwort we Welwin. Umumy meýdanda şäheriň ýeri 600ga, 1200ga gök guşagyň.

Bu ideýa soň hemme Günbatar Ýewropa ýaýraýar. Esasanam Germaniýada uly işler geçirilýär (Helberan, Alton, Perlan şäherleri).

**Toni Garnýanyň "Senagat-şäher"** taslamasy hem şähergurluşyk taryhynda uly orny bar, bu dünýäde birinji şäheri meýilleşdirmede onuň öňünden taslamany işläp çykarmak. "Şäheriň meýilleşdiriş we jaý toplumlaryny düzmek" dersini durmuşa geçirip başlaýar. Takmynan taslamada geljek şäheriň hemme jaýlaryny, köçelerini, senagatyň ýerleşişini şäher merkezini; demir ýol wokzalyny çyzgyda

görkezýär. Taslamanyň köp bölümleri doly işläp çykarypdyr. Taslamanyň özi bolsa 1917 ýylda çap edilipdir.

Şäheriň meýilnamasynda esasan hen doly işläp çykarylypdyr: ýaşaýyş jaýlat, jemgiýetçilik binagär, olaryň binagärçiligini oňat bolmagyna uly üns berýär.

Utopiki sosializmiň konsepsiýasy bilen bagly bolan XIX asyryň birnäçe sosial utopiýalaryny iňlis Ebenizer Gowardyň işi jemledi. Onuň üstünliginiň syry utopiki ideýalaryň, praktiki teklipleriň eklektiki dälde, mehaniki birleşdirip, onuň faktlaryny analiz etmeklige esaslanandyr. Onuň ideýalaryny aýdylýardy, ýöne subut edilmeýärdi. Ýönekeý shemalar görnüşinde olaryň getirilmegi ýüzleý kabul etmeklige oňaýly ýalydy. Goward üçin jemgyýet tarapynda döredilýan sosial gatnaşyklaryň arasynda göni baglanşyk bar diýilýän pikirdi. Gurşawyň ýüzelenmegi jemgyýetiňem üýtgemegine alyp barmalydyr. Gowardyň döwri üçin onuň pikiriçe siwilizasiýanyň esasy ýetmezçiligi ägirt uly şäherler bilen olaryň gurşawlary adamy tebigatdan bölüp aýyrmak bilen sosial kontrastlaryň bir ýere ýygnanmagydyr. Anarhist Kropotkiniň yz ýany bilen adam “kiçi masştabda jemgyýeti has indiwidual we sosialistik etmek mümkin” diýip hasaplaýardyr. Onuň üçin alternatiwa bolup kooperatiw siwilizasiýa görünýärdi, munda kiçi jemgyýet birleşmeleri merkezleşdirlen däl jemgyýetleri emele getirýärdi. Esasy öýjük bolup 30 müň adamdan ybarat bolup jemgyýet teklip edilýärdi, onuň ykdysady esasy bolup senagat önümçiliginiň oba hojalygy bilen birleşmesi getirilýärdi. Goward ony şäher-bag diýip atlandyrdy. Ol öz teklip edýän ulgamynda sosial meseleleri kooperatiw hereketiň kömegi bilen çözüp bolar diýip hasaplaýardy, arasynda deňagramçylyk emele gelen diýip hasaplaýardy. Şäher-bag obanyň we şäheriň fiziki we sosial artykmaçlyklaryny birleşdirmelidi, onuň döredilmegi üçin bolsa diňe bir akylly-huşly meýilleşdirmek gerekdi, ol bolsa jemgyýetiň parahatçylyk ýaly bilen ütgemegini üpjün etmelidi. Öz modelini Goward çyzgy-diagarammalarda getirip görkezdi. Şäher-bag, onuň golaýynda bolan fermalaryň we tokaýlaryň arasynda edilip görkezýärdi. Ulgam birnäçe topar şäherlerden ybarat bolup, olar merkeziň töwereginde birleşýärdi, ( onuň adam sany–50müňe çenli). Her bir ilaty punktlaryň ahyrky araçäklendirmesi bardy, ösüş talaplary topardaky şäherçeleriň sanynyň kemelmeginiň hasabyna çözülýärdi. Olaryň arasyndaky oňaýly aragatnaşyk toparyň ýasaýjylary üçin kiçi we uly şäherleriň artykmaçlyklaryny birleşdirýärdi. Şol sebäpli täze ulgamlar öz sagdyn gurşawyna köne merkezleriň artykmaç ilataryny öz sagdyn tarapyna çekip başlar. Gowardyň gaty berk geometriki shemalary onuň abstrakt uniwersallygy hem-de onuň ýönekeýje sinwolizm taýdan ulag formalarynyň anyk geometriýasyna çalymdaşlygy bilen kesgitlenýärdi.

Şäher-bag XIX asyryň iň soňky sosialistik utopiýasy bolup galdy. Amala aşyrmaklyk synanyşyklary basym çöküp galan beýleki utopiýakardan tapawutlylykda “şäher-bag” konsepsiýasy halkara şäher gurluşyk praktikasynyň başlangyna öwrüldi, aýratynam aktiw derejede Angliýada we ABŞ-da Gowardyň konspeksiýasyna laýyklykda Londanyň golaýyndaky Leçwort (1903ý. başlap) birnji şäher-bag boldy. Onuň general meýilnamasyny B.Parker we P.Enwin işläp düzdiler. Gowardyň umumy prinsiplerinden ugyr alyp, olar ony iňlis žiwopisiniň däplerine laýyklykda kiçi ilatly punktlar üçin döretdiler. Ýöne ykdysady taýdan

bedenini döretmek praktiki taýdan mümkin däl ekeni. Onuň bilen bilelikde onat abadanlaşdyrylyp gurlan şäher kotežleri diňe orta klas üçin elýeter bolup, zawod işçilerine elýyter däl bolupdyr.

R.Enwin şäher-bag prinsipini ulanmak bilen uly şäheriň eteginde abadanlaşdyrylan şäher-etek ýaşaýyş ilatly punktlaryň meselerini çözmäge synanyşyk edipdi, bu bolsa öz nobatynda awtonomlyk we içki deňagralylyk ýaly funksional toplum meselelerini aradan aýyrmalydy. 1903ý. ol Hempsted meýlnamasyny döretdi, Londanyň şäher-etek bagyny edil suratdaky ýaly sagdyn gurşaw we şäher merkezi bilen gowy aragatnaşyk "orta klas" degişli bolan maşgalalaryň ünsüne çekýärdi. Önümçilik, sowda, medeni funksiýalar ösmän galypdy. Şäher-etek uly jaýy emele gelýärdi. Edil şu model hakykatda öwrüldi we çalt depginde. Hempstetde amala aşyryldy we köp ýurtlarda şäherleriň tebigy suburbanizasiýa prosesleri netijesinde uly öäheriň territoriýalarynyň ýaýrap giňeltmek meselerini çözmegiň formasy hökmünde duňden ýaýrady.

"Şäher-etek ýatylýan ýer" tipine Russiýa tejribesi hökmünde Prozorowka (häzirki Kratowo) Moskwa-Kazan demirýolunuň ugrundaky bu ilaty punkt hyzmat edýär. Onuň meýilnamasyny, üç sany alleýalaryň stansiýadan dargaýan şäherleriniň, ugruna dargaýan görnüşde edip, 1912ý. W.N.Semnow düzüpdi. "Şäher-etek uky dynç jaýy" meýilnamasyny Gowardyň başlangyçlarynyň esasy ideýalaryny özünde saklap bilmediler. Ýöne şäher-bag ideýasy öwrüldi, käbir onuň döredýän sosial bu ideýanyň giň ýaýramagyny üpjün edýärdi. Bu her dürli mazmunly ideologiki esaslandyrma üçin s erişde bolup hyzmat edýärdi. gönükdirilýärdi.





**Inžener Wiktor Konsideran**
**"Falanster" ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaý kompleksi**




Школа
застройки


Стадион
Городские учреждения
Зона отдыха
Вокзал
Спортивные поля
Футбольный стадион
Школа
Зона отдыха
Муниципалитет


Сельскохозяйственная школа
Новые посадки
Детские дома
Фруктовые сады
Вокзал





**Ž.B.Goden**
**"Flanster" ýaşaýyş we jemgyýetçilik jaý kompleksi**

## T.Garniýe. “Şenagat şäher” ideýasy

Edil bir pursatda “şäher-bag” taslamasynda “senagat-şäheriň” ideýasy ýüze çykýar. T.Garniýe (Fransuz) 1901 ýylda “şäher-senagat” taslamanyň eskizini döretdi we ony 1904 ý. bolsa taslamak hökmünde işläp çykardy. 35 müň adamly şäher üçin ýörite ýaşaýyş jaýlar, senagat kärhanalary. Jengyýetçilik edaralary, dynç alyş we medeniýet öýleriniň binalaryny. Şäher durmuşy ýeke bir hökmünde göz öňünde tutylypdyr. Bu şähergurluşyk taryhynda birinji şäher, nirede özbaşdan zonalary döredýar (ýaşaýyş, jemgyýetçilik we senagat etraplary). Bu pursatda özbaşdak şähergurluşygyň ýörite dersi “planirowka we zastroýka” dersi emele delýär we taslama girizilip başlanýar.

Senagat meýdançasy başga ýerde-şäherden daşda özbaşdak meýdançada goýulýar. Taslamada şäheriň ösmegi hem göz öňünde tutulýar.

“Senagat-şäher” binagärligi öňde baryjy ideýalary öz içine alýar. Bina gurluşygynda köplenç metal, beton, aýna we başga-da täze gurluşyk materiýallary ullanylýar. Jaýlaryň binagärliginda klassiki formalar, admyň göwnini göterýän derejeli binagärlik formalary,owadan görnüşleri döredilýär.

Şäheriň meýilnamasy edil şäheriň baş meýilnamasy hökmünde işläp çykarylýar. Meýilnama esaslary: sozial we çeperçilik tarapdan täze durmuş gurmak ussullary öňe sürlýär. Maşgala durmuşy, adamlaryň islegleri bir öňde baryjy maksat bolýar.

“Maşyn asyrynyň” sosial ykdysady proseslериniň baş ugry bolup onuň esasy obýekti şäher bolupdyr. Önümçiligiň üstünlikleri we akylyňy haýran ediji döredilen zatlar sosial garşylygy, aradan aýryp bilmeýär. Tekno dünýäniň äpet uly bolup emele gelşi onuň ykdysady bähbitler bilen çylşyrymly aragatnaşyklary dolandyrmagy ertbetleşmegine alyp bardy. Urbanizasiýa prosesleri tebigy betbagytçylyk ýaly bolup owadan utopiýa bolan “şäher-bag” onuň hötdünden gelip bilmeýär. Şeýle howply duýduryşlaryň biri Gerbert Uelsin,“Ukydaky oýnlar” romanydy. Esasy pikir Londan 22 asyrda atly gipotetiki surada baglanşykly bolup, ol äpet megastruktura öwrülip, tehnodünýaniň metastazlary onuň üçinden kesip geçýär. Uelsiň duýdyryp görkezişiniň aňyrsynda çäk ediş howp ätiýaçly sosializimi durýar. Fransuz binagärçisi T.Garnýe (1869-1948ýý.) sosialistleriň has radikal bölegine ýykgyn edip utopiki taslama bilen çykyş etdi. Şäheriň ähli dolandyryş işlerini deňagramly derejede jemgyýet dolandyrýan we oňa önümçilik doly diýlip çaklanylýardy. Garnýanyniň modeli bir tarapdan Gowardyň pikirlerine gabat gelýärdi onuň şäheriniň ululygy 35 müň ýaşaýjy üçin niýetlenendi, gurluşy landşaft ýagdaýyna baglydy, ýaşaýyş jaýlaryň gurluşynda maşgala willalary agdynlyk edýärdi, ýerleşen ýerleri bag hökmünde seredilip içinde hiç hili bölünme ýokdy. Ýöne Garnýe üçin şäher ilki bilen tehniki progresiň ojagy, sosial progresiň şerti bolup, ýokary hünärment zähmediň ýeri hasaplanýardy.

Senagatda zähmet gurluşygyny ulanyp,Garnýe “senagat şäheriň” giňişligini funksional zonalaşdyrmak prinsipine boýun ediripdi. Derýa jülgesinde senagat zonasy ýerleşýär, onuň bilen goňşulykda demirýol düwni we aeroport. Ýapgyt beýiklikde ýaşyl zolagyň aňyrsynda ýaşaýyş zonasy, ondanam ýokarda keselhana

şäherjigi ýerleşýär. Ýaşaýyş zonaň merkezinde jemgyýet merkezi we differensirlenen özara baglanyşykly ulgamy ýerleşýär.

Binagärlikdäki döwrebaplylyk keşbi demirbeton konstruksiýalara ýüzlenmek şol döwür üçin iň täze bolan ugur. Ol döwrüň sözlügi lakonizm maşyn asyryň görüşi, terbiýeleýiş talabyna jogap berýärdi. Ajaýyplyk sungat mekdebiniň däbine görä ortogonal geometriýasy boýunça şäher giňişlikleri bölünýärdi, esasy oklara görä býlünip, ol senagat şäheriniň giňişlikleýin gurluşyk bölünişiniň usuly bilen bölünip tertiplenýärdi. Ine şunda hem Garnýe rasionalizminiň ýüze çykmagynyň sitwoliki meňzeşligini senagat önümçiligiň akyl-huşly guralyşynda görmek ýüze çykýar diýip çaklamak bolýar. Täze “progressiw asyryň” gözleginde bolanlar Garnýe taslamasynda täze ugurlary tapdylar. Ol Parižiň adaty däl meýilnamasynyň gözleginde bolan Ežen Enara we Otta Wagneriň Wena üçin işlerini öz täzirini tapdy. Ýaş Le Korbýuzýe, Liona Garnýe bilen tanyşmak üçin geldi. “Maşyn asyryň” birinji binagärlik utopiýasy Le Korbýuzýeniň tejribelerini hem öz içine aldy. Olaryň üsti bilen Garnýe tarapyndan esaslandyrylan funksional zonalaşdyrmak prinsipi “Afina hartiýasynyň” ugrunageçip binagärlik modernizminiň “mukaddes kitabyna” asyryň ortasynda gitdi. Ol sowet döwrüniň Rossiýa şähergurluşygyna täzir etdi.

Haýsyda bolsa akyl görüjiligi bilen döredilen ideýalar ýaly funksional zonalaşdyrmagy amala aşyrmak kyn, onuň amala aşyrylandaky netijeleri gapma-garşylykly häsiýetde eýe bolan utopiýa üçin binagärligiň täze dilini döretmäge umtylmak tebigydyr. Onuň sintaksisi kanunalayklygy öz içine alyp, tehniki maksusdyr, onuň sözlügi bolsa alamatlara, tehnodünýäniň formalaryna gönükdirilip, dinamiki ösýän siwilizasiýanyň keşbini döretmek üçin çalyşýardy. Ol taýda bolsa medeniýetiň derejesi tehniki ösýän derejesi bilen kesgitlenýärdi. Beýle idealyň amala aşyrylmagy klassikanyň çäginden çykmagy talap edýärdi. Psihologiki barýeriň üstünden geçmegi talap edýärdi. Ol keşbi bolsa asyrlaryň terbiýelenip, ol taryhy we gurşawynda terbiýelenip, ol taryhy we tradisionallyga ýykdym edýärdi. Bu barýer päsgelçilikden Garnýe geçip bimedi. Onuň tehnokratiki pafosyny “sengat şäheriniň” gurluşyş esasyny düzüpdi, ýöne ol kompromiz formalanyň arasynda eräp ýitip gidipdi.




Toni Granýe.Senagat şäher 35 müň adam.
1.-Şäheriň merkezi;
 2-Lukmançylyk edralary;
3-suwerktrostansiýa;
4-Köne şäher;5-Metal öndüriji zawod
6-Aerodrom we awtomobil ýoly;
7-Arassalaýjy kanalizasion stansiýa;
8-Demirýol menzili;
9-port” 10-Mal öldürilýän ýer.

## Modern stili
## Stiliň döremegi we onuň döredijileri

Bryusseliň golaýynda ikkede, özi üçin “Blumentwert” atly aýratyn gurup. Wande Welde Merusiň durmuş döredijilik barlagyny (ekspereimentini) gaýtalady. Ýöne ol zatlary “bolmaklygy” taslamada Marsden tapawutlykda taslady. Ol guýujylyk bilen XX asyr başlarynyň binagärçiligi öňde baryjy üçin umumy prinsipleri bolan taslamanyň usulyna geldi. Ýagny, “içinden-daşyndan” öňi bilen kesgitli netlenen meýdanlaryň arasyndaky baglanşygy belläp we penjireleri hemde gapylary has amatly ýerleşdirdi. Funksional hyýal dogry däl sekiz burçlykda suratlandyrylan adaty bolmadyk meýilnamanyň umumy görnüşini (suduryny) talap etdi, ýola ugrukdyrylan taraplar, üç sany bilen tamamlanýar. Onuň takyk simmetrik tersine, gapdal taraplary (granlary) asimmetrik we durmuş döredijiliginiň senariýasyny şöhlendirýän. Interýer iki ýagtylykly howlyň daşynda gurnalan. Girelgedäki nagyşly gözenegiň başga dekaratiw elementleri ýok. Ýöne hemme zat umumy stenariýa laýyk getirilen bitewligi doldurmak üçin Wande Welde aýaly üçin we özi üçin geýim-eşikleriň reňkleri kompozisiýasy bilen meşgulanypdyr.

Morrisiň arzuwy durmuşa işjeň öwrüljek maşgala, onuň üstünden tutuş jemgyýete döredijilige ugrukdyrylan. Morrsiň ideasyna yhlaslygyna (wepalygyny) bellemek bilen Wande Welde “sungaty arassalanşy” makalasynda Morriň özüniň hemme çeper döredijiligini sosialistik ideallaryň hyzmatyna kabul edipdir. Ol sosializmi saýlap alypdyr. Onuň pikirine görä oňa düşünşi boýunça diňe sosializm sungatyň täzeden dikeltmegine kömek edip biler. Ýöne jahana şeýle usulda getiriljek bagtyň bahasy rewolýusiýa. Sosializm baradaky ideýa sosial demoksat Wande Welde hem arzuwdy. Ýöne rewolýusiýasyny ol ölçegsiz baha diýip hasaplaýardy. Şonuň üçin ol ketgitsiz geljege degişli jemgyýet ideýaly bilen suratçynyň takyk döredijiliginiň arasynda bölüji çyzgy geçirildi.

Morriň sungat müdümilik, ýöne yzyna gaýtaryp bermeli, ony Wande Welde üýtgedip täze çeper çözgütler bilen dowan etmeli dinamiki proses görnüşde görüpdir. Sungaty üýtgetmek üçin sosializmiň döremegine garaşmaly däl. Sungat özüniň hususy ýolyna ýöretmeli. Gurşawyň üýtgrmegi we özi boýunça adamlara mynasyp geljege dolaýlaşdyrypdy. Estetiki utopiýanyň beýleki görnüşdäki wersiýasyny Wiktor pota işläp taýýarlady. Ol hem Wande Welde ýaly işçi partyýasy bilen baglanşykly intelekuollaryň toparyna girýärdi. Ýöne onuň utopiýasy, gortopiýasy we simbiozy baradaky arzuwdy. Ol Marksist nazaryýeti barada pikir etmezden, biz gyzyllar bolypdyr diýip ýazýar. Onuň maksady, täze garmonibil jemgyýeti simwoliki habar berjisi höküminde stildi onda sungat. Orta özüniň dostlarynyň arasynda buýrugy üpjün etdi. Jaý, Brýussel üçin däp bolşy ýaly inçe çuň bölek ýerde (uçastokda) ýol gurluşyk ugrunda guruldy. Onuň gurluşy (strukturasy) howlyň giňişlikde assimmetriň ýerleşdirilşine we heýkeltaraşlyk bilen ýasalan basgançaklar boýunça edýär.

Açyk metaldan ýasalan karkas, konstruktiw nagyşly ulgamyň esasy boldy. Onuň maýyşgak özülen çyzywlary diwaryň iki ölçegli surat dekory ýaly öwrülendi, polyň mozaikasy bolsa metaliki nagyşlaryň üç ölçegli. Olar bilim gurluş (konstruksiýa) gülleýärdi”. Metaldan ýasalan diregler agaç ýaly şahalara

bölünýär. Olarda gaýdýan konsollar balkalaryň diregi bolup hyzmat edýär. Ýöne, üçölçege nagyşlaryň ritmine hem girýär soňkynyň dinamiki çyzyklaryň içinde “uzyn gamgynyň urgusy” gaňyrjak görnüşli şekil, ortanyň belgisi hököminde boldy.

Ortanyň floral motiwleri tebigy görnüşiň stilleşdirmesi bolman. Özüşiň we hereketiň abstragirlenen kanunalaýyklyk barynyň şöhlelenmesi boldy. Ol olar bilim käbir kesgitli duýgulary duýujylyk nazaryýetine, jansyz predmetlere emosiýanyň döremegine esaslanyp aýyrmaga ymtyldy. Onuň ideýalaryny, 1890-njy ýylda germaniýanyň estetiki Teodor gipps ösdürdi. Ortanyň nagyşly görnüşleriniň çeşmeleriniň (gözbaşynyň) arasynda awstriýanyň toneta firmasynyň egredilen agaç mebelleriniň we 1890-njy ýyllarda giň ýaýran we moda bolan nagyşly–gurluş ulgamyny gutarnykly ýagdaýda. Niýeti, açyk metaldan ýasalan gurluş häsiýetlendirýär ( onda gurşaw jemgyýet ýaýylan ýoly kabul edilýär ) we kabul edişlikde hemme şertleri görmeklik mümkinçilik berýär, aýna panelleriň yzygiderliginiň giňişlikde çäklendirmekden ybarat. Ýöne tutularyň kömegi bilen olary bolýan Wan Etwede jaýynyň ýadrosy-sekizgramly iki derejeli gyş bagy,aýna gümmezindeb altyn çaýylan örän inçe şahalanýan diregleriň göterýän durýan. Gurluşdan (konstruksiýadan) bolünmeýän nagyşlar tekizligi gurmak üçin taslamasy erkana geçirilýar we bitewi intineriň eke-täk kesgitleýär. Açyk metaldan ýasalan karkas köçe fasadyny ýüzýyllygyň irki asyrky diwar şekillerini görkezýär.

Brýusseldäki halk öňündäki işinde işçi partyýanyň hereketli işi üçin kooperatiwleriň serişdelerine gurlan orta has yzygiderli bina, işçileriň kärhanasy bilen we tehniki progresi ösüş aralygynda şerrtnama esasyndaky ylalaşýan simwoly ýoly aýlanan. Bu maksat üçin otra, ýeňil metaldan ýasalan karkasly we aýna diwarly dury göwrümi saýlap aldy. Ol bu ýerde Wolle “metaliki gotik” pirinsipini yzygiderli ösdürdi. Uçastoklaryň görnüşini aňladyp göýberýän göwrümiň çylşyrymlygy, şöhle öwüşginiň oýnyny öýjükdirdi we aýna diwarynyň şöhlelenmesini dörediji gata 1500 orunlyk maslahat zaly metalliki karkas interýerine açylan nagyşly gurluşa adaty ýagdaýda geçýär.

Seresaplyk refosmizm üçin “çeperden” tankytlaýan zähmetçileriň partyýasynyň sosial utopiýasy, suratçylaryň we olaryň müşderleriniň yhlaslaryny az wagtlap birikdirip, estetiki utopiýa gýüçli itergi berdi. Modern stilini ýagty ýalpyldysy onyň netijesi boldy. Onda estetiki utopiýa sosial utopiki ideýa tarapyndan aýrylmazdan hem osüp başlady.

Şol döwrüň köpçilikleýin düşünilmesinde kabul edilen. Ýewropada stiliň ýaramaz oýandyrýan estetizm boldy.

Demirbeton konstruksiýasy estetiki ideasyny durmuşa ornaşdurmaly we ilkinji binasy Pariždäki jaýy boldy. Demirbeton karkasy onuň gurluşy esasyny emele getirdi.

Karkasyň hemme elementleri görkezilen. Ýöne keramiki plitar bilen örtülen. Karkas gurluşy bilen erkin meýilnama üpjin edilen. Ol ýerde otag giňişleýin bütewi ulgama birikdirilen. Fasadyň tekizlikligi ýeňilip geçilen. Karkasyň herbir aralygy özüniň tekizligi bilen tamamlanan. Şeýle bina gotiki dikligi we plastikligi berdi karkasy doldurýan paneller, fasaddaky işjeň işlemeýän hemme tekizligi

doldurýan Arnuwo stilindäki (floral ösümlikler) häsiýetli nagyş bilen örtülen. Şonuň bilen birlikde göwrüm gurlanda klassiki däbi häsýetli täsiri duýukýar. Milli mentalitet üçin estetizlenen ýasionalizm döredi.

Modern staliniň Belgiýa Fransuz wersiýasy ýewropa çeperçilik medeniýetiniň “turşamagyny” başlangyjyny goýdy. Onda metalitet, gidip barýar romantizm we “durmuşyň pelsepesi” bilen taýýarlandy. Brýussel, her bir ýurtda spesifki (öz boluşly) milli waryanty bolan modern tendensiýasynyň ýaramagynyň ilkinji merkezi boldy. Brýussel bilen bir hatarda ýene-de şeýle merkezleriň ikinji bölündi. Wena we Glazgo olaryň täsir edýän bölümleri umumy suratyň çylşyrymlylygyny çuňlaşdyryp iki taraplaýyn üst-üstine goýuldy. O.Perre has soňky işlerinde moderni neoklassisizm bilen açyk we maksatlaýyn ýabanlaşdyrdy pontýe köçesindäki garaž, saklanmadyk teatryň westibulnyň meýdany we interýeri 1911-1913ýý. Demirbeton neoklassisizmi ýigriminji ýyllarda arassa görnüşe çenli (parižiň aşagynda motrdam ybadathanasy 1922-1924ýý.) geçýär.

G.R. Makintoş we Glazgo mekdebi britan imperiýasynyň ikinji şäheri bolan şotland senagatyň gämigurluşyk we kommunikasiýanyň has ösýän merkeziniň gurşawynda binagärligiň we dekonsatiw sungatyň özüniň mekdebini döretdi. Şäheriň çeperçilik gurşawy sungatyň we şäheriň hereketi däbine özüniň estetizlenen ýaşaýyş gurluşyny we uaýediň dekagentliligine gapma-garşy goýdy. Onyň materialy rafikal promoderine şotland däbi we ýapan sungatynyň şekiliniň ütgeşigi boldy. Ugruň ýadrosun boldy Çarez Renni Makintoşyň (1868-1928ýý) baştutanlygynda “Glazgodan dörtler” (Ç.R.Makintoş, H.Mak Neýir we F.Makdonal) topary täze. Toparyň maksady durmuşy düpgöter üýtgedýän estetizasiýa döredijiligiň predmet:-simwolerini manysyny döterýän, ondaky kompleksde (toplumda) interýeri bolan gurşaw boldy. Topar özüniň işini ruhy we mistiki düzüm bilen bolduryp maksada laýyklykda çiginden çykmaklyga ymtyldy.

Sosial programitizmdn bizar bolan Brýusell ýaşaýjylardan olary gurşap alýan dualistiki gymmatlyklar baradaky we onyň diliniň görnüşiniň göz öňüne getirmesi tapawutlandyrýardy. Haçanda orta özüniň dematerializlenen interýeriniň seriýasyny başlanda, binagärligiň zerur buli hökmünde massiwlilik barada Makintoş şeýle ýazýar. “Demir we aýra-iki sany döwrebap materiallar ýokary derejede köp maksat üçin gabat gelýän hem bolsa, hiç haçan daşyň mynasyp ornuny tutup bilmez şu ýetmezçiliginde agramyň ýoklygy”. Simwollaryň dilini işläp taýýarlamakda Makintoş N.G.Ýunganyň ideýasyna daş goýmalaryny tegeleklenen we takyk gyraňlanan jisimliligi we ruhylygy amala aşyrmaklyk ýaly görnüşde goýmak bilen ýüztutdy. Keseçyzyk we beýle ortogonal şekilde birikdirmede metallaryň emossional esasyny guruldy. Dekor ulgamyna girizilen şekillerde nagyşyň çyzyklaryna sesleme aldylar we olaryň üsti bilen konstruktiw elemntleri formalaryny birikdirdiler.

Makintoş geljegiň nusgasyna direnip, taýýar motiwleri ulanmady, ýöne yşaraty we birleşdrimekligi gözledi. Nusgalara sagylanmaklyk köplenç grotesk ardy. Bitewlik we gapma-garşylyklaryň deňagramlygyndan döwrebaplylyk we dýplilik gaýratlylyk mylakatlylyk, ýagtylyk we garaňkylyk, duýujylyk ahlaklylyk” jemlenýär. Köpri modern ramkasyndan çykýardy. Postmodernizmiň sypjyk iki manylylygyna öňünde, bilmeklik bilen.

Onda XX a. onýyllygyň ýaşmasy bellenen şeýle “döwrebapsyzlyk” Makintoşyň döwrebaplylary tarapyndan kabul etmezlik bolupdy. Onuň toparynyň basyp ýykylmagy we onuň işjeň sungatdan ir gaýtmasy boldy.

Londondaky sergide şowsyzlykdan soň göreldeli dowam etdi ýöne, “Şotland otagy” ajaýyp üstünlik getiren 1906-njy ýylda Wenadaky sergide dagynyk bolan topar görkezdi. Özboluşlylyk, grotesk stiliniň bitewligi çeperçilik diliniň simwolizmi, onda floral görnüşi we duýujylyk bilen esaslanan abstrakt formalar edijiligi adaty birleşdirilen. Şotlandlar bilen kontakt (galtaşma) Wena mekdebi üçin özgeriş boldy. Olaryň täsiri bütin kontinental Ýewropa ýaýrady.

Makintoşyň binagärlik sungatynda esasy eseri Glazgodaky sungat mekdebiniň binasy bolde. Bina, Makintoş tarapyndan öňe sürlen kriteriýa jogap berýärdi. Getirlen garmoniki (sazlaşykly) sintezdäki gapma-garşylyklar binanyň dartgynlylyk obraznynyň üstüni-däpliligi we döwrebaplylygy, gözelligi we tejribede ähmiýetliligi milliligi we halkaralylygy doldurýar. Birden garaldylan göwrüm kese eňňide kesilip oturdylan.

Onuň assimetriýas - relýefiň dinamiklyk jogap berýär. Maksadalaýyklylga gabat getirip ýerleşdirilen penjire ýeri asketiki fasadlaryň kompozisiýasyny kesgitleýär. Materiallar gödeklik bilen ulanylypdyr. Relýefe düşýänligi ugrukdyrylan günbatar fasada, kitaphananyň üç sany jebis süýşürlen erkerleriniň dikliligi göwrümüň dinamikasyny güýçli togtadýar. Esasy inžener–kitaphana. Ol galereýany alyp barýan çişirlen tektoniki agaç konstruksiýaly giňişligi işeňňirlik bilen üns berilmegi arkaly esaslandyrylan. Görnüşi berk ortogonallygy bu interýeriň tygşytly tertiplilik tonuny berýär. Glazgonyň daş töweregindäki klimakolmdaky uindihill (1900-1901) we relensborodaky Hill Hauz (1902-1903) Makintoşyň oba gurluşygy “içinden–daşyna” usulynda döredilen. Onda göwrümiň gurluşy, içki giňişligiň ulgamynyň guramaçylygyna gatnaşygynda ilkinji bolup durýar. Az sözli birden goraldylar “Şotland baronlaryň binagärliginiň” däbini meňzeşligi göterýän, ýagny gaty öwrümli üstki örtügi tekiz atagzy, kuwwatly turbalar, silenler şekilli burly başnýalar. Ýöne inženerler giňişligiň erkin dinamiki guramaçylygyna getirlen onuň görnüşi (formasy), nagyşy ikiölçegli tygşytly göterýän giňişligiň gönüburçlygyna esaslanandyrýar.

Awstro–Wengriýada “sesinona stili”. Wena diňe bir pikiri. Öňdürüji merlaz bolman, eýsem duşuşyklaryň, dürli ugurlaryň ýeri bolypdy. Döredijiligiň öňe baryjylarynyň fony boldy. Şu ýerde, Ýewropada iň uly angažirlenen konserwatiw binagärligi bolan Ringştrassdaky Potemkin şäheriniň monumental göwrümi. Bu maddylaşdyrlan ideologiýany basyşy alternatiwanyň gözlegini oýardy. Jedeleşikli çekişmede diňe bir aýratyn medeniýetden çetleşmeklige dälde şeýle hem buržuaz rasionalizmden we buržuaz etibasyndan ymtylýan täze estetiki medenýet ýygnandy.

Onuň bir bölegi sungat öwreniş ylymlarynyň Wenanyň mekdebi boldy. Onuň lideri Aloiz Rigl (1859-1905) G.Jemperiň hakykata esaslanýan estetikasy bilen jedelleşip, materiallary we tehnikany ulanmaklygyň binagärlikde özüne tejribe boýun egdirýär, sungatyň işjeň ruhunyň başlangyjy bolan “suratçylyk erkinligi” baradaky pikiri öňe sürdi. Oňa, suratçylyk medeniýetiniň ösüşi kanuny tarapyndan dünýä obýektiw garaýyşdan subýektiw garaýyşa hereket göründi.

Wenanyň has täsir edip biljek binagärlik mekdebi – Otto koloman wagner boldy. Jemgiýetiň ýokarsyna degişli bolup ol, eklektiki “Wena renesanyň” ussasy ýaly başlady.

Şäher demir ýollarynyň duralgalaryň üstündäki işleri onuň üçin özgeriş boldy we ony täze düpgöter çözgütleriň zerurlygynyň öňünde duruzdy. Taryhy şäheriň merkezindäki karlsplats” muňa hasiýeti agdyklyk edýär. Göniçyzykly we egriçyzykly elementleriň utgaşygy bolan ýuka metalliki karkas gurluşy kesgitledi. Ol triumwal derwezäniň mowzugyna çalymdaşlygy emele getirdi karkas, surat bilen floral nagyş edilen mermer paneli arkaly doldurlan. Şäher demir ýolunyň taslamasyna düşündirişden wagneriň “döwrebap binagärligi” atly belli kitaby döredi. Onda, ol sosial progresiň we tilsimatyň adekwat talabyna bolan geçmişiň stiline dakylly bolmadyk konsepsiýanyň beýan etdi Awtoryň başlangyç pozisiýasy – “şu gün hakyky gözellik diýip baha bermeklik diňe döwrebaplylyk bolup biler, her bir suratçylyk epohasy (döwri) has irkilerde inkär edip, gözelligiň beýleki ideýalynyň öňünde boýun egdirýärdiler”. Sungatyň geçýän ýolunyň şeýle bir aýlawlydygynyň “haýsyda bolsa bir täzeden döremekligiň täzeden barada gürrüň etmeli bolup her bilmekligini aýratyn belleýär netijede – haýsy hem bolsa taryhy stiliň ulanylmagyna ýol berilmeýär.

Wagt stilini barmaklyk, emelegelýän öňde baryjy üçin merkez bolan diňe bir Wenanyň däl-de bütin merkezi Ýewropanyň çekiş merkezi ýerine tutdy. Ýöne bu mekdebiň gatlaklara ýagnydionisiýa “witalizmine we atpolan” tertipligine ymtylma stili başlady. “Seserrionyň” yzyndan täze ugryň suratçylarynyň birleşiginiň tarapynda 1894-nji ýylda suratçy G.Klimtonyň baştutanlygynda “Wena sesioçiony” döredi agzalarynyň içinde O.Wagneriň okuwçylary Ýozet Mariýa .Ol (1867-1908 we Ýozef Hoffman (1870-1996) bardylar. Birleşme, dürli sungatyň we dürli ýurtlaryň wekilleriň mekezi boldy. Birleşmä Wagner hem geldi, soňky nazary manifesti bolup, sessionizme birleşmesiniň şöhratlanmasy wensaýldaky girdeýji getiren alty gatly jaý boldy (1899). Binanyň bu görnüşi täze stili üçin uly ýowuz mesele boldy. Onuň ýaçeýkaly gurluşy obýektiň organiki bütewligine gapma-garşylyk görkezdi we olaryň görnüşiniň köpbasgançaklylygy boýun egmekligine. Ony modern stili talap etdi. Wagner gapma-garşylygy kompozisiýa prinsipine öwürdi. Jaýyň gurluşy (ýeke täk) meňzeş ädim giňişligine getirilen. Ol beýik penjireleriň deňöçegliligini kesgitledi. Fasadyň bu esasyna bütewi floral motiwli glazur faýans plitalary bilen ýerine ýetirilen nagyşly kompozisiýa goýlan. Dekoryň yzy dowaryň penjire bilen perforasiýasynda iki sany dürli atly shemalar. Içki kanunalaýyklyga jogap berýär, peýdaly gurnamak alnan birleşmede irrasion bitewligini berdi. Birleşleýin iki manylyk “Maýolika Hauz” adynda suratlandyryldy. Model şöhrat aldy we şeýle prinsip boýunça Wenada birnäçe fasadlar döredi.

Ýöne “Sessesionada” dionisiýa we apollon başlangyçlyklary aňlatmanyň we bölmekligiň arassa (takyk) bolmagyna ymtylynypdyr. Birinji birleşmäniň hereket etmesiniň 1900-nji ýyla çenli ol ýerde ýolbaşçylyk edipdir. Onuň döredijiliginde öz–özünden bolýan erkinlik edipdir. Öz boluşly psihiki ýagdaýy, belläp alýan ýaşaýşyň awtomatiki ýaly. Ol berihin poetikasy, materializmiň tersine gapma – garşy goýlan, idealizmiň antipozitiw reaksiýasynyň aňlatmasy boldy. Ýöne onuň

işinde gapma–garşylygyň dartgynlygy, emosiýanyň erkin kriptogrammasy bilen simwoliki formanyň üsti arkaly kommunikasiýanyň gözleginiň dikeltmeginiň arasynda göz öňünde duýulmagyna galdy. Bu dartgynlyk Splitselriň we Berliň (1899) Wena jaýlarynyň interýerinde şeýle hem Fridmanyň Hinterbrýuldaky (1898) we Stif Tanyk Wenadaky (1899) binagärligindäki Willalardaky bio polýarlylygynda ýüze çykdy. Gapma – garşylygy Ol Brihiň Wenanyň taryhy merkezinde guran "Sessiona" sergi binasy hem belledi (1897-1998). Ol, merkezleşdirilen göwrümi atanak şekilli meýilnama bilen görnüşi berip, simwoliki arhetipe ýüz tutdy.

"Sungatyň ybadathanasy" dini hil barada ideýany metaforany illýustrasiýa bilen düşündirmek arkaly Ol Birih ýazypdyr. Ol ýerde binanyň fony bolup karlsplats hyzmat edýän "sungatyň ybadathanasy" şol bir meýdançada duran ybadathanany ysgynsyzlandyrlan (redusirlenen) sudury ýaly görkezilen. Ýöne, Fişerfon Erlahyň barokko gümeziniň gurluşygynda, lawryň bürünçden örülen şahalarynyň we kesilen peramida şekiline berýän pilonlaryň arasynda berklenişi, nagyşly ýagtylyk geçirişe gapma – garşy goýlan (G.Klimt tarapyndan dörän ideýa (pikir) bolmagy mümkin).

Loos ýaly estetika seredende etika aýratyn baha bermeklik gollan binagäri Henrik Petrýus Berlagyň (1856-1934) usulyň ösmegini kesgitledi. Ol ýüzýyllyga geçen asyryň hakykaty gözlegçileriň Rýoshiniň esorrisiň. Wiolele Dýukyň romantiki mentalitetini geçirdi. Berlage, Sýurihiň ýokary tehniki mekdebinde professional bilim aldy. Ol ýerde G.Zemperiň öwretmeginiň peýdaly taraplary, goldanylýardy. Materiýalyň häsiýetiniň binagärlik gönüşinde görkezilmesine üns berdi. Ol, Amsterdama gaýdyp gelenden soňra, şol wagtyň öňde baryjysy Wiolele Dýugyň yzyny ýörediji, gollanma binagäri H. Kýupersiň elinde işledi (1824–1921). Kýupers özüniň şahsy eklentizmini haýsydyr bir neoflamana stilini döretmek üçin gotikanyň döwamyny peýdaly pikirlenip we milli binagärlik düýbini ýeňil geçmeklige ymtyldy. Onda-da, Berlage özüniň şahsy işinde neosoman stiline gyşarýar. Şunuň esasynda Z.Gidion Berlage we Riçardsonyň atlaryny birleşdiripdir ýöne, amerikaly roman proobrazynda täze romantiki netijäni gözläpdir. Tersine berlageni romantikanyň tektoniki gurluşynyň parahat massiwliligini ünsüni bölüpdir onuň Niderlandlar üçin däp bolan binagärlik bilen birleşige bolaýan suwag edilmedik kerpiçden diwar konstruksiýasynda agdymlyk edýär.

1883-nji ýylda Berlage Amsterdamda biržanyň taslamasynyň bäsleşigine gatnaşdy. Ol köp sanly neoflomany weriantyny teklip etdi. Oňa 1897-1903-nji ýylda ýerine ýetirilen şol binanyň real taslamasyny 1895-nji ýylda buýurdular öňünde pikirlenmeler, örän uly ýönekeýleşdirmek we struktura takyklygyna tarap üýtgeşmelere getirdi ýokary ýagtylyk bölek ýagtylandyrylýan suwalmadyk kerpiçden bütewi dörtgatly göwrümdäki birža operasiýalarynyň dürli görnüşleri üçin niýetlenen üç zalyň birleşdirmegine esaslanan gurluşyk başlangyç meýilanamasy üýtgedilmän saklandy. Umumylaşdyrylan massiw korrektirlenen we bölekleriň hem-de bütewligiň amaly birligine getirlen onuň üçin diagonal modul gözenegi–gollama, hem-de Kraota oýlap tamasy Amsterdam matematiki estetika mekdebiniň düýbüni tutujy biržanyň göteriji konstruksiýasy göwrümli (masiwli)

kerpiç diwar-güýjiniň peýdaly paýlanylmasyna laýyklykda ýerine ýetirlen. Granitorlar goýumlar agramlaryň köp düzýän ýerlerine jogap berýär. Daşdan örtük fermasyny göterýär.Daşlardan diregleri ýonup ýasalan.Metal gözenek konstruksiýalar diwaryn özmesi ýaly yşyk goýlan esasy zalyň internazary düzgüniniň illýustrasiýasy ýaly bol obektiň esasy estetiki gymatlygy galeleriýalaryň ýarusuny öz içine alýan içki giňişliginiň ulgamynyň gurnalşy bilen baglanşykly bolmadyk, ýolyň ugrundan gapdala gidýän taraplaryň göwrümini ýönekeý ritim bilen birleşdirlen. Onuň dominanty kuwatly başnýa onuň gysga wertikasy berkleýjisiz diwaryň massiwinde özdürlen meýdança gönükdirlen girelgede portally esasy getirýän.





Венгерская почтовая открытка (ок. 1900). Справа: фрагмент оконного витража одного из жилых домов Брюсселя.





















## Häzirki zaman binagärligi we onuň döremegi

Häzirki zaman binagärligiň başlangyjynynyň düýbini tutanlar: L. Salliwen, G. Berlage, A. Wan de Welde, Otto Wagner we başgalar durmuşa ornaşan tehnika döwrüň täsinçilik mümkinçiliklerini onçakly doly bilmeselerem, bular öz döredijiliginde täze durmuşuň üýtgemegini duýup başlaýarlar. Binagärligiň täze meselelerini täze wagtda ýüze çykmaklygy sebäpli, ol meseleleri täze wagta laýyklykda çözmek usullarynyň zerurdygyna düşünipdirler. Taryhy usullara garşy täze teklipleri öňe sürüp köne binagärlikde bolan formalara garşy çykýarlar. Bularyň hereketleri häzirkizaman binagärliginiň döremegine sezewar bolup täze ugryň ösmegine sebäp bolýar. Binagärlik formanyň täze dilini gözlemek, binagärlik giňişliginiň düzümine täzeden düşünmäni başarmak üçin täze konstruktiw materiallaryň we olar bilen sepleşikil bolan täze gurluşyk tehnologiýalaryň emele gelmegi sebäp bolýar. Tehniki serişdeleri ullanmak esasynda täze gymmatlyklary döretmek üçin mümkinçilik döreýär.

**HZB ösmegi we ýaýramagy.** Binagärlikde täze dil formasy bilen köp taraplaýyn döredijilik prosessi. Bu ugurda hemme taraplaýyn sungat döredijiliginde bolan güýçler gatnaşýar. 1908 ý. yglan edilen Kubizm. Pikasso we Brak tarapyndan bu ugur hemme taraplaýyn äňedilipdir we onyň düýpli gurnalyşyna düşünmek üçin köp işler geçirilipdir. Klassiki giňişligi kesgitleýän üç ölçege . XX a. dördünji ölçeg hem goşulýar wagt. Binagärlikde otag ýeke bir dört diwary bilen çäklenilmän ol eýýam biri-biri bilen baglanyşykly göwrüm we erkana goýulan perdeler esasynda kesgitlenilýär.

Stiliň hereketinde Gollandiýada binagärlikden eýýam ony hususy emosiýasyndan boşatmaly diýip talap edilipdir. Olaryň ýerine binagärlikde bolan ýönekeý serişdeleri ullanmaly talap edilipdir kub, tekiz ýüz, göniburçlyklar.

**Häzirki zaman binagärligiň esaslandyryjylar.**

Her bir aýratyn eýýama mahsus bolan şekil bilen, ony durmuşa geçirmegiň usuly arasynda gizlin baglanyşyk bar ýaly bolup görünýär. Öz ugruny döreden her-bir taryhy eýýam, öz ugruny suratlandyrmak üçin tapawutly serişde saýlap alypdyr. Emma biziň günlerimize çenli gurluşyk serişdeleriniň sanawy diňe tebigy materiallar bilen çäklenipdir. Olar daşlaryň dürli görnüşleri, agaç, çig we bişen kerpiç degişlidirler. Kerpiji bişirmegiň özi hem onyň tebigy şekilini üýtgetmegiň synanşygydyr. Ýöne düýpli üýtgeşmeler diňe biziň günlerimizde ýüze çykýar. Binagärlige öň belli bolan serişdelerden tehniki, ýokary berkligi we gurnamak mümkinçilikleri bilen tapawutlanýan demir we demirbeton täze serişdeler hökmünde girýärler. Bu serişdeleri emeli diýip kabul etmek bolar, sebäbi olary öndürmek üçin ösen senagat gerek. Bu serişdeler arkaly häzirki zaman binagärligi öz maksatlaryny durmuşa geçirýär.

Demiriň gurluşyk serişdesi hökmüne ilkinji ýüze çykan döwri binagärlik döredijilginiň pese düşüş döwrüne gabat geldi. Şu sebäpden bu serişde täze binagärlik akymynyň döremegine itegri berer diýen umyt döredi.

Emma ol döwürde bu umytlar hasyl bolmady. Täze gurluşyk serişdesiniň ulanylmagynda, şekilleriň dili diňe gurnamak mümkinçilikler bilen döredijilik

pikiriň sazlaşygyna täzelenýär. Bu sazlaşyk hakda XIX asyryň birinji ýarymynda asla gürrüň hem edip bolmazdy.

**Çikago binagärlik mekdebi (ABŞ)**

Köp gatly jaýlaryň süňňüni polatdan etmek pikiri Çikagoda ýüze çykýar. Bu ugurda ilkinji ädim XIX-njy başynda fabrik jaýlarynyň gurluşygyndan ybarat. Bu jaýlaryň gurnamalary çoýun sütünden we balkalardan bolup, diwarlary kerpiçden edilipdir. Soňra XIX-njy asyryň ortalarynda amerikaly Jeýms Bogard daşky diwarlary çoýundan ýygnaýar, munuň netijeseinde jaýlaryň içi daş diwarlaryndan has gowy ýagtylandyrylýar. Göteriji gurnamalar hökmünde polat süňňi ulanmak kadasyny çykaran Çikago mekdebi bu ugurda aýgytly ädim ätdi. Çikago mekdebini Bogarddan tapawutlandyrýan zat, Bogard esasan **çoýun** ulanypdyr, Çikago mekdebi bolsa gysylmaga we süýnmäge has gowy çydaýan **polat ulanypdyr.**

**Giňişligi düşünmegiň täze konsepsiýalary**

Häzirki zaman binagärliginde bolup geçen uly üýtgeşmeler, uly aralykly jaýlaryň gurnamalaryny we keşbini üýtgetdi. Grek orderlerine, orta asyr gurnamalaryna esaslanýan estetiki kadalar, biziň günlerimizde netijeli ulanylyp bilmeýärler. Gurluşyga we giňişlige bolan garaýyşlar hem üýtgedi. Häzirkizaman otaglaryň giňligi öň deňi-taýy bolmadyk giňişlik duýgusyny döredýär.

Inženerleriň döredijiligi netijesinde gurluşykda ähmiýetli täze usullar ýüze çykdy. 1922-nji ýylda Walter Bauersfeld optiki enjamlary barlamak üçin gümmezi matematiki takyk ýarymsfera görnüşde jaý bolupdyr. Birnäçe tejribelerden soňra ol gümmezi gysga, 60 santimetrlik simlerden tor görnüşde edipdir. Soňra bu tora 3 sm galyňlykdaky beton pürkülipdir, bu gatlak göteriji funksiýalary ýerine ýetirmäň diňe bitewi tekizligi emele getiripdir. Barlaglar, bu gurnamanyň örän berk we gatydygyny tassyklady.

**Häzirki zaman binagärliginiň ösmegi we ýaýramagy**

**Alwar Aalto**

1920-nji ýyllarda yglan edilen häzirkizaman binagärliginiň maksatlary 1930-njy ýylda eýýam durmuşa geçirildi. Şol wagtda ýüze çykan pikirleriň geljekde ösüş tendensiýasyny hem anyklady.

1937-nji ýylda Parižde geçen sergä **Alwar Aalto** Finländiýa pawilýonyny gurdy. Bu uly bolmadyk bina beýik baglaryň kölegesinde ýerleşýär we serginiň tomaşyçylarynyň ruhy ýagdaýyna doly gabat gelýär. Daş görnüşi gaty bir täsirli bolmadyk bina, sergide görkezilýän zatlary asuda synlamaga mümkinçilik berýär.

Şol döwürde Şwesariýa, Daniýa, we Finländiýa ýaly Ýewropa ýurtlary häzirki zaman binagärliginiň däplerini aldylar we dowam etdiler. **Alwar Aaltonyň** Finländiýadaky döreden eserleri şol döwrüň binagärlik pikiriniň ösüşini görkezýär.

**Aalto** başdan daşky gurşawa ters gelýän göniburçlygyň geometriki göwrüminden daşlaşdy. Ol öz jaýlarynda tolkun görnüşli we has döredijilikli usullary ulanýar.

**Aaltonyň** döredijiliginde ýeke-bir otag däl, bütin bina hem hereketli egri çyzyklardan bolup biler. Muňa mysal edip Massaçusetsin Tehnologiki unwersitetiniň umumy ýaşaýyş jaýyny görkezmek bolar. Şeýle hem **Alwar Aalto**

kert  jaylaryň taslamalaryny hem düzüpdir. Meselem Ouluda ýerleşen ammar binasy.

**Aalto** üçin iň möhüm zatlaryň biri funksional taraplary mümkin boldugyça doly kanagatlandyrmak. Ol jaýyň daşky görnüşini hem şol funksional talaplara görä kesgitläpdir.



**Frank Lloýd Raýt**





## “Organiki binagärlik” ugry

XX asyryň 1930-njy ýyllarynda binagärler nusaga etmekligiň ugruny dikeltmeklik başartmasa, onuň sanynyň köpeltmeklige, olary döretmeklige medeni köpçüligiň nyşanlaryny girizmeklige çalşypdyrlar. Binagärlik modernizmiň atalaryň baştutanlarynyň ýaşulylaryň biri bolan F.L. Raýt köpçüligiň ygtyýaryny “mobokrotiýa” diýip atlandyran bolsa-da, ol ondan çetleşdirilişine galdy. Emma onuň, otuzynjy ýyllardaky adaty bolmadyk geňlikleriň hataryna goşulan “ýusoniansk” öýleri köpçülik isleginiň derejesinde manysy täzeden eýýam başgaça aňyldy we Amerikanyň şäher eteginde ady näbelli gurluşyklary boldy.

F. Jonson, F. Raýty XIX asyryň iň beýik binagäri diýip atlandyrdy. Onuň organiki binagärlik barada aýdanlary Toro we Emerson döwrüniň amerikan romantiki estetikasynda öwüt-ündew äheňi saklady. “Raýtyň dilinde ýeke täk hudaý ylym dälde, tebigatdyr. Ýöne, tebigat XX asyryň tebigatçynyňky bolman, eýsem naturalistleriňkidir.” Onda okuwçylary, ýöne onuň sungatynyň yzyny ýöredijiler aýratyn şahslylygyna galdylar, yzyny alyp gitmek we oňa öýrünmek üçin Italiýada, kyrkynjy ýyllaryň ahyrynda Bruno Dzewi (1919-2000) tarapyndan “organiki binagärlik” hereketini döretmeklik synanşygyny üstünlige eýe bolmady.

Urşuň ahyrynda (1945ý.) Raýtyň ýaşy 80 diýen ýalydy. Ýöne ellinji ýyllaryň ahyrynda sungatynyň giçki döwründe ol has irki işleri bilen deňeşdirmekde däl, eýsem binagärlikdäki “döwrebap hereketleriň” hemmesiniň arasynda (barokka stilini baýlaşdyrmak soňky gurluşyk bolan Barromina meňzeş) düýbinden täze hili alan döredijiligi döretdi. Raýt munda özüniň we ýewropanyň öňde baryjy birnäçe köne mowzuklaryny düýpgöter täzeden üýtgedip ulandy. Ol ony we naturfelsepe many bilen metator populist kiç we oriýentalist ekzotikasynyň materialy hökmünde ulanmakdan goraman, doldyrmaklyga aýratyn üns berýär.

Giçki döwürde Raýda giňişligiň üznüksizligini we onyň gurluşynyň plastigini açyp özüniň ideýasynda görkezýärdi. Ol göniburçly hereketsiz, emeli adamkärçiliksiz diýip hasap edip göniburçly gurluşy, göniburçly moduli düýbinden ulanmady. Ol sirkul egirisine we töwerege (kä wagt tekizlige tegelek bilen gaýtalap doldyryp) esaslanýar. Tegelek ýaly spiral, üçinji we dördünji ölçegde öwrülen, tebigatda ösüşiň we üýtgeýşiň metaforasy we düňderilen konus şahalary giňelýän agajyň metaforasyny döretdi. 1943-nji ýylda abstrakt suratlaryň sungata uly hormat goýujy we ýygnaýjy Solomon Guggenheýni Raýta özüniň kolleksiýasy üçin bina taýýarlamagy tabşyrdy. Raýt özüniň ýerine düşmedik Gordon Strong (1925) planetariýa taslamasyna ýüz tutdy. Ol ýerde Merilend ştatyndaky Şugar Fout dagyna ylmy fantaziýa obrazy bilen binanyň birleşdiriş çyzgysy göz öňüne tutulan. Onuň ulagynyň daşky ýüzünde görünýän meýdança göterilýärdi, içinde bolsa planetariýanyň ýarymsteroid gümmezi ýerleşdirilen.

Raýt muzeýiň taslamasynda içki giňişlige spiral pandus aýlanan görnüşi döredip planetariýanyň çyzgysyny daşyna çöwürlen ýaly edipdir. Towlamlaryň ugrunda ýokardan başlanýan tomaşaçyny etmeli liftiň eksposiýasy ýerleşdirilen. Ideýa bir tarapdan bir az Le Korbýuzýeniň Sowaý willasy işi bilen güýçlendirilen. Ol ýerde gatlaklary birikdirýän merkezi pandus içki giňişligi emele getirýär we döwrebap sungatyň ösýän taslamasynyň esasy elementi boldy. Ahyrkynyň

gurluşyny gerek bolan ýagdaýnda dowamyny alýem ellinji ýyllary ýokarda aýdylyşy ýaly bu shema boýunça Le Korbýuzýe Ahmadabatda we Fukioda muzeý gurdy, ekspozision galereýanyň göniburçly spiraly emele getirýär. Bu ideýany birleşdirip we täzeden pikirlenip Raýt 1945-nji ýylda Nýu-Ýorkda Guggnheým muzeýiniň modelini görkezdi we ol uly diskussiýa döretdi. Gurluşyk diňe 11 ýyldan soň başlandy. Şu wagt aralygynda Raýt takyklamaklyga mümkinçilik beren göz öňüne tutulan forma emele getirişi ýollaryň birnäçe barlaglaryny amala aşyrdy. Taslamalaryň içinde Raýt egri çyzykly formalary, onuň üznüksizdigini barlady–Middltondaky Jekboksyň öýi, Wiskonsin (1948), 1935-nji ýylda Le Korbýuzýe Parižiň aşagyndaky adaty ýönekelige ýada salýan daçany (dynç alyş jaýlary) gurdy. Öý güri depeler görnüşinde. Demirgazyk tarapyndan göge bulanyp agaç ekilen örtük bilen örtülen, ol günorta tarapy bütewi aýnalanan fasad bilen baga eňňedi we düz giňişlige açylýar. Gödegräk agaç karkasynda ýaşaýşyň hemme düzüjileri görkezilen. Ýatalga giňişligi direglerden boşatmak üçin potologyň balkalaryny açylan jaýyň ýokarky pessejik gatyny galdyrylan. Yzky daşdan diwardaky balkalaryň arasyndaky inçe dik penjireler jaýyň ýokarky pessejik gatyna goşmaça ýagtylyk berýär. Basgançak we sanitar ýerli gödek daşlardan ýasalan teglek başnýada ýygnalan. Onuň demirgazyk tarapdaky ýokary bölegi alaw nokadyna meňzeş, gyradan galdyrlan jaýyň ýokarky pessejik gatynyň dik penjireleri meňzelişi berýär. Romantiki günorta fasadyň kontrasty ösen. Emosional sazlaşyk adaty materiallaryň fakturasy bilen görkezilýär Raýt San Fransiskodaky Moris sowgat (suwenir) dükany üçin satuw zalynda giňişlik emele getiriji hökümde içki bugram pandusynyulanypdyr. Adaty bolmadyk netijesini görkezmek bilen, ol daşky giňişligi girelgesi diňe çuň we garaňky arkasy. Bolan tekiz kerpiç diwar arkaly bölnüpdir. Bu pandusyň plastigi üznüksizligi ýeňil duýulmak üçin ýerine ýetirilen. Raýt, üst ýüzi aklamak bilen fakturany görkezmeklige ret edipdir. Böleklerde tegelek sudurlar agdyklyk edýär, ýagny pandusyň ugruna eksponirlenen harytly tegelek tagça (nişa); tegelek ýagtylandyryjy flaton bilen doldurlan potolok tekizligi gatlakdaky tegelek.

Jaýlaryna meňzeş ýapgyt serkul meýilnamaly ýerden ýokary galdyrylan. Rampadan başlap kem-kemden ýokarlanýan ýaşaýyş otagyny görkezýän sokolda. Aşhanaly, basgançakly silindiri başnýadan soň giň (inli) pandus massiwli silindirli pilonda galdyrlan. Has egri we dar bolan ikinji pandus başnýada üçege çykaryp daşyna aýlanýar. Gurluşyň esasynda sowoý willasynyň paradigmasy bolup, ýöne ol görnüşi beýleki formaly, başgaça geometrialy bolman, eýsem başgaça taktil hillidir. Willanyň abstrakt idealy bilen takyk organiki formanyň arasyndaky gapma garşylyk ýeňilip geçilmedik. Gowuşgynsyz egri çyzykly platforma, fakturanyň suratlary onuň üst ýüzüni ýumşadýan, gatlak-gatlaklygy aňladýar, dargamagyň duýgusyny tamamladýan., tutuşlygyn dezinfegrasyýasy jaýy sazlaşykdan (gormoniýadan) we manydan mahrum edýär. Raýt zerur arasy üzülen içi täzeden dikeltme ýüze çykandan soň zerur netijeleri etdi. Ol Morris dükanyndaky tejribeden peýdalandy.

Muzeý. Raýtyň ýaş wagtyndaky iň gowy görýän arzuwynyň biri gaýdyp gelmegi boldy. Ol binagärlige bolan suratçylygyň we heýkeltaraşlygyň sazlaşykly hereket edýän hemme sungatyň bilelikdäki döredijiligidir. Olaryň formasy haýsy

hem bolsa hereket edýän obýektiň gaýtadan döremegine bagly bolmazdan öz-özünden derejedäki däldir. Ol hakyky giňişligi, "penjiräniň – suratyna" meňzedip suraty görkezmek (demonstrirlemek) durnukly binagärligi, öz-özünden ýeterlik derejedäki sungat üçin has amatly (oňaýly) asuda akym talap edýär diýip hasaplapdyr. Ol Guggenheýmiň muzeýiniň sergi hem şol maksady ýerine ýetirmeklige synanşypdyr. Ol, "Bu ýerde binagärlik ilki bilen gatlaklaryň adaty jeminiň ýerine bir gatlak beýlekisine dik pürs konstruksiýasy ýaly kesilgi we biri – biriniň üstine goýlan (heýkeltaraşlykda bölekleriň gatnaşygyny ýada salýan) görnüşde plastika ýaly hereket edýär. Betondan bütewi ýaly goýlan bina üç ölçegli gözenek gurluşy bermän ýumurtga gabygyny ýada salýar.

Açyk betonyň ýüzi diňe suwag bilen çalnan (çyrşalan). Konstruktiw hasaplamalary sütünler we balkalar üçin däl-de konsollar we üznüksizler üçin ýerine ýetirilen. Şeýle konstruksiýanyň arassa netijesi beýik asudalyk, üznüksiz tolkunlary duýmakdyr. Formanyň (görnüşiň) birden üýtgemegi bilen hiç-hili zat erbet täsir etmeýär. Hemmesi bütewi we ýykyp bolmajak bina, ylym üçin näçe bolsa edip boljak mümkinçilik diýip ýazypdyr. Bu bütewlikde Raýtyň pelsepesi ýokary ösüşe ýetdi.

Muzeýiň esasy göwrümi, binanyň hemme beýikliginden geçýän dury kupolly ýagtylandyryjy howly bilen gurşalyp ýapylan spiral pandusy arkaly emele gelen. Beton spiralyň içki tarapy ekspozisiýany ýerleşdirmek üçin hyzmat edeýär. Onuň ugrunda galdyrylan lift arkaly gelýän adamlar diýýärler. Daşyndaky spiral gabygyny üznüksiz görnüşi megapolisiň kub göwrüminiň drobly tertipsizligine gazaply garşy duryar. Raýt üznüksizligi, formanyň özüniň pelsepäniň manysy diýip hasap edipdir. Ýöne ony, binagärligiň internasional aýna ýaşigininiň amart akyş giňişliginden beripdir. Ol, üznüksizlik Guggenheým muzeýindaky ýaly, merkezi boşlugy gurşap alýan merkezi ýadrodan ýa-da garşysyndan gaýdýan ulanylýan giňişligiň tebigatdaky ösüş ugrunyň netijesine meňzeş bolmaly diýip hasapladylar.

Muzeýiň interýerinde onuň spiralynyň ugry boýunça hereketde, üznüksizligiň fiziki kabul etmesi, Raýtyň simwpliki meňzeşlik sözlügi boýunça "adaty" jemgiýetde "ýoluň açyk" metotora bilen adamyň erkinligi baglanşykly.

Muzeýiň esasy göwrüminiň formasynda Raýt özüniň gadymy söýgüli Zao-Szy awtorifminden gaýdýan metaforasyny dolanypdyr: Wazanyň bolmagy (manysy) – üçiniň giňişligi "Bu Raýtyň asyryň başyndaky binagärlik baradaky pelsepesiniň başlangyç pozisiýasy bolup duryar. Bu ýerde hakykylyk ýokarlygyna giňelýär keramiki gabyň anologiýasynda meňzeşliginde we küýzegäriň eliniň aýlawly hereketi bilen dörän meňzeşlik görkezilen. Surat eksponirlenen diwaryň daşyndaky ýapgytlyk Raýtyň pikiri boýunça, onuň döredilen pursadyndaky (wagtyndaky) Molbertyň duruş ýagdaýyna laýyk. Munda spiralyň aýlawlasynyň aralygyndaky aýnalanan bölümleriniň ýokarsyndan gowy ýagtylandyrylýar. Merkezi kupol goşmaça berýär. Aýlaw bu gramlaryň içki tarapynyň berklik diafragmasy ekspozisiýanyň böleklere bölünmegine kömek berýär we onuň meýdanyny goşýar.

Muzeýiň formasyna girizilen köpgatly metaforiki many gös-göni kabul etmäge ýeterlikli däl. Oňa, fermanyň geň galdyrylyjygy we plastik güýji onuň gurşawa antifezasy siňdirilen.

Binagärligiň öz özüniň bahasy her näçe bolsa agdyklyk edýär. Ýagny ekspozisiýa gowy ýerleşdirilen we ýagtylandyrylan. Ýöne spiralyň ýapgytlary tomaşaçyny käbir eksponatlaryň hemişelik tempdäki hereketiň aýratyn özüne çekijiligi bilen baglaýar.

Formanyň böleklerinde binanyň elementleriniň birikdirmelerindäki käbir ýerlerde çylşyrymly häsiýetli baradaky ýatlamak duýulýar. Sergi ol az täsir etdi. Ýöne San Fataelde Marin Kaunti administratiw Raýtyň okuwçysy U.U. Piters tarapyndan onuň soňky soňlanan işi irginsiz habarnamasy boldy. Kaliforniýa (1957-1966ýý.) uzalyp giden bina, surat seýilgähiniň baýyrlyk landşaftyna gebilen. Amerikanyň ýörite binalaryň endik edilen ägirt ululygyna gapma-garşy birnäçe ikiuçly görnüşi goýlan. Esasy göwrüm pürsyň ýarusyna otag bilen birikdirýän dury örtügi bolan iki sany galereýa bilen emele getirlen. Ýapgyt gümmeziň aşagyndaky auditoriýany bloklar birleşdirýärler. Fasadlary emele getirýän arkalaryň ýarusy rim akweduklarynyň mowzuklaryny gaýtalaýarlar. Ýöne soňkylaryň riallyk agramlary materiallaryň besgitli häsiýetlerini boýunça abstragirlilik çalyşýar. Feston kisilgi ýaly bolan ýuka beton diwarlar arka bilen galtaşýan ýaly we metalliki direge goýlan gözenekli örtmeleriň metalliki germewler we beýlekiler.

Ar nuwa nagyşlaryň gödekleşdirilen reminissensiýa ýaly ýerine ýetirilen. Raýtyň antiurbanizm XX-asyryň amerikan binagärliginiň söýgüli mowzugyna “asmana ýetip duran jaý gyzyklanmany aradan aýyrmady. Onuň perspektiwaly utopiki suratlarynda “Giň gorizontyň şäherleri” daşlykda goýlan birlikler giňişleýin belligi emele getirýär. Ol ilkinji gezek asmana ýetip duran jaýy gurdy. Ol Bartleswildäki (Oklahoma) 19 gatly Tauer–ýaşaýyş we ofisi (iş otaglaryny) baglanyşýarlar. Jonson kopaniýasynyň tejribehana korpusy üçin prinsip gaýtalanan. Onda daşky germew beton örtüginiň daşky gyra erçeginy asylan. Ol agajyň merkezi düýbünden gaýdýan şahalaryna meňzeş Mis wan der Roe beýik binasynyň esasy üçin “aýna gapdaky karkas gözenek ideýasyndan doly ýüz öwürlen. Hollyň daşynda ösen merkezi ýadro dört sany lift bilen emele getirlen. Onuň dik gapyrgalary konsol örtügi emele getirýär. Iki beýiklik interwalynda iki derejede ýaşaýyş otagy (kwartira) ýerleşdirlen. Formanyň çylşyrymlylygynyň meňzeşligi mehanizmi bilen meňzeşlikden has meňzeş stwol göteriji. Diagonal ýaýbabaňlanyşly meýilnamanyň geometriýasy, esasy prizmany bölüşdirýän göwrüminiň gurluşygynda gözberilen. Ýaşyl bolan misden ýasalan dik gün kesijiler binanyň ýaşaýyş bölümini bolýar, ofis tarapdan fasad kese bölümlerden durýar.

Raýt bir mil beýikligi bolan Çikagonyň 130 müň ilaty üçin “Illinoýs” asmana ýetip duran jaýyň telewizor başnýany döretmek pikirine seslenmek berdi, konsol örtükli merkezi ýadrosynyň konstruksiýasyny barlag eden Raýt, şemal basyşynyň dik güýjüniň goşmaça garşylygy üçin daşky burçdaky plitalarda polat troslary ulanmaklyga teklip etmek bilen teklipleriň üstüni doldurdy. Liftleriň hyzmat etmesini atom güýç desgasy bilen ýerine ýetirmekligi pikir edildi. Dinamiki siluet üçburçly prizmanyň şekili bolan başnýanyň ýaruslarynyň dürli ýaýbaňlaşynda

esaslandyryldy. Fundament dag topragyna çuň gidýän köke meňzeş kuwwatly özeni häsiýetini götermelidi. Ýerine ýetmedik bu taslamak nazary taýdan hakyky we onuň formasy netijeli.

XX-nji asyrdaky binagýrligiň ösmeginde Raýtyň umumy döredijiligi örän uly. Onuň adaty bolmadyk çözgütleri, endik edilen çäklerden bilgeşleýin çykmalar döredijilik göz öňüne getirmeleri aýyrdy. Ýöne esasy zat ol döwrebap binagärligiň forma element getirmäniň esasy prinsiplerini tassyklamak üçin köp işler etdi. Asyryň birinji ýarymynda onuň mysaly region tendepsiýasynyň ösmegine itergi berdi. Ellinji ýyllarda Amerikada “Rok Amerika” lozungy bilen oýandyrlan regionalist tendeniýasy ýerliksiz bolup göründi we köpçülik düşünjesiniň täsirindäki. Raýatyň esasy işleri daşyndan “International binagärligi” bilen ýakynlaşýar we milletden daşary Ar nuwo  belgileri bilen janlanýar.






POOL
GARDEN COURT
STORAGE
ENTRANCE
MOTOR COURT


GARDEN COURT
BEDROOM
LIVING ROOM
BALCONY
DINING
KITCHEN




Контора
Контора
Контора
Квартира
Спальня
Типовой этаж
Антресоли

## II.1925-1934 ýyllaryň binagärligi
## Häziki zaman binagärligi döremegi

### Walter Gropius “Bauhaus” binagärlik mekdebi

Walter Gropius 1883-nji ýýlda Berlinde eneden dogulýar. Le-Korbýuzýe we M.Roe ýaly ol hem ilkinjileriň tejribesini ulanyp häzirki zaman binagärligini döredýäleriň nesliniň içne girýär. Bernsiň taslamaçylyk konstorasynyň işgäri bolup, ol häzirki zaman binagärliginiň esasylaryny düzýär. Gropius Alfelde Naleýnede Fagus zawodyny gurup özbaşdak binagärlik işine başlaýar.

Gropiusyň bagtyna, işi buýrujy binagäriň meýlnamalaryny doly kabul edýär (seýrek duş gelýän zat) we rasylaşýar.Şol wagtlarda buýrujyda adaty formalarda edilen eskiz taslamasy bardy.Emma zawodyň eýesi Karl Benşteýdt binanyň häzirki zaman stilde gurulmagyny isleýärdi. Benşteýdt Gropius bilen bütünleýin tanyşýarlar, ol onuň pikirlerini örän halaýar we taslamany Gropiusa buýrmak karara gelýär. Fagus zawodyň gurluşygy Gropiusy belli edýär. 1941-nji ýylda ony Kýolndäki Werkbundyň sergisine dolandyryş korpusly fabirika binasynyň gurluşygy üçin çagyrýalar.

Birinji jahan urşy W.Gropiusyň işiniň yzygiderligini üzdi. Ony, Wan de Weldeniň okuwçysy hökmünde, Weýmara çagyrýarlar hem şol erde ol ýokary çeperçilik-önümçilik uçilişesiniň ýöriteleşdirlen okuw jaýy “Bauhaus” esaslandyrýar.

Durmuşyň hemme tarapyny öz içine alyp we adamlaryň taraplaryna laýyk gelýän täze binagärligi döretmek Gropius öz mugallymçilik işiniň maksady hasap edýädi. Okuw prosessiniň metodikasy binagärligiň, tehnikasynyň we suratkeşlik sungatyň aralarynda baglanşyk döretmeginde esaslanýar.

“Hakykatdan aýyrlykda döredýän suratçyny ýekelikden aýryp tehnika bilen ýüzleşdirlen daşky dünýä bilen birleşdirmeli”. Grpoius Bauhausa birnäçe ussatlary çekmäni başardy. Olaryň arasynda Feýninger, Kandinskiý Kleý we Şlemmer Itten bardy, soňra bolsa Mogoli-Nad okuwçylarda forma we material duýgusyny ösdürmek üçin gurnamalar we materiallar ugrunda ýörite sapaklary gurnaýarlar. Praktiki işlerine uly üns berýärdi. Wan de Welde wagtlarynda kabul edilen praktiki okuw metodyny saklap, Gropius Bauhausda okuw ussahanalary gurnady. Týuringiýada närazyçylyklar köpelenligi sebäpli Bauhaus 1925-nji ýylda Dessau şäherine gşçirilýär. Bauhaus häzirki zaman sungatynyň her dürli ugurlarynyň merkezi boldy.Olary koordinirlemek Gropiusyň kyn meseleleriniň biri bolup durdy. Bauhausyň ähmetini M.Roe şeýle kesgitledi: “Bauhauz belli bir maksatnamaly okuw mekdebi dälde, ol ideýady we şol ideýany W.Gropius anyk kesgitledi.” Bu ideýa häzirki zaman forma döredijiliginiň esasy ýoly sungatyň we teknikanyň sintezinden ybaratdyr.

Bauhausyň Dessau şäherine göçirilmegi Gropiusa ýöriteleşdirlen okuw we mugallymlar üçin ýaşaýýş jaýlaryň gurluşygynda öz binagärlik nazaryny durmuşa geçirmäge mümkinçilik berdi. Gropius bu binalaryň uly kompleksini bir binagärlik bitewiligine birleşdirmegi başardy.

**1928-nji ýylda** Gropius Bauhausyň başlygynyň ornuny taşlap, Berline göçýär, ol ýerde özbaşdak binagärlik işine başlaýar. Bu wagty onuň ünsi esasan şähergurluşyk meselelerine bagyşlanandy. XX asyryň soňunda Germaniýanyň şäherleriniň ilaty ösüp başlady. Ýaşaýyş jaý gurluşyk meselesi iň wajyplaryň biri boldy. 1927-nji ýylda Ştutgartdaky Weýsengofda ýaşaýyş jaý gurluşygynda bagyşlanan Werkbund sergisi açyldy. Binagär Ernst Maý Frankfurtda köp häzirki zaman ýaşaýyş jaýlaryny gurdy. Emma çeperçilik gürrüňleriň merkezi Berlindi. 1929-nji ýylda Berliniň gyrasynda Hazelhorstda gurulmaly eksperimental obanyň taslamasynyň bäsleşiginde W.Gropius ýeňiş gazandy. Şol ýylar aralarynda gök ekinli uly meýdançaly 4-gatly jaýlar bilen gurulan Berlin-Simensşatadt obajygy gurýar.

1934-nji ýylda Gropius Germaniýadan Angliýa gidip, iňlis binagäri Maksuel bilen işleýär. 1936-nji ýylda Kembrijde olaryň taýýarlan taslamasy boýunça ulylar üçin sapak geçirilýän otagly orta mekdebi Impington kolleji gurulýar. Bu pawilýon 1-gatly mekdebe maksus bolan mysaldyr.Okuw otaglary gök ekinl meýdança tarap bakdyrylan. Günbatardan olar galereýa bilen birleşdirilen, şeýlelikde olar ikitaraply yşyklandyryş we ýelejiretmek bilen üpjün edilen. Bu bina 1945-nji ýyldan başlap mekdep gurluşygy üçin mysal bolup durdy.

1937-nji ýylda Gropius Kembrijdäki (Massaçýusets) Garward unwersitetiniň binagärlik bölümine mugallymçylyk işine çagyrylýar. Bu çakylyk geňdi, sebäbi Amerikanyň binagärligi we binagärlik okuw jaýlary henizem Çikago mekdebiniň teklip eden ugruny çalyşan eklektizmiň täsiriniň astyndadylar. Şol wagty Genti wan de Welde Çikagoda Illinoýs tehnologiki institutynda professor derejesini aldy. Ýewropadan binagärleri özüne çekmeklik Amerikada häzirki zaman binagärligiň giň ýaýramagy hakda gürrüň edip bolar.

Binagärlikde mugallym hökmünde Gropiusyň orny örän beýik. Hünärleri akymlara bolup, her bir takyklyklara ünsüni sowmagyň geregi ýokdygy, ýene dürli hünärleriň aragatnaşygyny hasaba almak gerekdigi hasap edýärdi. Şol prinsiplere Gropius binagär hökmünde öz praktiki işinde hem saklanýar. Ol ýolbaşçy kärini aýyryp, deň hukuklygy işgärlerden durýan topary guramagy hödürleýär, we binagärleriň arkalaşygyny esaslaýar. Olaryň arkalaşygy ep-esli belli taslamalaryň we binalaryň döremegine getirdi. Şeýlelikde, 1949-50 ýyllarda Kemnrijde (Massaçýusets), düzümine talyplar üçin ýaşaýyş jaýlar we jemgiýetçilik jaýlaryny we Garward unwersitetini merkezi guruldy. Garward unwersitetiniň giň toplumy birnäçe beýik bolmadyk desgalaryň görnüşinde çözülen. Dessau şäherindäki Bauhausda ýaly, aýratyn desgalara, olara mahsus bolan niýetlenşe görä, belli şekilli berilen. Toplumyň uly ölçegleri açyk we ýapyk giňişlikleri giňden ullanmaga mümkinçilik berdi. Bu uly toplumy ulanylanmak gurluşyk materiýallaryň her dürli fakturasy bilen, eýwanlaryň we balkonlaryň ýagtylyk we kölege oýuny bilen janlandyrylan. Bu ýerde W.Gropius Miro Hoanyň hem Art Gansyň işlerini ulanyp, binagärligiň we häzirki zaman şekillendiriş sungatyň sintezini ýerine ýetirmegi we 1919-nji ýylda onuň: bütin şekillendiriş işiniň soňky maksady.

Gropiusyň döredijiligi möhüm ähmiýete eýedir, diňe bir eden işine görä dälde, eýsem öňde goýulan meseleleriň giňligine görä. Onuň döredijiliginiň haýsy bir

bölegini guryan onuň binagärlik eserlerinde ylmy barlaglara esaslanýan her dürli meseleleriň çözgütleri bar, okuw jaýlarynyň gurluşygynda, ýaşaýyş we senagat gurluşygynda estetiki we gurnamak täze çözgütlerini hödürleýär.

Grpoius teatrlar gurluşygyna bagyşlanan birnäçe maslahatlara gatnaşýar we 1927-nji ýylda unwersal teatryň ideýasyny hödürleýär. Onda teatryň taryhynda döredilen kub sahna, prosseniumly sahna, merkezi sahna medanýasy ýaly elementleri ulanylan. Sahnanyň şekiliniň üýtgemegi parteriň düşeginiň aýlanmagy bilen amala aşyrylýar. Gropius üçin sergiler mowzugy wajypdy. Koln şäherinde geçirilen reňkli metallaryň sergisine gatnaşmagy oňa äheňi pugta bolmadyk binagärlik diliniň gözleglerine we şol gözlegleri onuň mugallymçylyk nazaryýeti bilen baglandyrmak mümkinçilik berýärdi. Walter Gropius häzirki zaman durmuşynyň şertlerine laýyk bolan öz maksatnamasyny teklip etmäge synanyşy ýaly, ol tehnikanyň döreden täze mümkinçiliklerini bilmegi we olary praktikada ulanmaga synaşýar. Grpius ýaşaýyş jaý gurluşygyny senagatlandyrmagyň meselesine hemişe üns berip durýar. Diňe şu halatda çäklenen sandan elemenetlerden gurulan binalaryň köpdürliligine ýetip bolar. Belli binagärleriň arasynda Gropius diňe-bir öz öňüne goýan meseleleriniň hödürlemegi bilen. Gropiusyň binagärlik döredijiligi we mugallymçylyk işi öýkünmek üçin zat dälde, ilki bilen olar pikirlenmäge öwredýär.

**Lýudwig Mis wan der Roe** 1886-nji ýylda daş ustasynyň maşgalasynda Aahen şäherinde dogulýar. 1908-nji ýylda Peter Berensiň ustahanasynda işe başlaýar. Berens bilen işi, Gropiusa bolan ýaly, oňa täsir etdi. Berensiň senagat bilen aragatnaşygy we senagatyň buýrugy boýunça edilýän işleriň uly göwrümi Berensiň ýanyna köp ýaş binagärleri çekýärdi. Onyň neoklassisizm bilen meşgurlanyşynyň Mis der Roeniň ilkinji taslamalarynda we desgalarynda täsiri bildirýär.

1919-njy ýylda onuň nazarlary üýtgedi. Ol häzirki zaman binagärlik formasynyň meselelerini çuňdan öwrenip başlady. Onuň aňyny esasan 3 sany mesele eýeleýärdi: ýygyrtly ýa-da tekiz ýüzli penjireleri binagärlik elemendi hökmünde ulanyş, binanyň keşbiniň binagärlik bölünişi onuň içki düzgünini görkezmek hökmünde, ýaşaýyş jaýyň göwrümini onuň funksional häsiýeti boýunça bölünişi. Mis wan der Roe uly uly ähmiýete eýe bolan bu üç mowzugy haýsydyr bir buýrugyň daşyndan çözýärdi. Ilkinji iki mowzuklara degişli planirowka soraglara Mis wan der Roe shema görnüşinde seredýär, olaryň şähergurluşyk bilen baglanşygyna uly üns bermeýär. Ilki bilen Mis wan der Roe köpgatly binalarda tolunly we ýygyrtly aýna tekizlikleriň ulanmagy bilen meşgullanýardy. Soňra ol demirbetondan gurlan kontora binalaryň gurluşygynyň prinsiplerini öwrenip başlaýar. Eger aýnalamak meselesi çözlende gurnamanyň we formanyň laýyklygy esasy sorag bolmadyk bolsa bu mesele esasy ähmiýete eýedir. Demirbeton karkasyň sütünleri fasaddan aralykda dur; iki uguryň progonlary konsol görnüşde çözlen, şeýdibem daşky diwaryň agram göteriji funksyýasy ýitýär. Gorizontal penjire zolaklary gurnamak laýyk çykýar. Bu ýerde binagärlik şekili doly çözlen, şeýlelik bilen bu ymarata häzirki zaman binagärleri mydama ýüzlenip durýarlar. Bu gözlegeler grafiki nusgany emele getirdiler, soňra ol doly konstruktiw we şekil laýyklyk mahsus bolan tipiki boldy.

1923-nji ýylda ýaşaýyş jaýyň taslamasynda Mis wan der Roe täze giňişlik konsepsiýasyny teklip etmäni we şeýlelik bilen 3-nji meselesini çözmäni başardy. Bu ýerde diwara eýýäm hemme tarapdan bekli binanyň gutnusynyň gullukçy elemendine ýaly seredilenok. Ol özbaşdak ähmiýete eýe bolýar, içki giňişligiň daşyna çykarylyp, ony daşky sreda bilen baglanyşdyrýar. Aýry penjireleriň ýerine tekiz diwaryň ýüzi bilen tapawutlanýan bütünleýin aýlanan tekizlikler ulanylan. Bu taslamada jaýyň funksional häsiýeti boýunça ýaşaýyş we hojalyk zolaklara bölünen meýilnama çözgüdi maksatlandy.

Onuň netijesinde, 1924-nji ýyldan başlap bu prinsip ýaşaýyş jaý gurluşygynda esasy prinsip bolup durýar. Le-Korbýuzýe esas hökmünde geometrik şekil alyp,oňa funksional çözgüdi boýun edýän bolsa, Roe bolsa,desganyň daşky şekilini we onuň aýry böleklerininiň üstünde işläňde, diňe olaryň niýetlenşinden çykýar.

1929-nji ýylda Barselonda geçirilen Halkara sergisinde Germaniýanyň pawilonynyň gurluşygynda Mis wan der Roe öz binagärlik nazarlaryby görkezmek miýesser etdi. Ekspontalar ýerleşýän binasyny gurmagyň ýerine, şekilleriň takyklygyna görä we ulanylan materiallaryň obadanlygyna görä (trawertin, oniks we her dürli aýna) özbaşyn hem sergi pawilýony hem sergi eksponaty guruldy. Onda täze binagärlik konsepsyýasy ýüze çykdy: ekin ýerleşdirilen diwarlar bilen biri-birlerine geçýän giňişlik döredildi. Düzgün esas agram göteriji we göteriji däl elementleriň aýratynlaşdyrmasyndan çykýar. Tekiz üçek açyk duran polat sütünleriň üstünde dur, şonuň üçinem aram götermeýän diwarlar ýeňil materiallardan ýa-da aýnadan etmek mümükin. Mis wan der Roe gurnamanyň gerekli elementlerini (sütünler, örtükler) agram götermeýän gurnamalardan yzygiderli çäkleýär.

Konstruktiw elementleriň bezegi teklip etmeklikden ret etmek-häzirki zaman binagärligiň wajyp prinsyplerininiň biri.

Bu pawilýonyň taslamasy Mis wan der Roeny dünýä belli etdi. 1930-nji ýylda Brennede Tugendhatanyň jaýyny gurýar. Barselinada tekizlikleriň we materiallaryň üýtgeşik bir oýuny ýaly hasap ediljek zat bu ýerde ýaşaýyş jaýyň täze konsepsyýasyna öwrüldi. Tugendhatanyň jaýy ýapgytda ýerleşýar. Otaglary iki gatda ýerleşdirip, Mis bu ýapgytly eýsem oňat ulanýar. Ýokarky gatda geçelgäniň bir tarapynda ýatakhanalar, beýleki tarapynda bolsa garaz we sürüjiniň öýi ýerleşýär. Bu jaýa baýyr tarapyndan barsaň, açyk geçelgeden meýdana indirilmäniň görnüşi açylýar.

Birmarşly basganjak meýdana tarap aşakdaky gata eltýär. Bu gatyň esasy bölegini ölçeglere 15-24 m deň bolan umumy otag eýerleşýär. Ol otag araörtükler bilen girelgä, ýaşaýyş, maşklar we naharhana zolaklara bölünýär. Bu giňişlik kompozisyýasy bilen Mis wan der Roe esasy göwrümi kiçi böleklere bölüp, onuň birligini ýitirmän, buýrujynyň talaplaryny öz prisyplerine laýyk alyp göz öňüne tutmagy başardy. Tugendhatanyň jaýy öz owadanlygy bilen häzirki zaman ýaşaýyş jaýlaryň klassiki nusgalarynyň salyp bolar.

Otaglaryň şeýle meýilleşdimegiň ideýasy soňra başga meseleleriň çözgüdinde hem ulanyldy. 1927-nji ýylda Ştutgartda Werkbundyň uly sergisi geçirildi, oňa daşary ýurtdan belli binagärler çagyryldy. Çagyrylan binagärleriň hersi ýaşaýyş jaýynyň ýa-da jaýlaryň toplumynyň taslamasyny taýýarlap getirmelidi.Olara

gözegçilik Mis wan der Roe tabşyryldy. Onuň özi hen köpgatly ýaşaýyş jaýy gurdy. Ol jaý karkas desga ýaly gurulan, munuň üstüne hem basganjak kletka we sanitar-tehniki otaglar bilelikde binanyň merkezini gurýarlar. Bu ýerde Tugendhatanyň ýaşaýyş jaýyndaky ýaly, Mis wan der Roe meýilleşdiemegiň erkinligini saklamagyny synanyşdy.

1938-nji ýylda Mis wan der Roe Amerika göçýär. Ol wagta çenli onuň taslamalary boýunça gurlan binalaryň sany uly däldi, ýöne olaryň täziri örän ulydy. Ol täsir her bir problemany soňuna çenli aňlamakdan baglydyr. 1938-nji ýylda Çykago şäherinde ýerleşýän Illioýs tehnologiki institutynyň binagärlik bölüminiň müdüriniň ornuny eýelände, ol öz maksatnamasyny aýtdy: "Biz öz döreden zadymyzy olaryň niýetlenişine laýyk bolmagyna aňymyzy ugradýarys. Biz olaryň içinde ot ýanar ýaly özümize goýýarys…".

Amerika baranyndan soň ol Çykagoda Illinoys Tehnologiki institutynyň taslamasyna we gurluşygyna teklip alýar. Mis wan der bu degada bir modul ulgamyny ulanyp, tekizligiň we göwrümiň birligini ýüze çykarjak bolýar. Bu ulgama ol otaglaryň meýilnamasyny, aýry binalaryň arasyndaky uzaklyklary we fasadlaryň bölünişi boýun edýär. Gurnamalar polatdan edilen, binagäriň elastynda diňe standart gurluşyk elementleri bardy. Polat gurnalaşyna ulanylşy ýönekeý gönibürç şekillere eltýär, ýöne Mis wan der Roe zawodda ýasalan görnüksiz önümlere binagärlik ähmeti bermegiň usullaryny tapýar. Proporsyýalaryň garmoniýasy bilen, serişdeleriň azlygy we kompozisyýanyň takyklygy bilen Illinoýs tknologiki instituty Misiň döredijiliginiň ýokary derejesi boldy. Soňky 10 ýylyň içinde Mis wan der Roeny esasan iki problema gyzyklandyrýar: ýokary gatly ýaşaýyş jaýlar we uly gerimli örtükler. Ol öz desgalarynyň sadalygyna ymtylýar: "Olar sada bolmaly, olar hem sada, ýöne olar primitiw dälde, ajaýyp sada bolmaly." Mis üçin sadalyk ýönekeýleşdirmek däl, bu kyn meseläni çözmeklikde esaslanyp sada bolan sadalyk. Mis wan der Roe muny şeýle düşünýär.

Çykagoda Leýk-Stor-Draýwda ýokary gatly jaýlaryň gurluşygynda aýnadan edilen ýokary gatly jaýyň ideýasyna gaýdyp gelýär. Şol wagtlar ol arzuw hasap edilen bolsa, indi hakyky gurulan desga öwrüldi. Öz binagärlik pikirini amala aşyrmak üçin diňe aýna bilen polat ulandy. Ulanylan serişdeleriň azlygy bilen, binagärlik şekiliniň görki bilen esasy ideýasy "näçe az bolsa, şonça-da gowy" ýüze üýkyp durdy. Şol sadalyk jaýyň planirowkasynda hem görünýär. Inžener enjamlary ýerleşen merkezi ýadrosynyň daşynda aýry öýleriň ýatakhanalary we ýaşaýyş otaglary ýerleşýär. Illinoýsda tehnologuku binagärlik fakultetiniň binasynyň gurluşygynda Mis wan der Roýeniň öz bütewilik giňişlik konsepsyýäsyny durmuşa geçirmäge mümkinçilik boldy. Bu ýerde giňişligiň yzgiderligi, Mangeýmdaky teatryň taslamasynda ýaly, potologyň fermalara aşylmagy amala aşyrylýar. Beýik bolmadyk araçäklendirijileri ulanyp, binagär giňişligiň bütewiligini saklamagy we onuň ritmiki düzümini öňe çykarmagy başardy. "Krounhollyň" bölünmedik uly zaly niýetlenşine görä dürli ýyllyklaryň taraplary üçin çyzgy zaly ýaly ulanyp bolarmy, diýip sorag çykdy.

Ýöne bu soraga Mis wan der Roe akuztik we görünmezlik izolýasyýanyň ýetmezçiligine howanyň we ýagtylygyň uly mukdary garşy durar diýip jogap berýär. Hokmany izolýasyýany talap eýän otaglar, ýagny okuw otaglary,

mugallymlar otaglary we ustahanalar, sokol gatda ýerleşenlikleri sebäbi desganyň daşky görküniň içki giňişligi bilen bitewiligi mümkin boldy. Giňişligiň bular ýaly täze teklibinde ýüze çykýän şahsy soraglar entek öz çözgütlerine garaşýarlar. Emma bu günler zat eýýam belli-Mis wan der Roe  häzirki zaman binagärliginiň ösüşine uly täsir eden giňişligiň täze gözýetimini ilkinji gezek teklip etdi.

Onuň ideýalary we binagärlik diliniň takyklygy häzirki zaman binagärlige uly täsir etdi. Mis wan der Roýe biziň zamanamyzyň beýik binagärleriniň hataryna girýär.








BAUHAUS



## III. 1917-1990-nji ýyllaryň binagärligi

### Le Korbýuzýe

Le Korbýuzýe (1887-1965) we oňa mahsus bolan özboluşlylyga düşünmek üçin onuň desgalaryna aýratyn bir hadysa hökmünde garamaly däl-de, eýsem onuň birnäçe kitaplarynda we makalalarynda beýan eden pelsepewi garaýyşlar esasynda seretmeli. Şol bir wagtyň özünde hem suratçy hem heýkeltaraç bolup, sungatyň w ebinagärligiň sintezini tapmaga ymtylýar. Ýigriminji ýyllaryň başynda ol diňe bir öz gurluşygy bilenem däl-de, geljekgi döwrüň binagärligi baradaky pikirleri bilen meşhur bolupdyr.

Le Korbýuzýe (Şarl Eduard Žannere Gri) 1887-nji ýylda Günbatar Şwesarianyň Lýa-Şo-de-Fon diýen ýerinde eneden bolýar. 1917-nji ýyldan bäri Parižde işleýär we ömrüniň köp bölegini şol ýerde geçirýär. Şol döwürde Fransiýanyň jemgiýetçilik durmuşynda binagärlige bolan garaýyşlar, şekillendiriş sungatyna bolan garaýyşlaryň tersine, köne döwrüň konsepsiýalaryna we formalaryna esaslanypdyr. Le Korbýuzýe öz döredijiliginde ýalňyz bolupdyr we özüne ünsi çekmek üçin pikirini beýan etmäge gerek bolanyndan has artykmaç çürt-kesik formulirowkalary ulanmaga mejbur bolupdyr.

Demirbeton konstruksiýalaryň giň mümkinçiliklerine Le Korbýuzýe Ogýust Perreniň kömegi bilen düşünýär we onuň ussahanasynda 1908-1909-njy ýyllarda işleýär. Demirbeton Le Korbýuzýeniň foma hakyndaky pikirlerini durmuşa geçirmäge kömek berýän materiala öwrülýär. Az gatly sanly direglerden ybarat bolan demirbeton karkasy hem goraýjy, hem agram göteriji funksiýany ýerine ýetirýän daşdan edilen göwrümli diwarlardan el çekmäge mümkinçilik berýär. Diwarlar agram göteriji funksiýasyndan azat bolanlaryndan soň ara goraýjy diwarlar indi islendik tertipde ýerleşdirilip bilner, daşky diwalrlarda dürli ölçeglerdäki penjireler edip bolar, bu bolsa konstruksiýasnyň berkligine täsir etmez.

Le Korbýuzýeniň binagärlik dili diňe geometriki formalar bilen çäklenen. Bu bolsa onuň diňe bir ýönekeý geometriki göwrümleriň taraplary bolmagyna däl, eýsem fasadlaryň bölünmeleriniň hem geometriki gurluşda bolmagyna täsir etdi. “Biziň döwrümiziň binagärleri binanyň daş görnüşini geometriýanyň kanunlaryna boýun etmekden çekinýärler. Häzirki döwrüň gurluşygynyň uly meselelerini diňe geometriýanyň kömegi bilen çözüp bolar”- diýip, Le Korbýuzýe belleýär. Muny aýtmak bilen ol demirbetona mahsus bolan çeperçilik mümkinçiliklerini ulanmakda özüni çäklendirýär. Muňa garamazdan ol yzygiderli we ýönekeý, göwnüňi göterýän binagärligi döredýär. Le Korbýuzýe XX asyryň başlarynda düzen estetiki nazyryýeti aşakdaky prinsipleri özünde jemleýär:

1. Diwarlaryň agram göteriji we ara goraýjy funksiýalary biri-birinden aýrylan. Azat duran sütünler jaýyň birinji gatyny ýerden ýokaryk galdyrýar. “Howada gaýyp ýören jaýyň aşagynda bag ýerleşdirilen”. Le Korbýuzýe jaýy ýokaryk galdyryp we onuň aşagynda gök meýdany dowam edip, tebigat bilen täze baglanyşygy döredýär. Raýtyň kyn konfigurasiýaly ýaşaýyş jaýlaryndan ýa-da Mis wan der Roenyň irki taslamalaryndan tapawutlylykda Le Korbýuzýeniň Sawua willasy aýdyň ýapyk göwrüm bolup durýar.

2. Jaýyň geometriki göwrüm çözgütli görnüşine düz örtük jogap berýär. Eýýam onýyllyklaryň dowamynda täze materiallary ulanmak arkaly suw geçirmeýän örtügi we içki suwakgydy gurnamak mümkinçiligi bardy. Düz örtügi onuň üstünde bag-terassany gurnamak üçin ulanmady. Şeýlelikde tebigat geometriki formalaryň aýdynlygyny bozman, ýaşaýyş zonanyň içine girýär.
3. Karkas konstruksiýada mümkin bolan erkin planirowka eýýäm Ogýust Perre tarapyndan Parižiň Franklin köçesindäki jaýda ulanldy. Le Korbýuzýe "erkin plany" Sawua willasynyň taslamasynda ulanyldy. Agram göterijilik funksiýasynyň doly karkasa geçirlimegi her gatyň ara goraýjy diwarlaryny dürli-dürli ýerleşdirmäge mümkinçilik berdi. Diwarlaryň ýerleşdirilişi diňe otaglaryň funksional tarapy bilen kesgitlenilýär.
4. Agram göteriji karkasyň diregleri maýgak meýilnama bilen gönümel baglanyşykda bolup, fasadyň tekizliginden üçräkde ýerleşen. Şonuň üçin fasad erkin çözülip biler; penjireler bir burçdan beýleki burça çenli diwaryň bütin inini eýeläp biler.
5. Gorizontal lenta görnüşli penjireler daşky görnüşiniň bitewiligine hyzmat edýär we ulanylan konstruksiýadan logiki taýdan gelip çykýar. Lenta görnüşli aýnalaryň dürli jaýlarda ulanylmagy (Meselem: Ženewadaky Milletler ligasynyň köşgi – 1927 ýylyň taslamasy, Sawua willasyý–1928–1930 ýyllar), şol döwürde Le Korbýuzýe üçin göwrümiň içki bitewligi we daşky gurnalyşy däl-de, kesgitli geometriki şekilleriň uanylmagynyň möhümdigini görkezýär.
Le Korbýuzýe gaýta-gaýtadan täze döwrüň ýaşaýyş jaýlarynyň esasy prinsiplerini işläp çykarmaklyk meselesine gaýdyp gelýär. Ol ýaşaýyş jaý binagärçiliginiň pese gaçmagyny öýleriň täze döwrüň talaplaryna laýyk gelmeýänligi bilen düşündirýär. Geljek döwrüň ýaşaýyş jaýlaryny we olara bolan talaplary öwrenmegiň maksatnamasyny düzmegi wajyp hasaplaýar. Tehniki döwürde ol öz niýetlenen ýerine doly jogap berýän we şol bir wagtyň özünde täzeçe gözel görnüşe eýe bolan zatlary tapdy. Parahodlaryň, uçarlaryň we awtomobilleriň özgertmeginiň, diňe olara bolan talaplaryň anyk maksatnamasy düzülenden soň mümkin bolandygyny aýdýar. "Uçarlary ýasan ylym olaryň daşky görnüşi bilen gyzyklanmandyr, bu ylym kesgitli meseleleriň maksatnamasy düzülip we şol meseleleriň üstünlikli çözülmegi netijesinde gelip çykýar. Uçary guş ýa-da teneçir diýip göz öňüne getirilmeli däl. Oňa uçmaga kömek berýän maşyn hökmünde seretmeli".
Tiz wagtdan ol ahyrynda agyr netijelere elten pikirini "öý-ýaşaýyş üçin ulag" aýtdy. Häzirki zaman binagärligiň kritiklreri bu sözleri alyp göterdiler. Emma olar ýaşaýyş jaý taslamasynyň maksatnamasyny edil ulagy konstruktirlemegiň maksatnamasy ýaly doly we çürt-kesik düzmeli diýen manyny göz öňünde tutdylar. Le Korbýuzýe bolsa, diňe bir ýaşaýyş jaý gurluşygynyň golaýyndaky tejribeçilik meselelerini hasaba almaklyga däl, adamyň ähli hajatlaryny ýüze çykarmaklyga–da maksatnamanyň anyklygy diýip düşünýär. Ol pikiriň arassalygy we düşnükliligi, jemgiýetiň aňynyň azat ösmegi ýaly moral faktorlaryň binagärlik döredijiligi üçin wajypdygyny we şol bir wagtyň özünde binagärligi sungat hökmünde görkezmegi isleýär.
Ştutgartyň Weýsengof obasynda 1927-nji ýylda öz öýüni guranda, öýüň üçiki planirowkasy arkaly "adamyň hajatlaryny ýerine ýetirmek" we maksada laýyk

gelmek ýaly meseleleriň çözgütlerine ýetilýär. Meselem, aşhananyň we hyzmatkäriň otagynyň, özara ýerleşişi; aşhananyň, naharhananyň we umumy otagyň yzygider ýerleşişi we ş.m. Emma Le Korbýuzýeniň binagärlik konsepsiýasy munuň bilen çäklenmeýär; iki ýarusly otaga çatylgy kiçiräk otaglar – onuň esasy elementi. Iki ýarusly otag öz köklerini anglosakson öýünden alyp gaýdýar. Beýik bolmadyk naharhanadan giň umumy otagaa geçmek, ýokarky gatyň galereýasyndan aşakdaky otaglara seretmek we aşakdaky otagdan öüň jümmişine, ýagny, galereýa seretmek, giň aýnalardan ýaýylyp duran meýdana seretmek – bularyň hemmesi giňişlik duýgusyny döredýär we durmuşy duýmagy baýlaşduyrýar. Görä daşky dünýä oýüň üçine girýän ýaly. Örtükdäki terassa we binanyň daýanyp duran sütünleriniň arasyndaky giňişlik tebigat bilen baglanyşygy döredýär. Bularyň ählisi mehaniki taýdan işleýän apparata öwürmegi baradaky günäkärlemeleriň ýalandygyny subut edýär. Diňe ýigriminji ýyllaryň aýagynda Le Korbýuzýe üçin öz binagärlik ideýalaryny uly taslamalarda we gurluşyklarda durmuşa geçirmeklige mümkinçilik döredýär.
1927-nji ýylda ol Ženewadaky Milletler Ligasynyň taslamasynyň konkursyna gatnaşýar. Jaýyň göwrümleri bir umumy blokda edilmän, funksiýalaryna laýyklykda bölünipdir. Kölüň boýunda uzalyp ýatan esasy korpusda plenar oturşyklar üçin niýetlenen 2600 adamlyk trapesial görnüşli zal ýerleşdirilen. Onuň yzynda administratiw korpusy bolup, ol ýerde kiçiräk ölçegli zallar ýerleşdirilen. Beýik bolmadyk uzyn jaýlar landşafta ajaýyp görnüş berýär. Administratiw korpusda Le Korbýuzýe öz esasy prinsipleriniň ählisini durmuşa geçirýär: direglere daýanyp duran göwrüm, planyň we fasadyň erkin gurluşy, örtügiň üstündäki bag, fasady keseligine bölmek. Ýygnak geçirilýän zal onuň kompozision merkezi bolan tribuna tarap inçelýär. Parabola şekilli örtük hem şol ugur boýunça peselýär. Konstruksiýanyň bir ugurly ýerleşdirilmegi netijesinde göwrüm we akustiki taýdan örän amatly çözülipdir: asma potolok zalyň uzynlygyna tarap ýatan iki progonlara berkidilýär. Funksional, konstruktiw we binagärlik çeperçilik hyýallaryň toplumlaýyn durmuşa geçmegi zalyň täze özboluşly formasyny döretmäge mümkinçilik berdi. Bu bolsa, uly konsert zallarynyň binagärligine we beýleki köp adamlyk zallara uly täsir ýetirdi.
Le Korbýuzýe tarapyndan ýerine ýetirilen taslamalaryň içinde Pariždaky şweýsar talyplarynyň umumy ýaşaýyş jaýynyň taslamasy has hem saýlanýar. LE Korbýuzýeniň mydama ymtylan ideýasy, ýagny ýeriň ýüzünde gaýyp ýören binanyň ideýasy bu ýerde has yzygider çözgüde eýe boldy. Binanyň birinji gatynda alty sany goşa direg bolup, olar fasadyň daşky çyzygyndan has içiräkde ýerleşen we uzyn progonlar bilen baglanyşýar. Konstruksiýanyň bu anyk elemntleriniň üstünde dört gatly korpus bolup, onuň daşy, kostruksiýany doly gizleýän penjireler we plitkalar blen ýüzlenen. Bütin kompozisiýa şeýle dartgynly kontrastda düzülen.
Otuzynjy ýyllarda Le Korbýuzýenyň abraýy beýgelýär. Binagärlik komitetiniň teklibi boýunça Braziliýanyň häkimligi ony Rio-de-Žaneýrodaky Magaryf Ministrliginiň gurluşygyna gatnaşmaga çagyrdy. Bu taslamanyň üstünlikli gutarmagy Günorta Amerikada häzirkizaman binagärliginň ýaýramagyna ýardam berdi. Täze brazil döwleti Le Korbýuzýeniň pikirlerini durmuşa geçirmek üçin gerek bolan şertlerini üpjün etdi. Günorta Amerikada bolan wagtynda Le

Korbýuzýe taslamanyňä iki wariantyny işleýär. Bular onuň gutarnykly çözgüdine uly täsir etdi. Gurulan bina Le Korbýuzýeniň ideýalaryny doly açyp görkezýär. Dikligine goýulan inçe plastina görnüşli bu binanyň masştablaryny onuň töweregindäki pessejik jaýlar has hem uly görkezýär. OL uzyn tegelek direglerde dur; birinji gatyň meýday pyýada hereket üçin ulanylýar. Demirgazyk fasadyny günden goramak üçin Le Korbýuzýe Barselonada we Afrikada işlän taslamalaryndaky ideýany ulanyýar, ýagny penjireleriň öňünde hereketlenýän žalýuzi gurnaýar. Olar bolsa fasada ütgeýän ritmiň görküni berýär.
Soňky ýyllaryň taslamalarynda Le Korbýuzýe öz göniburçly geometriki gurluşly şekillerden ýüz döndirip, umumy göwrümiň has plastiki häsiýete eýe bolmadygyny nygtaýar. Onuň irki işleriniň kä birinde bu tendensiýa eýýam bellenipdi, emma öňki işlerinde ol bütin göwrüme degişli bolman, diňe aýratyn bölekler bilen çäklenýärdi. Olar bolsa geometriki takyk göwrüm bilen uly kontrasty emele getirýär. Muňa mysal edip Sawua willasynyň örtügini ýa-da garşydaky willanyň içki ara goraýjy diwarlaryny aýtmak bolar. Diwar elementleriniň şeýle erkin görnüşde çyzylmagy, olaryň giňişlikdäki maýşgak çözgüdi Le Korbýuzýenyň estetikasynda işläp çykaran “erkin plan” ideýasyndan gelip çykýar. Ýeke bir aýratyn elementiň däl-de, eýsem bütün göwrümiň maýşgak häsiýete eýe bolmagy binagäriň geometriki prinsiplerinden ýüz öwürmegi bilen mümkin boldy. Onuň giçki desgalary eýýam konstruksiýa bagly bolman, erkin forma gurluşdan gelip çykýar.
1950-1953-nji ýyllarda Le Korbýuzýe Ronşandaky Notr-Dam kapellasyny gurýar. Bu desga onuň maýşgak forma baradaky täze pikirlerine doly jogap berýän ilkinji desga. Kapellanyň depäniň üstünde ýerleşmegi binany gurşap alýan tebigat bilen baglanyşdyrmaga kömek berdi. Serkowyň içi (interýeri) günorta tarapdaky diwarda oýulyp ýerleşdirilen birnäçe penjireler bilen ýagtylandyrýarlar. Penjireleriň örän kiçijik bolmagy daşky diwaryň maýşgaklygyny has hem aýdyň görkezýär. Örtügi howada gaýyp duran ýaly, binanyň göwrüminden bir az ýokaryk galdyryp, oňa bary ýogy birnäçe nokatlarda direýär. Üç sany diň hem toplumyň maýşgak konsepsiýasyna doly jogap berýär.
Le Korbýuzýeniň döredijilik pikirlerinde durmuş we binagärlik organizmi hökmünde şäher esasy orny eýeleýär. Ol “häzirkizaman şäherini” nähili göz öňünde getirýändigini köpsanly şähergurluşyk taslamalarynda (“Häzirkizaman şäheri” 1922, “Wuazenyň plany” 1925, “Parižiň baş plany” 1937) beýan edýär. Le Korbýuzýe “Nurana şäher” atly işinde meandr görnüşli jaýlaryň bloklarynda we aýry duran jaýlaryň anyk gruppirowkasynda jaýlary syk ýerleşdirmekden gaça durýar. Ol bu meseläni arasynda ep-esli gök ekinli meýdana ýer goýup, köp gatly jaýlary ýerleşdirmek arkaly çözýär. Bu ekinli meýdan sütünleriň üstünde duran jaýlaryň aşagyndada dowam edýär. Jaýyň aşagyndaky boş giňişligi sport meýdançasy, dynç alyş ýeri we pyýada hereket üçin ulanýar. Senagat jaýlary ýörite industrial zonalarda ýerleşdirilen. Administratiw we medeni binalary beýleki raýonlarda ýerleşdirilen.
“Häzirkizaman şäheri” şol hyýallygynda galdy. Oňa öz konsepsiýasynyň esasy bölegini durmuşa geçirmek başartdy. Marseldaky bir umumy ýaşaýyş kompleksi munuň aýdyň mysaly. Ol durmuş hajatlaryna zerur bolan dükanlar, çagalar bagy,

myhmanhanalar, saglyk öýleri bilen üpçün edilen, doly hereket edýän organizm. Her öý iki gaty eýeleýär. Şeýlelikde, bu ýagdaýda-da iki ýagtylykly otagy saklamak başartdy. Uly öýler jaýyň bütün inini tutýanu üçin ýelejiretme bilen üpçün edilen. Jaýyň ölçegleri Le Korbýuzýe tarapyndan işlenip çykarylan modul ulgamy bolan modulor esasynda düzülen. Ol onluk ulgamy adamyň göwresine laýyk gelýän ölçegler bilen çalyşmagyň synanşygy.

Le Kobuzýe adaty ýaşaýyş jaýlary gurmak bilen çäklenmeýär. Ol täze jemgyýetiň täze binagärligini görmekde öz döwründen has öňe gidýän sungat adamsy.

"Afina hartiýasy" we "Ilaty ýerleşdirmegiň üç formasy" atly işleri Le Korbýuzýeniň döredijiliginiň ösen wagtynda döredilip, binagäriň şähergurluşyk konsepsiýasynyň esaslaryny görkezýär. "Afina hartiýasy" CIAM-yň IV kongressiniň netijesi. Bu kongress 1933-nji ýylyň Iýun aýynda "Patras" gämisinde geçirilýär. Oňa görnükli binagärleriň birnüçesi gatnaşdy. Öňde goýulan esasy mesele "hereket edýän şäher" ("funksionalnyý gorod") bolup, oňa dünýäniň 33 sany uly şäherleriň gurluşygynda ulanylan materiallary seljermegiň esasynda seredildi. Le Korbýuzýe "Afina hartiýasyny" manifest ruhunda ýazdy.

"Ilaty ýerleşdirmegiň üç formasy" "Afina hartiýasy" bilen berk baglanyşykly. Ol jemgyýetçilik durmuşyny giňişlik taýdan gurnamagyň esaslaryny öz içine alýar. Le Korbýuzýe bu işinde obanyň täze görnüşiniň, ösüp gelýän senagat şäheriň we durnukly radial, bir ýere ýygnalýan şäheriň shemasynyň esasy prinsiplerini düzdi.

Le Korbýuzýenyň döredijiliginde esasy mesele "adam we şäher" bolup durýar. Ony Galkynyş döwrüniň görnükli binagärleri bilen deňeşdirmezlik kyn. Olary diňe bir adamyň sungatdaky we binagärlikdäki orny baradaky mesele däl-de, eýsem adaty bolmadyk döredijilik ussatlygy hem baglanyşdyrýar.

## Täze jemgyýetçilik sistema we arhitektura

Täze jemgyýetçilik sistemasynyň döremegi. Onyň esasy sozial we döwleti guramada konsepsiýasy.

Täze sozial esaslary, we arhitekturada we şäher gurluşykda ýüze çykan prinsipler.

Arhitektura döredijiligi we öňde durýän täze ugurlar.

Rossiýanyň arhitekturasy, onyň ösmegi we aýry-aýry döwürleri sowetleriň arhitekturasynyň döremegi bilen baglanşykly. Sowet arhitekturasynyň taryhy dört esasy döwürlere bölünýar.

1.Raýatlar uruşynyň we halk hojalygy dikeltmek döwürüniň arhitekturasy (1917-1930ýý.) –Romantizm döwüri.

2.Halk hojalygyň rekonstruksiýasyny gutarylan we Beýik watançylyk urşynyň öňündäki ýyllar (1930-1941ýý). SSSR arhitekturasynyň döremegi.

3.Uruş wagtynyň we urşundan soňky döwrüň arhitekturasy (1941-1954ýý).

4. 1955-1980 ýyllaryň arhitekturasy.

Taslama ussahanasy (A.Şüseýwin we J.Joltowsiniň ýolbaşçylary), Moskwanyň baş meýilnamasyny işläp çykarýarlar.

1920 ýyl ýokary çeperçilk tehniki ussahanasy (ВХУТМАС) döredilýar, soň 1926ý. Ýokary çeperçilik-tehniki instituta öwrülýär (ВХУТЕИН). 1930ý şonyň esasynda üç inistitut döreýär: Arhitektura-gurluşyk, Poligrafiýa we Çeperçilik fakultet. (Tekstil institutynda).

Bulardan başgada döredijilik ussahanalary we özbaşdak arhitektura taslama düzýän guramalar döreýär.

1923ý.-Täze arhitektorlaryň assosianiýasy (А СНОВА) ýolbaşçylary. N.ladowskiý, N.Dokuçaýew, W.Krinskiý.

1925ý-Häzirki zaman arhitektorlaryň birleşigi (ОСА).

A,W.Wesnini, M.Ginzburg. Esasy prinsipileri: arhitekturada öz eýýamymyzy görkezmek.

1928ý.-Rewolýusion urbanistleriň assosiasýasy (АРИ).

1929ý.-Proletar arhitektorlaryň umumysoýuz birleşigi (ВОПРА).

we başgalar.

Uruşyň öň ýüzündäki ýyllarda Sowet arhitekturasynyň (esasanam 1935-40ý) durnukly gitmegine ýol açylýar-esasy taslama döwlet institutlary gurnalyp hemme taslama işleri meýilnama boýunça işläp çykýarlar. Esasy teklipçi döwlet bolup hususy döredijilik ussahanalary ýapylýar. 1943-45ýý. Nebitçileriň Gurýew şäherçesi doly salynýar.(arh. W.Wasilkowskiý).

Uruş döwründe esasy taslama işleri gundogara,orta asiýa respublikalaryna we Urala geçýär. Bu regionlarda köp zawodlary günbatarda göçirilip goýulýar.Uruş gidýän ýerlerinde goranma işleri geçirilýar: Maskirowka uly binalary, döwlet edaralaryny, miraslary we şäherleri. 1710 şäher we şäherçeler kul-peýkun bolupdyr, 70 müň oba, 32 müň senagat kärhanalary. 25 mln ilat jaýsyz galypdyr. Milli baýlyklaryň 30% ýitgä.

Sowet arhitekturasynyň ösmeginde dikeltme döwür aýratyn ähmiýeti bar. Şähergurluşykda merkezi şäherleri dikeltmek: Kiýewi (A.Wlasow), Minskini (M.Parusnikow), Leningrady ( N.Baranow), Stalingrady (K.Alabaýan), Wroneži (L.Rudnew), Noworossiýasnini (B.Lofan) we başgalar.

Wolga-Don kamaly, Demirgazyk Krym we äpet gidroelement stansyýalar gurulýar. Stalingrad şäher täzeden gurulýar: Şäher Wolga tarap açylýar, merkez sistemasy urukýar, uly ansambiler gurulýar, uzynlygy şäheriň sistemasy döredilýär. Işleri Stalingradyň taryhy ähmiýetini görkezmeden ybarat bolýar.

Ýaşaýyş jaý gurluşygy, uly şäherlerde köp gatly ýaşaýyş jaý esasy gurluşyk bolup, olaryň her hili tipleri düzülýär. Seksiýa metallary ullanylyp taşlanylýar.

## 1935-1954 ýyllaryň binagärligi

-Şähergurluşykda rekonstruksiýa işleri, täze şäherleri salmak, şähergurluşyk usullary:

-Şäheriň merkezi we ony täzelemek işleri;

-Täze döwlet we oňa degişli dürli görnüşleri jaýlar, desgalar toplumy;

-Senagat arhitekturasy.

SSSR-de täze sozial durmuşy gurmaga biri-biri bilen sepleşikli bolan meseleleri çözmeli bolýar: Senagatyň, energetiki düwünleriň ýerleşdirmek we olar bilen bilelikde şäherleriň, şäherçeleriň ýollaryň we inžener infrastukturakaryň

çözgüdini işläp çykarmak, ägirt uly meýdanlary özleşdirmek goýulýar. Şäheriň baş meýilnamasyny işläp çykarmak, territirial meýilnamany düzmek, hemde şäher aglomerasiýasyny.

Moskwanyň baş meýilnamasy rekobstruksiýasy  (1935 ý.) Bu uly tejribe iş hökmünde garalypdyr, şondan soň hemme uly şäherleriň meýilnamasyny düzmede nusga bolupdyr: täzeden meýleşdiriliş strukturany düzmek, şäheriň esasy meýdançany gurnamak we onyň töwereginde uly binalary abadanlaşdyrmak işleri.

Täze şäherleri gurlanda olaryň funksiýasyna görä arhitektura-meýilleşen prinsiplerini berjaý etmek. E.Maýyň bir ugurly şäher sistemasy (Çeperçilik, Magnitogorgk-1933ý.) Çärjew 1930ý. Şäher aglomerasiýasyny (A.Linaniskiý), awtozawodyň we başgalar. Köçeleri guňeltmek, meýdançalary abadanlaşdyrmak, baglary we parklaty gurmak.

Senagat binalary we desgalary GIPROMEZ, Promstroýproýekt, Текстилстройпроект, Гидрогоспроект, ЗИС–АМО (1828г.), Газ завод «Кировец», Канал Москва (1932-1937г.).

Ýaşaýyş jaýlar. Seksiýaly tipli, Moskwa. Mohowoý köç. Inžener tehniki işgärler üçin (arh. I.Žoltowskiý). Iri panelden salynan ýaşaýyş jaýlar (1938ý.) A.Burow, B.Blohin, Leningratda–ýaşaýyş toplumy (1936-1941) we başgalar.

## 1955-1980ýý. Binagärligi

-**Arhitekturada täze ugur:** täze usullary gurluşyga girizmek-tipli jaýlaryň taslamasynyň durmuşa geçmegi; esasy gurluşyk-köp gatly jaý; indistrial jaýgurluyşyk; jaýguryan kombinatlar.

-**Şähergurulyşykda** uly ýaşaýyş jaý toplumlary olaryň meýilnamasynyň strukturalary we bölekleri.

-Merkezi ylmy barlag we eksperimental taslama institutlaty.

**Ýaşaýyş-raýat gurluşygy,** adamlaryň jaý meselesini düýpli çözmek, her maşgalada aýratyn kwartirada ýaşamak tertibini döretmek, birinji nobatda wagtlaýyn jaýda, zemin gatda (podwallarda) ýerleşen ilata bermeli teklip döwlet tarapyndan hemme arhitektura-gurluşyk işleriniň täze medotlara geçmegini talap edýär we material-tehniki şertleri döredýär: Uly şäherlerde we merkrzi (respublika oblast) şäherlerde-jaýguruji kombinant salynýar; döwlet taslama institutlary döredilýär we olarda hemme taraplaýyn tipli binalaryň taslamasyny işläp çykarylýar. Tutyş bir tipli köp gatly zawodlaryň çykýan jaýlary bilen şäherlerde täze bir görnüşli ýaşaýyş toplumlar gurulýar. Arhitektura gurluşyk standartlarynyň astynda galýar. Ähli umumy prinsip: arhitekturaň formasyny edil tygşytly hem-de tehnologiki optimal konstruksiýa bilen laýyklykda garamaly.

Şähergurluşykda esasy prinsip: mikroraýonlaryň we ýaşaýyş raýatlaryň sitemasyny gizirmek; täze gurluşygy boş  ýertlerde ýerleşdirmek usullary. Uly magistal ara  teritoriýalarda ýaşaýyş jaý toplumlaryny guramak. Ýene bir ýapaýyş jaý däl eýsem hemme jemgyýetçilik-durmuş, sowda we başda binalar hem zawodlaryň çykarýan konstruksiýasy bilen baglanşykly çözülýar.

Häzirki zaman arhitektura düşünjede köp görnüşli biri-biri bilen meňzeş däl bolan binalaryň ýüze çykmagyny öz içine alýar. Dünýewi binagärliginiň öwrenmekde biz öz talyplarymyza daşary ýurt binagärligi döredijilik işlerini,

teoretiki konsepsiýalaryny, binagärlik we şähergurluşyk usullaryny jemleýji pursatda öwretsek, biz onda Beýik Prezidentimiziň binagärleriň öňünde goýýan uly taglymatyny berjaý etmäge mümkinçilik dörederis. Ýagny biziň binalarymyzyň görnüşleri, şäherlerimiziň abadançylygy dünýä standartlaryna deňlikde guramalydyrys.

Bu umumy sapak okuwyň soňky ýyllarynda edil gutarnykly we talyplaryň geçen ýyllarda öwrenen taryhy hem-de nazaryýeti dersleriniň jemleýji diýip göz öňünde tutulýar.

Öňki öwredilen nazaryýeti materiallar talyplara ýokary derejä çykmagy hem-de ylmy tarapdan jemlemek, çuňňur we arhitektura döredijiligine we arhitekturaň gönezligine nukdaý nazar düşünjesini döreder.

Umumy we amaly sapaklar üstünde öwrenilen ders çuňňur düşünjäni we hemme taraplaýyn bilimli hünärmenleri taýynlamany miýesser edip, Garaşsyz hem-de Baky Bitarap Türkmenistan ýurdumyzyň täze görnüşlerini we görküni döretderler.

## K.S.Melnikowyň döredijiligi

Konstantin Stepanowiç Melnikow (1890-1972ýý.) Rosiýanyň hakykatdan-da ilkinjin binagärlikde awangardy diýip kesgitlenilýär.

“Biz adamlaryň içinde köp gizlinlikler bar, olar sungat we söýgi bilen ýüze çykýar, we olaryň çuňlugy olaryň dowam edijiligi älemiň gurluşygyna deňdir.

Meniň üçin binagärlik barada gurrüň etmek-bu özüm barada gürrüň etmekdir, tersine, eger men özüm barada gürrüň etsem-diýmek binagärlik barada gürrüň ederin.

Binagärlik döredijiligine bagyşlanan edebiýatlar–obýektiw jogaplary gözleýän, bilimli adamlaryň aýdyşy ýaly subýektiwizmiň döremegi däldir. Adamyň işjeň herektli ýaly şahsy güýjüň ýa-da şahsy güýçsizligiň şahadatnamasydyr.

Dürli adamlaryň öňünde goýulan, şol bir binagärlik meselesi, çözgüde gatnaşýan adamlaryň mukdaryna deň, köpjogaplaryň tapawudyny berer. Ýeke täk, hakyky, soňky jogap bolmaz. Olaryň toplumyndan obýektiw netijäni çykaryp bomaýar we hat- da ýönekeý gowy jogaby ýygnap bolmaýar.

Melnikow özüniň tutuş durmuşy, özüniň gynançly ykbaly bilen binagärlikde döredijilik başlangyjyny taryhy manysyny we miweliligini tassyklaýar.

“Sungatda döredijileriň iki gönüşini tapawutlandyrýaryn (şol sanda ylymda we teknikada ) –suratkeşler we hudožnikler.

Suratkeşler-ruhy, göwün, aň we göwre ýagdaýlaryny gönüden göni garaýarlar. Ýazgy etmek, ukyby berilen adamlardyr. Olar dünýäniň manysyny ýüzlenýärler. Olar dymyp bilmeýärler.”

Hudožnikler has gowy zatlary döretmeklige ukyply bolan adamlardyr. Rusça aýdylanda suratkeşleriň elinden ähli zat gelýän hünärmenler diýip atlandyrylsa dogry bolardy. Olar ösüşlere ýüzlenýän adamlardyr. Her suratkeş emma her kim suratkeş däl. Suratkeşe giňmi, çuňmy, darmy tapawudy ýok medeniýete berilendir. Ol bilimli adam için tanalýandyr.

Melnikow ol entek bisiň medeniýetimiziň üstünligi däl. Ol töwereginde şu günki güne çenli biziň binagärligimizdäki hyjuw joşýan, köp binagärleriniň birisidir.

Türkanalyk suratkeş tapawutlanýan häsiýetnamasydyr. Bu ýerde gürrüň ykbal barada gidýar. Owadanlyk özünde çuňňur we suratyň barlygyny ýüze çykarýar. Diňe şeýle owandanlyk dünýäni halas edip biler.

Suratkeş biziň öňmüzde durmuşyň täze giňişliklerini açýar. Melnikow öz ýazgylaryny birinde häzirki zaman binagärligi ýigrimihji ýyllar bilen tüýdüm-tüýdüm edýäris diýip ýazýar. Ol ýalňyşandyr. Häzirki zaman binagärleri ýigriminji ýyllaryň binagärligini tüýdüm-tüýdüm edenoklar. Olar ony bilonaklar.

Biziň nobatdaky ýagdaýlarymyzda Melnikowa ýüzlenmek şeýle bir meşhündir, sebäbi ol diňe bir binagärlik energiýasynyň susup bilmaýan çeşmesi bolman, eýsem ol düýpli oňaýly progmatiki impulslary berýär. Onuň garažlary, pawilionlary, klublary, ýaşaýyş jaýlary (taslamalary we gurluşyklary) binagärlik şygyry hököm sürýan ýerinde, her hili terbiýeçilik, sosial, ykdysady, medeni, gurluşy.Tilsimatly tejribeçilik bolan ýerinde bahasyna ýetip bolmaýan gymmatly sapakdyr.

Onuň desgalarynyň akyl nusgaly baýlygy binagärlik toniki, giňişleýin-ýagtylykly bolmagydyr, ýöne material haşaňlygy, tilsimatly ekzaltirlilik ýokdur. Onuň döredijiligi gurmaklyk we gurluşyk tejribesini ösdürmeklik islegi oýadýar. Ol we beýleki häzirki zaman jemgyýet tarapyndan ýitirlendir we başagaýlyk, galp işjeňlik, howlukmaçlyk bilen çalyşylýar. Biz köp we çalt taslaýarys, az we uzak wagtlap gurýarys.

K.Melnikow öz döredijiligi bilen özbaşdak özboluşly ýollara çagyrýar. Ol biziň hakykatymyza beýleki halklaryň binagärlik we gurluşyk üstünlikleriň mehaniki geçirilmesine garşydyr.

Ol dünýä durmuşynyň sapaklaryny özleşdirmegiň çäklendirilmesi başga topardaky özleşdirilip ýetişdirilen, tekniki ösüşleriň yzyndan ylgaýanlygyny gördi. Binagärlik täziri iş tehniki ösüşlere oýkünmelere çalyşmaklyk bilen çalyşýlar. Bu howp häzirki wagtda-da hiç-hili azaknady. Biziň ýurdumyzyň öňünde nesilden nesle öz giň durmuşy bilen ösýän, biz tarapdan öňde barýan günbatar jemgyýeti bilen aňlanylýan, öz tebigaty boýunça beýlekilere mälim bolmadyk. Meseleler dur: biz öz durmuşymyzyň çuňňur we giň gaýtadan gurulmagyny ösdürmäge borçludyrys. Biz ýetmiş ýylyň içinde üçünji gezek harabaçylykda we ägirt ýurdy giňişleýin özgertmeklik mümkinçiliginiň öňünde mejburdyrys.

Melnikow biziň binagärlik tejribämizi özgertmeklik ýollary, ýokary giňişleýin medeniýeti döretmek ýollary ynanylan köplerden biridir. Eger binagärlik bolup, öz döredijilik güýjüni ýarym asyr saklan, Konstantin Stepanowiç Melnikowa haýsy tebigy ýürekdeşlik we ruhy saglyk bilen zehin berilipdir?

Meni diňe bir Melnikow baradaky sorag gyzyklandyrman eýsem ýigiriminji ýyllaryň tutuş medeniýeti baradaky mesele hem günüme goýmaýar.

Bu suratkeşligiň, döredijiligiň, saryň, binagärligiň hakyky güçli depgin bilen ösmegidir. Suratkeşligiň we binagärligiň kataloglary suratkeşlik we çeperçilik pikirlerini uly joşgunlylyk bilen düşündirýär. Hat-da sagdyn bolmadyk oýaryşly täsir döreýär. Edil howlugyp barylýan ýaly.

Maňa mälim bolan düşündirijileriň aglabasy bu güýçli depginli ösüşi ýetmişinji ýyllar bilen baglanyşdyrýarlar. Meniň üçin bu düşündiriliş ýeterlikli däl. On dokuzynjy asyryň soňky, ýýgriminhi asyryň başy-fosotiýada, sazda, edebiýatda we suratkeşlikde dünýä ýokary üstünlikleri beren täzeden aýaga galan rus medeniýetiniň güýçli depginli ösüşi jemgyýet tarapyndan ykrar edildi.

Wagtyň bu adaty bomadyk baý üstünlikleriniň aňyrsynda Konstantin Stepanowiç Melnikow dur. Ol oňa gurban bolanlaryň iň bir hasratlysydyr.

Halkyň çeperçilik zehinliligi halkyň gurluşly zehinliliginiň birinji şaýady bolup durýar. (Soňa meňzeşlikde, çagalaryň çeperçilik zehinliligi –olaryň gurluşy zehinliliginiň şaýady bolşy ýaly). Biziň döwre bap nessillerimiziň açyk aýdyň çeperçilik zehinliligi biziň täzeden dörtmeklige ynamlarymyzyň belli bir derejedäki subutnamamyzdyr. Ynamlaryň ýetmezligi üçin, ynam gerekdir. Hakyky ynam köp däl. Ol görüjidir, ýnam-akyllykdan we oýanmakdan ýokary, bilimdir. Ynam dünýäni erkiňe bagly bolman görmekdir we bizden berkligi talap edýär. Rus keramty öwredýär: “Umytsyz bolanyňdan, günä edeniň gowy.

Konstantin Stepanowiç Melnikow, rus halky üçin dürli baýlygynyň ýeke täk çeşmesi we halas bolmaguň ýeke-täk mümkinçiligi bolup biljek , dörediјiligindäki ynamy tutuş ömrüniň dowamynda göterip gezdi:



**Pariž Dünýä sergisi (1926ý.)**
**SSSR-iň Pawilýony. Gapdal görnüşi.**




**Binagärlik formanyň gözlegleri. Eskizler.**





**Moskwadaky "Kauçuk" zawodyň kluby.**
**Umumy görnüşi. Gatlaryň meýilnamasy.**









**K. Melnikowyň Moskwada ýaşaýyş jaýy.**

## IV. Binagärlikde awtoritariazm (Italiýada we Germaniýada)

Italiýada şähergurluşygy we awtoritar binagärligini döretmek synaşyklary. Awtoritar düzgüniň binagärligine (arhitektura) we şähergurluşygyna girmedi Italiýada, Germaniýa göräde biraz öňräk başlanýar.

Ýöne tä 1920-nji ýyllaryň ahyryna çenli italiýaň binagärliginde iki döredijilik akymy ýüze çykýar: olaryň biri Neoklagisizm we beýlekisi bolsa funksionalizm bolup oňa italiýanlaryň özi "rasionalizm"diýip atlandyrylypdyrlar. Neoklasizm akymy esasan akademiki binagärlik mekdebine daýanypdyr, ikinji ugur bolsa binagärlik ýaşlar bilen baglanyşykly bolup, ol futurizmden geçipdir we indi bolsa uly höwes hem-de dolylygy bilen umumy ýewropa funksionalizmiň stilistiki konsepsiýalaryna berlipdir.

Şol döwürde binagärler Trukki, L. Nerwi we olaryň pikirdeşleriniň döreden binaly arkaly Italiýa, Ýewropa binagärlik makdepleriniň arasynda mynasyp orun tutýar. Ýöne esasan şu progressiw ugur ýiti tankytlara ýolbaşçy ugurlar tarapyndan sezewar edilýär. 1926-nji ýylda Italiýanyň döwlet awtoritarizmi gutarnykly (tamam edilýär) derýä ýetirilýär. Şol yldan başlap "bu düzgünlere garşy adatdan daşary kanunlar" atly "Latern şertnamasy" bilen awtoritarizmiň ugry boýunça edebiýata, ylma we sungata garşy ideologiýa hüjümi başlandy. "Rewolýusiýa" diýip guralan sergi bolsa döwürde Italiýada awtokratizm sungatynyň döräp başlandygyny görkezýär. Bu düzgün adamlaryň, aýratynam ýaşlaryň aňyna adalatly döwlet gurluşyk gurulýandygyny we onuň hatyrasyna janyňy aýaman, özüňi pida getirip zähmet çekmeli diýlen pikiri ornaşdyrýardylar. Ýöne binagärligiň funksional ugry bilen bir hatarda binagärçiligiň "klassiki" ugurlarynyň wekilleri hem propogandany edýän režimi goldamadylar. Bu düzgüniň ýolbaşçylary özüniň esasy baş ygrsyny binagärçiligiň funksional ugruna garşy urdylar. Erkin pikirlilik siýasy düzgün bilen ylalaşyp biljek däldi, oňa doly boýun egýän halk köpçüligi gerekdi, özem bu adamlaryň öňe sürýän pikirlerini gürriňsiz we doly derejede gollaýan adamlar gerekdi. Olaryň esasy lozungalary "ynanmak" boýun egmek, göreşmek" bolup, olar zähmetkeş we raýat halkyň doly boýun egmekliginde ýerine ýetirilýärdi. Faşist Döwlet başyna geçen adamlar iň adalatly gurluşy guryanlygyny beýän edýärdiler. "Duçe" Mussolini Italiýada awtoritar döwlet gurluşygyna ähli ugurlar boýunça öz eline aldy we hemme işlere goşulyp, onuň görkezmelerini talap edýärdi. Ýöne italiýan şäherleriň awtoritar düzgünleri tarapyndan zor bilen ýokardan görkezmek awtoritar stiliň meýýileşdiriş aýratynlygy nämeden ybarat bolupdyr iki sany gowy täze şäherleri deňeşdirmek bilen olaryň meňzeşdigini ýa-da aýratyn tapawutlydygyny bellemek mümkin däl. 1930-njy ýyllarda hittorio we Sabaudiýa şäherleri gurulýar. Iki şäher hem döwlet serişdeleriniň hasabyna maýyplar üçin gurlupdyr. Olara ýörite ýer bölünip berilipdir. Şäherler obahojalyk häsiýete eýe bolup, ikisem deň derejede ýuridiki hukuk düzgünlerinden peýdalanypdyrlar. Az gatly jaýlardan ybarat bolup, köpçülik guramalarynyň, meýdançalarynyň kybatdaşlygy, olaryň meýilleşdiiş we gurluşyk usullarynyň ýakynlaşmagyna alyp barylypdyr. Littoriýanyň şäheriň meýilnamasynda köçeleri biri-birine perpendikulýar we diagonal görnüşde ykjamlaşdyrylan merkezleşdirilen sekizburçlyk görnüşde bolup, ahyrky derýa

çenli geometrikileşdirilen bolsa Sabaudiýa inžener has özbaşdagyrak meýdanda ýerleşýär. Littorio döreýiş eýýamynyň hyýaly “ideal şäherlerini” uzakdan ýatladýan “çyzgylara meňzäpdir. Sabaudiýa bolsa dogrusy Angliýanyň şäherlerine meňzeşligi ýatlanypdyr.

Şäherçeleriň meýilleşdirişindäki şeýle aratapawutlyklar, belli bir döwürde, seretmezden, awtoritar Italiýada jemleşdirilen, ykjamlaşdyrylan ygtyýarly ýöriteleşdirilen hemmeler tarapyndan kabul edilen şähergurluşyk prinsipleriniň ýoklugyna şaýatlyk edýär.

Hakyky iş ýüzünde Sabaudiýa we Littoriýa ýekejede üns berip sereder ýaly, öwrener ýaly, riginal usulary, meýilnamalary, gurluşyk binalaryny görkezip bilmediler. Littoriýanyň baş meýilnamasy prowinsiýallygy we yzagalaklygy bilen geň görünýär. Hatda has gowurak meýilnamalary bolan Sabaudiýa hem bireýýäm dünýä meýilleşdiriş tejribesinde orun tapan “kurdoner” we “kütekleýin” gurluşyk usullara öz ornuny tapmandyr. Bu taýda tutuşlaýyn perimetrial görnüşde jaý goýmak ýaşaýyş jaýlar köçeleriň edil gyrajygynda ýerleşdirilipdir.

Meýilleşdirijileriň esasy aladasy harbylaşdyrylan guramalaryň dabaraly marş bilen geçmegine iň gowy şertleri döretmek bolupdyr.

Binagärler köp adamly ýörişleriň geçmegine iň gowy şertleri döretmeklige çalşypdylar. Köçeler paratlar geçirmeklik üçin amatly edilip göni ugurlar boýunça gurlupdyr. Ýöne olar häzrki döwrebap hasaplanýan tehniki gurluşyk (toneller, estakadalar, howpsyzlyk adajyklay we başg.) üpjünçiligi berjaý edilmändir.

Şol döwrüň özüne kybatdaş ýokary taraplaryna görä we bu taraplaryň binagärlige, suratkeşlige we heýkeltaraşlyga gönükdirilmegi netijesinde radikal stilde üýtgemeleriň bolmagy tebigy ýagdaýda eýe boldy. Binagärçiligiň we sungatyň esasy uzak geljege gönikdirilen futuristleriň gözlegleri eýýäm şowsyzlyga uçrapdy. Funksionalizm hem şol döwrüň talaplaryna gabat gelip bilmänligi sebäpli italiýanyň – binagärlik döredijiliginde iki taraplaýyn garaýyş sezewar bolsada diňe ýeke ýola, ýagny geçmişe, klassiki sungatyna ýüzlenmek galdyrypdyr. Italiýanlar hemişede özleriniň “populis romanus” sungatynyň binagärliginiň dowamatylygyna guwanýardylar we olaryň döreden beýik latin medeniýetine dahyllydyklaryna ynanýardylar. Şu sebäplere göräde gadymy edebi sungat çeşmelerinden gözleglerde gadymy Rim nesil sungatyna artykmaçlyk berip ýüzlendiler.

Bu latinizmiň ýagny döwür sungatynyň dar milletparazlyk gözýetimlerinden geçirilmegi şol döwrüň awtoritar Italýan umumy stiline we ugruna öwrülmegi bolup geçdi. Şol otuzynjy ýyllaryň baş italiýan esasy ugry binagärlik sungatynda gadymy rim binagärçiligi bolup, olaryň içinde renesansyň tarapgärleri, romal sitiliniň we hatda gotikleriň hem talapgärleri bolan bolsa, Italiýanyň koloniýalarynda birnäçe gezek arap binagärçiligini dikeltmek synanyşyklary hem bolupdy. Italiýanyň şol döwürdäki awtoritar binagärçiliginiň ýüze çykyşyny we ösüş tapgyrlaryny öwrenmek bilen, onyň ykbalynda Mussoliniň onuň hut özüniň ýurdy dolandymagyň ähli ryçaglaryny öz elinde saklamagyny göz öňünde tutup, onuň roluny, ähmiýetini bellemän geçmek bolmaz.

Mussoliniň hut özi neoklassiki ugruň uly binagärçisi Marçello Pýançetini sütün elemntlerinden ybarat bolan awtoritar döretmäge buýurýar. Emblema

taýajyk bogunlary görnüşde baglanyp, olaryň arasynda paltajyk bolmaly W.J.Pampeliň adalatly belleýşi boýunça kesgitlenýär diýip sadalyk bilen çaklapdyr. Gepiň gerdişine görä bellesek order düşünjesi hem öz içine diňe bir göterýän däl, eýsem binanyň göterilýän böleklerini hem (öz içine) alýar. (başgaça aýtsak hem sütünler hem antablement özara bölümlemeýän organiki arabaglanşykda durýar); Stil düşünjesine degişlilikde bolsa, öz order bilen deňeşdirilende has giň we çylşyrymlydy.

Binagärligiň taryhynyň görkezişi ýaly käbir stilerde (mysal üçin barokkada) klassiki orderler hiç hili täzeden işlenmezlikden ulanylan bolsa, şol bir wagtyň özünde köp sanly beýleki (stiller, ugurlar) hiç hili order ulgamy özünde saklamandyr.

Emma bu elementar ýönekeý hünärmentçilik hakykatlary akyldar awtoritar ýolbaşça nämälim bolanlygy sebäpli, täze stil gözlegleri nädogry ýola gönikdirilipdir, bu bolsa tektoniki logikany ýüzky dekorasiýa bilen çalşypdyr. “Mussolini sütünleriniň” aýratyn giň ornaşdyrylmagy Bolsinoda bolup geçipdir, munda awtoritar hökümet italýan esgerlerine ullakan monument ýadygärligini gurup oturtmak bilen hormatlamak isläpdir. Ýadygärlik monumentiň awtory Marçello Pýançentini bu ýadygärligi özbaşdak derweze öz sütünleri bilen duran görnüşde göz öňüne getiripdir.

Adalatyň hakykaty bu monumentiň birnäçe edebi mynasybetligini bellemk gerek diýip hasaplaýar. Bu ýadygärlik gadymy Rim triumfal arkalaryny ýada salýar, ýöne awtoritar ýolbaşçynyň erkini gürrüňsiz ýerine ýetiriji. Pýançetini Liktor paltajygy bilen çalşypdyr, ony bolsa ägirt uly möçbere çenli ulaldypdyr we ýiti ýüzüni tamoşa tarap gönükdiripdir. Paltajyk, netijede, elhenç gorkuly ganhoruň paltasyna öwrülipdir, sütünler bolsa öz erkinligini iň möhüm gutarýan böleginde ýetiripdir.

Mussoliniň rezuminiň ündew edýän we göze görnükli etmekçi bolýan işleriniň aýratyn mysal bolup Rimiň şol döwürde rekonstruksiýa edilmegidir. 1931-32 ýý. düzülen Italiýa paýtagtynyň abadanlaşdylmagynyň meýilnama taslamasy şäheri esasan demirgazyk ugra tarap giňeltmegi göz öňünde tutýar. Alundar başgada şäheri beýleki taraplara hem giňeldilmegi göz öňünde tutulmagy gadymy diwarlar bilen gurşalan edip Italiýanyň paýtagty imperator döwürdäki Rimi onuň merkezini ägirt uly giňişlige ýaýran şäheriň ortasynda edip görkezýär.

Kolizeýa tarap geçirilmekçi bolýan uly şaýoly ugrundaky ýerleşen Gadymy antiki rim döwründäki daşdan ýasalan ýadygärlikleri ýykyp ýumuryp geçirilmegine alyp barýardy. Beýle weýrançylyklary etmezden geçirilmege mümkinçilik berýän ugurlaryň birini aýdyp geçeliň. Döwrebap tehnika has oňaýly hereket ýoluny tonnel görnüşinde edip, ony Kapitaliýskiý we Palatinskiý baýyrlarynyň aşagyndan hiç hili ýykyp ýumurmazdan geçirilmeklige mümkinçilik berýärdi.

Ýöne Mussoliniň awtoritar dolandyryşy boýunça oňa diňe ýeriň üstünden geçirilýän göni ýol gerekdi. Oňa Wenesiaň köşgüniň äpişgesinden geçip barýan demonstrasiýalaryň akymynyň goşunlaryň geçişiniň görnüp durmagy has gowy göwnüne ýaraýardy.

Ýöne sagdyn pikiri boýunça ýykyp ýumurmazdan geçirilmeli taslama mümkinçilikleri ýol alnan imperator forumlarynyň ykbaly Mussoliniň islegi boýunça, ýagny taryhy ýadygärlikleriň saklanmagyna mümkinçilik bermeýän çözgüt ýol aldy.

Wia det Imperony edil bäş sany gadymy imperator forum ýadygärliklerini ýykyp geçirdiler. Bu ýoluň giňligi 30 m. we trotuarlaryň, gazonlaryň hasaba alynmagy bilen Imperiýa şaýoly ägirt uly Troýan forumy, şol hatarda Sezaryň, Awgustyň we Wespasiananyň, Nerwyň forumlarynyň ýykylyp ýumtulmagyna alyp bardy. Ol gymmat bahaly taryhy ýadygärliklerden diňe käbir bölejikleri galdy. Dünýäde iň sazlaşykly binagärlik ýeketäk ýadygärlik ansambly ýok edildi. Onuň üuň öwrenilmegi uly binagärlik açyşlaryny etmäge mümkinçilik berip biljekdi. Şonuň bilen birlikde zorluk bilen gurlan şaýoly awtoritar düzgüniň wandalizmine subutnama bolup ol düzgüni wasganalaýalar. Rimde soňky geçirilen uly meýilnama çäresi Borgo rekonstruksiýaly bolup, ol ikinji jahan urşunyň öň ýany (1939ý.) başlanypdyr. Mukaddes Angela galasyny mukaddes Pýotr meýdany bilen dan (klin) görnüşli usul bilen kem-kemden sobora tarap ugurda giňeldilip birleşdirmek pikiri Karlo Fontana degişlidir. Öz traktatynda Lorenso Beruininiň guran meýdanyny tankytlamak bilen Fontana onuň gutarylmadyklygyna görkezipdir. XVII asyryň binagärçileriň uly abraýly nazaryýeti we amaliýeti binagäri Karlo Aloderniň goşmaça guran soňky binalary köp sanly kiçi gümmezleriň görünmegine päsgel berýärdi.

Rimiň merkezi kwartallary tarapyndan sobora çenli giň ýoluň gurulmagy maksada laýyk, köfi sanly ybadathana adam ýerlerine amatly bolmagy göwne jaý hasaplanypdyr. Seredilip geçirilen obýektler Mussoliniň awtoritar stiliniň gödek gelşiksiz ýagdaýlary döredip gadymy binagärlik ýadygärliklerine we bütin dünýä ähmiýetli sazlaşykly ýadygärliklere yzly-yzyna wegylary edenligini görkezýär.

## Germniýada binagärlik we şähgergurluşyk

Üçünji imperiýanyň awtokratiki stili Haliýa garanymyzda Bawar patyşasy Lýudwig ikinjiniň alyp barýan işi beýik german “nord stiliň” döredilmegine gönükdirilendi, öz özenini nemes binagärlik şekillerinden alyp gaýdýardy, roman we gotiki köşkleri. Kyn çekeleşikli binagärlik akymlarynda birinji jahan interrealistik urşunyň özi syrasynda, Mýunhende ýene bir stilistiki ugur peýda bolýar, ol XIX asyryň birinji ýaýranynda nemes klassisizmiden gelip çykýar. Bu stiliň has ýagty döredijiligi bolup belki Peterburgda gurlan German ilçihanasy bolup durýar, ol 1910-1911ýý. Peter Berens tarapyndan gurulýar. Walter Gropiusyň we Mis Wan der Roe ýolbaşçylygynda funksionalizmiň ýeňmegi ýokarda agzalan stilleriň ýitmezligine getirdi.

Nemes halkynyň taryhynda iň pajygaly ýyly 1933ý. Germaniýanyň material we ruhy medeniýetiniň düýpgöter üýtgetdi. Binagärlik hem mundan gaýry galmady. Döwlet emlägini öz eline alan gitler diňe bir Germaniýany gol astyna gemirmän eýsem tutuş jahanyň baştutany bolup binagärlik we sungaty hem öz görkemesi esasynda çözülmek düzgüne geçdi.

Gitler özüniň diktatura baştutanlyk edip başlan döwründe umumyýewropa stiline geçmegine howlukdy.

Funksionalizm milli nemes daşaryýurt we “bolşewik” binagärlik stili diýlp yglan edildi we onyň administratiw we jemgiýetçilik binalarynyň binagärliginde ulanylmaklyk güýjüni ýitidi.

Döwlet emlägini öz eline alan Gitler saýlanmaly stil ugry hakda meseläni gysga wagtyň içine çözdi. Marçello Pýançetini şowsuzlyga uçran işleri Gitleri täze orderleri saýlamak ugrunyň aňsat däldigi we özboluşly stil sistemasynyň döredilmeginiň kynlygyny bildi. Şonuň üçin Gitler täze ýoly taýýar “stilleri” saýlap aldy.

Nordiki stil (şekil) simwoliki binalaryň, mazar ýadygärlikleriniň, gümmezleriň üstünde oturdylyp, olar çalt tekizliklerinde dag gaýalarynda oturdylypdyr. Bu stile köplenç nordiki stiliň hyýaly belentligini, gadymylygyny we artykmaçlygyny, nordiki german ruhuny artykmaç belent işlände bu stile ýüzlenipdirler. Bular köplenç faşist ýygnak jaýlarynyň içini şekillendirilende ulanylypdyr. Nordiki stiliň esasyny gödek daş örtükleriniň aşak sallnyp duran tub potoloklarynyň pürsleriniň utgaşdyrylyp gurulmagy nordiki stiliň kwinfessensiýasy ýagny esasyny düzüpdir. Beýik kamin peçler, olarda bütinleýin ýakylýan pürsler, guýulyp ýasalan yşyklandyryjylar, faşistleriň gyzyl baýdaklary bolup, diwarlardaky ahyrynda bolsa öz dürnukly penjirelerinde faşistleriň swastika emblemasyny saklap duran birmöçber uly, äpet birkelleli ýyrtyjy bürgüt iç gysdyryjy we howp atyp duran jaýlatyň bezegidi.

Emma özüniň ähli ähmiýetine seretmezden norgiki stil üçünji imperiýanuň ofisial stili däde.

Awtoritar Germaniýanyň döwlet stili ýönekeýleşdirilen dik balka ugramly klassiki binagärlik bolsa-da, ony ähli çeperçilik ýagdaýyny mahrum edip, ony bokurdagyna çenli gysyp duran esger mundirine geýdirilen. Awtoritar döwriň häsiýetli stili dört burçy bolup karterlenen sütünler bolup, olar klassiki tegelek gowy görünýän, gowy üýtgeýän sütünleriň oruny ägirt uly, ähli belent ymaratlaryň diwan ýüzüni tutup duran (görnüşli bolup) şonuň ýaly-da göwrümiň lapidar berilmegi hem-de sinumetriýanyň hökmanylygy bilen häsiýetlendirilýärdi. Awtoritar Germaniýanyň birinji binagärlikleri diýip Gitleriň özi Imperiýa Konselýariýasyny hem-de uly Berliniň günbatar çäginde gurlan olimpiýa stadionyny  hasaplaýardy. Ýöne Imperiýa Konselýariýasy doly derejede “ ariý binagärlik” önümine degişli bolsa, stadion funksionalizm bilen stiliniň arasynda araçäk ýagdaýy eýeleýärdi. Sport gurluşygynyň toplumy üç möhletde ýerine ýetirildi. 1912-1913 ý.ý  nobatdaky olimpiýa oýunlary üçin ippodromy (at çapyşyk, aýlawyny)  täzeläp gurap, ony daşyny tribunalar gurşap alan sport meýdanyna öwrüp durdylar; 1925-1928ý.ý. (ýagny funksional stikliň höküm rowanlyk süren döwri) ähli tpolum doly rekonstruksiýa edildi, giňeldildi we gurluşygyň iň soňky nobatdakysy özünden soň  administratiw jaýlary we äpet diň-minaralary  faşizmiň  nyşanlary bilen galdyrmak bilen, Gitleriň höküm rowanlyk süren 1933-1936 ý.ý gurlup gutarylypdy.

Robert Ozelli, bu ägirt uly sazlaşykly gurlan sport ansamblyny dünýäde iň gowularyň sanyna goşýar. Onuň bu birleşine ynam etmek mümkindir.

Hakykatdanam  sport toplumynyň baş meýilnamasy birnäçe Parižler hil häsiýetlerini özünde jemleýär. Ýemgratyň meýilnama oky günbatar–gündogar tarapa nazarsalyp baş girelge Berlin tarapdan bolup on soň stadion we äpet Maý meýdany özboluşly owadan alleýalar bilen sazlaşykly ýerleşip baş sport desgasyny gimnastika maşk zaly bilen  birleşdiripdir. Açyk gök teatr, ippodrom suw ýüzülýän basseýin, dynç  alyş jaýy we beýleki sport maşklary ýerine ýetirmek üçin ýerler parferleriň we sosna baglarynyň arasynda ýerleşip olar ägirt uly Grýunwald tokaý baglygyn abirleşdirilipdir. Metropoliteniň gara we demir ýollaryň üsti bilen sport binasynda ýerleşip bilýän 500 müň adamlaryň hereketi doly üpjün edilipdir. Öz içinde owal stadionyň antablementini göterýän dört burçy ýylmanak sütünler deňölçegli ritmiki bölünişi görkezip adamyň ýadyna antiki döwrüň uly inžener we tomaşaçyly binalaryny ýatladýar.

30-nji ýyllarda Germaniýada kwartallaryň gowlaşdyrmak maksady bilen kwartallaryň üstüni açyk edip gurmaklyk özüni aýdyň görkezdi. Jaýlara insalýasiasyny gowulaşdyrmak üçin ýaşaýyş jaýlaryny meridianal ýagny “setiz gurluşygy” başlanýar.

Açyk kwartal gurluşygy ähli umumy progressiw hökmünde ýol alýan wagty nemes binagärleri Gitleriň we Şpeýriň ýolbaşçylygynda iň yzda galak şäher gurluşygyna gaýdyp geldiler. Suratda getirilip görkezilen 20 müň ýaşaýjylar üçin niýetlenen şäheriň baş meýilnamasy Eggerştediň taslama düzmegi Şpeýriň ýolbaşçylygynda edilipdir we ol kwartalyň üstünden köçäniň agdyklyk edýänligini görlezýär.  Ähli köçeler tutuşlaýyn perimetrial gurluşyk häsiýetine eýedir. Standart möçberleri we formalary haýran galaýmaly takatlyk bilen jaýlaryň ýerleşdirilşi utgaşdyryp getirlipdir.

Nems şäherleriniň meýilnamalarynyň arasynda Berline gürrüňsiz birinji orun berlipdir. Gilter bu gurluşyk binalarynda Albert Şpeýere uly ygtyýarnama beripdir. Sebäbi bu binagärçi göni çyzykly hem-de sowuk görnüşli bolsada Imperiýa kanselýariýasyny görüp, ol bina hem Gitlere juda gowy ýarapdyr.

Şonuň üçin Gitler ony ähli gurluşygyň inspektory edip belläpdir. Şpeýeriň ýolbaşçylygynda Berliniň merkeziniň general rekonstruksiýa meýilnamasy düzüpdir. Bu meýilnamanyň esasy bolup parad magistrallary we meýdanlary hyzmat edipdir. Munda esasan dabaraly marşlar we şuna meňzeş çäreler geçirmek meýilleşdirilipdir.

Şpeýer baron  Ossmanyň göreldesine eýerip esasan göni kesip geçýän magistral  köçeleri (“ok” diýlip atlandyrylýr), olara bolsa täze, geometriki dogry göniburçly we tegelek meýdanlary birleşdirip ýerleşdiripdir. Ol meýilnamada demirgazyk-günorta okuna aýratyn ähmiýet beripdir. Ol bolsa Şpeýe  derýasyny kesip geüip, şäheriň merkezini Tempeltgof meýdanyndaky aeroport bilen birleşdirmeli eken. Bu magistratyň ugrunda täze Tegelek meýdan ortasynda fontany bilen we egriüyzykly daşary ýurt turizm jaýy ýerleşdirmek meýlleşdirilipdir. Tegelek meýdan bilen goňşylykda Şpeýer ägirt ullakan German goşynynyň ýolbaşçylaryny jaýyny ýerleşdirmegi  meýilnamalaşdyrypdyr, onuň düzümine bolsa gaty daş günmezden ybarat bolan “Esger zaly” özüniň ýerasty jaýynda bolsa simwoliki beýik german esgeriniň gubury ýerleşdirilmegi

meýilleşdirlipdir. Ähli meýilnamalar Albert Şpeýeriň umumy ýolbaşçylykda amala aşyrylypdyr.

Owadan we gizlin syry “Meri Rouz” Portsmutda täze ajaýyp taryhy gämi ussahanasy bölmagyna söz berilýär. Muzeýiň esasy eksponaty flagman gämisiniň körpusy bolar, ol Genrih VIII “Meri rouz” döwründen, 1982 ýylda Solent aýlagynda deňziň düýbinden çykarylan we şol ýerden tapylan artefaktyň uly kolleksiýasy. Deňiziň düýbinden çykarylan korpus ekspozisiýanyň merkezi bolup onuň aýnadan edilen el ýetirilmeýan bölümleri tapyndynyň käbir zatlary witerina bolup hyzmat eder. Özünde bu hazynanyň saklanýan bina, minimal göwrümde bolmalydyr- gymmat zatlar üçin gapyjagaz ýaly. Elegant ellips agaç bilen örtülip Angliýanyň günorta kenarynyň asyl nusga deňiz ýaka binagärligine öýkünmek bilen wenzel bilen kesilip owadanlanan –ol “Meri Rouz” ekipažynyň agzalary tarapyndan ullanylypdyr, ýagny hususy zatlaryny tanamak üçin. Muzeýiň transformirlenýan üçegi ýaldyrawyk gawykly konstruksiýada ýasalyp gerekli wagty galdyrylyp gämini ýapar ýaly.

### Guanezou West Tower Hytaý

**Wilkinson Eýre Architects** býurosy ilkinji gezek şeýle beýik ymaraty beýikligi (432m) taslaýar,özüniň inženerlik şekillendiriş tejribesinden ugur alyp we konsultantlaryň kuwatly tarapyny ýygnap. Ilkibaşdan ol Guançžouň täze kwartalyna barýan aýnaly göwrümiň irisinden bириniň ony iri tarapyndan diýlip pikir edilýär we sowda kwartaly (Merjen) derýa bilen birleşdirýär. Bu köp funksiýaly beýikligi 103 gatdan ybarat bolan binada, ofisler, sowda meýdançasy, görnükli myhmanhana we ýokarky gatdan seredilýän meýdança ýerleşdiriler. Aşaky gatlarda konferens-zal, tomaşaçylar zaly, we beýleki sowda edaralary ýerleşdiriler. Meýilnamada minara üçburçlak görnüşde bolup, binagärlere diňe bir gullukçylaryň jaýlaryny ýerleşdirmän, daşky gurşawyň talabyny ödemeli. Gurluşyk işi 2006-2009 ýyllarda.



**Twin diňi. Guançžou (Hytaý). Kris Uilkinson taslamalary.**



**Mary Rouse Museum taslamasy. Beýikbritaniýa. Portsmut.**





**Köp gatly jaý (Gollandiýa).**



**Ulag kolledži.Rotterdam (Gollandiýa).**



**Bäsleşik taslamasyMoskwadaky hökümet aýy.**



**Kazinonyň taslamasy.**

## VIII. Belent jaýlaryň we asmana diräň binalaryň binagärligi “Sigrem we Petronas dünýäniň belentjaýlary

Lýudwig Mis Wan der Roýe dünýäniň binagärligine täsirini ýetiren görnükli binagärdir. Eýýäm 1919-nji ýylda ol Berlinde ähli diwarlary aýnada bolan karkasly ägirt beýik jaýy taslady. Şondan soň polat bilen aýna onuň gowy döreýän materiýallaryna öwrüldi1. 1938-nji ýylda ol Germaniýadan Amerika göçüp gitdi we şol ýerde Raýtyň hödürlemegi bilen Çykagonyň Tehnologiki institutynyň binagärlik bölümine baş boldy. Ägirt beýik jaýlary gurnamalda esasy gazananlarynyň bri Nýu-Ýorkdaky “Sigrem binasy bolup,ol 1958-nji ýylda wiski çykarýan firmanyň buýrugy bilen guruldy. Mis wan der Roýe bu taslamany Filip Jonson bilen birlikde ýerine ýetirdi. Filip Jonson hen Mis wan der Roýe ýaly konstruktiw esaslaryň desganyň hilini kesgitleýjisi öňe salanmagyny gzanýardy.

Otuz sekiz gatly, prizma şekilli göwrüm 8,4 m beýikligi bolan inedördül diregleriň üstünde goýulan. Gyzyl çyzykdan 30 m süýşürileni üçün ägirt beýik jaý pyýada barýan adamlaryň “üstünden basmaýar”. Giň boş meýdanyň döräni üçin bina köçeden seredilende düýbünden başga görnüşe eýe boldy. Park awenýuda ýeriň bahasynyň üýtgeşik gymmatlygyna garamazdan şeýle giň meýdan!

Meýdan gülgüne granit goýular we köçäniň derejesinden biraz galdyrylan. “Sigrem Bildingiň” fasady bürünçden edilen wertikal profiller asylan metal parellerden we reňk çaýylan aýnalardan düzülen. Kompozisiýanyň çürt-kesik simmetriýasy, ýörite buýruk boýunça taýýarnylan we ulanylan materiýaliary we detallary bu bina aýratyn adraslyk berýär. “Hudaý we onuň aýratyn detallary” diýen aftorizm soň binagäriň sygaryna öwrülýär. “Sigrem Bidingiň” awtorlary “Çikago mekdebiniň” döwründen galan senagat konstruksiýalarynyň we binagärligiň arasyndaky üzňeligi ýeňip geçdiler. Asyllyk, agraslyk, ýönekeýlik we moda bolan arkaýynçylyk Mis wan der Roýeny we onuň binagärligini kesgitleýär.

1960-nji ýyllar ABŞ üçin kyn dýwür boldy. Wýetnamdaky uruş, ykdysady kynçylyklar,Gündogar Ýewropa bilen çekeleşikli gatnaşyklar netijesinde Amerikanyň demokratiýasy gowşaýar. Prezident Kennedi we onuň töweregindäkiler amerikalylary haýran galdyrjak, bolan ýurduna döretjek taslamanyň zerurdygyna düşünýärdi.

Nýu-Ýork ştatynyň gubernatory Nelson Pokfeller şäheri abatlamak işleri baradaky meýilnama bilen çykyş edende, telekeçiliginiň tarlaryny bir ýere çatjak Bütündünýä sowda merkezini (BSM) gurmak baradaky pirini aýtda. Bu ideýa işewür adamlaryň arasynda uly seslenmek tapdy we tiz wagtdan “Emri Rot we ogullary” firmasy taslamany işlemäge girişdi. Birnäçe görnükli işleri bilen tanalýan, ýapon gelip çykyşy bolan, amerikaly binagär Minori Ýanasaki çagyryldy. Ol Mis wan der Roýe we Korobýuzýe ýaly beýik şahsyýetleriň tarapdarydy we ady belli Empaýr Steýt Bilding” taslamasyna gatnaşdy. Onuň işleriniň içinde: Sent-Luisdaky aeroport, Detroitdaky sungat we hünär instituty, Amerikanýyň beton baradaky instituty. Ýamasaki öz işlerinde kerpiçi we betony däl-de, polady we aýnany ulanmagy halaýardy.

Ýamasaki we onuň ussahanasy Manhettenyň jaýlarynyň we köçeleriniň ýüzlerçe modellerini ýerine ýetirenden soň ahyrky çözgüt tapylýar. Eýýäm 1964-

nji ýylda ol taslamanyň gutarnykly wariýandyny we 1:130 ululykdaky hödürlendi. Maliýe serişdeleri babatdaky kynçylyklara garamazdan, mundan soňky wakalar güýçli depginde ösdi. Bu ýagdaýdan çykmak üçin ýörite obligasiýalar çykaryldy, emma, 1970-nji ýylda Nýu-Ýorkda güýçli maliýe kynçylyklary döredi we gurluşygy togtatmagyň bäri ýany boldy. Täze salgytlary girizmeli boldy we heniz gurulmadyk BSM-nyň ofislerini kärendesine bermeli. Netijede 1971-nji ýylda eýýäm demirgazykdaky diň gurlup gutaryldy, ýene üç ýyldan bolsa günortadakysy tamamlandy. Olaryň açylyşy şeýle bir dabaraly ýagdaýda gurnaldy welin, gazetlerde ony Prezident inaugurasiýasyna deňediler.

BSM binagärlik tarapdan nähilidi? 6,5 gektar ýerde 7 binadan ybarat toplum guruldy, iki sany ägirt beýik diň bu ýerde esasydy. Olar planda 65x65 m. Binýady 23 m ýeriň açygynda. Bu ýerde bellemeli zat, binýadyň berkligi 1993-nji ýylyň ýazynda gurnalan terraktyň netijesindäki partlama çydam edip bildi. Her diňiň içinde 103 sany lift bolup, olar üç zolakda ýerleşdirilipdir. Ofislerde 430 sany kompaniýalar we döwlet edaralary ýerleşdirilipdir. Olaryň içinde “Morgan Steni”, “Benk of Amerikan”, “Nýu-Ýorkyň we Nýu-Jersiniň Port dolanşygy” Ýly ägirtler hem bar. Bularyň soňkusy BSM-nyň eýesi bolup, onuň dolanşygyny durmuşa geçirýärdi. Her gün bu ýerde 50 müň gullukçy we 80 müň adam gelýär. Ikinji diňiň syn ediş meýdançasyndan töwerek daşy 72 km aralygyny görüp bolýar. Adaty bolmadyk binalaryň fasadlary çürt-kesik we olarda gurnalan modully, 3,5x10 m ölçegli alýumin seksiýalardan düzülipdi. Biri-birinden 56 sm aralykda wetikal profiller bolup, olaryň arasyny inçe aýnalar doldurýar. Şeýle ulgam bolany üçin diňler daşdan tutuş ýalpyldap duran, metaldan edilen ýaly bolup görünýär.

Aşakdaky wertikal profiller bir dessä birigip, gotiki arkalara meňzeş bir zady emele getirýärdi. Bu konstruksiýa seýsmiki çydamlydy we uçar bilen çaknyşyga hasaplanyldy ( “Empaýryň” Jeliň ýetirýän uly täziri göz öňünde tutuldy.

Manhetteniň düli beiýklikli äpet beýik jaýlarynyň toplumynyň üstünden abanyp duran, “Ekizler” (BSM-niň diňlerini şeýle atlandyrdylar) galdyrylan badyna, binagärlik bitertipligini gurnaýjylaryň şekiline eýe boldular. Olaryň “biline” ýetip duran töwerekdäki binalary özüne boýun edirdiler. Amerikanlylar bütin dünýäniň siwilizasiýasynyň gymmatlyklaryna degişli bolan, adamyň eli bilen döredilen gudtraty “Ekizlerde” gördüler. “Ekizler” tä 1974-nji ýylda Çikagoda “Sirs Tower” gurulyşança dünýäniň iň beýik binalary boldular.

**Bina degişli käbir maglumatlar:** BSM-iň gatlak sany 110 -gat, demirgazyk diňiniň beýikligi -417 metr, polat karkasyň agramy -200 müň tonn, aýlanan meýdan–2,5 gektar, gurluşyk ýyllary 1979-1973 ý.ý. Äpet beýik jaýlaryň arasynda diňe “Ekizleriň” hem doglan, hem ýogalan ýyly bar.

Nýu-Ýork ştaty öňki BSM-niň ýerinde täze bina gurmak barada halkara bäsleşigini ýglan etdi. Bäsleşigiň birinji tapgyrynyň netijesi žuriniňem, şäheriň ýaşaýjylarynyňam göwnünden turmady. Ahyryň berlinli binagär D.Zibeskindiň taslamasy saýlandy, onuň gurjak diňleriniň beýikligi 541 m. Emma muňa garamazda, häzirki gün dünöäniň iň beýik jaýy Amerikada dälde, Malaýziýanyň paýtagty Kuala-Lumpurda ýerleşýär. Onuň ýerinde öň şäher ippodromy bolupdyr. Toplumy gurdyrmaklyga baş bolan milli nebit kompaniýasy “Petrohas National Berhard”, ýa-da ýönekeý “Peterohas”, şeýle hem iri telemagnat we nebit-dag işläp

çykaryjylaryň başlygy Anand Krişnan. Giň reklama kompaniýasyny ösdüren konsern gurnaldy. Halkara bäsleşigi yglan edildi we oňa sekiz sany abraýly firmalar çagyryldy.

Taslamada binagär Sezar Pelliniň başlyklyk edýän, Amerikanyň Konnektikut ştatynyň firmasy ýeňiş gazandy. Onuň gelip çykyşy argentinaly bolup, bilimi Jllinoýs unwersitetiniň Binagärlik mekdebiniň dekany bolýar we öz firmasyny döredýär. Bu firmanyň iri gurluşyklary: Amerikanyň Ýaponiýadaky ilçihanasy, Los-Anželesdaky “Pasifir Dizaýn Sentr”, “Karnegi Hole” binasynyň üstündäki altmyş gatly äpet beýik jaý. Pelliniň binagärlik konsepsiýasy iň öňdebaryjy binagärlik we inženerçilik gazananlaryny hem-de regional aýratynlyklary häsiýetlendirmegi göz öňünde tutýar. Bularyň soňkusy 1992-nji ýylda tamamlanylan “Petrohasada” has aýdyň görünýär. Taslama işleri gidýärkä ýüzlerçe çyzgyly kagyzlar çykaryldy, şundan soň gurluşyk meýdançasyndaky işlere başlandy. Kuala-Lumpur Seýmika taýdan howply ýerde ýerleşýär. Şonuň üçin ýüz metr çuňlukda topragyň jikme-jik barlygyna ýarym ýyl gerek boldy. Diňe şundan soň guýma binýady ýerine ýetirildi, oňa 13000 $m^3$ beton guýuldy. Işiň gidişi opalubkalara her 1,5 minutdan beton gelip durar ýaly edip gurnaldy we ol 60 sagatda gutardy.

“Petrohas Taueryň” kompozisiýasy originallygy we malaýziýanyň aýratyn koloriti bilen tapawutlanýar. 88 gatly diňleriň her birisiniň plany sekiz burçly ýyldyzyň şekiliinde. Diňlerde ofisler ýerleşýär. Olary aşakda 93 müň $m^3$ meýdany tutýan söwda merkeni we ýeriň aşagynda ýerleşýän, 5400 maşynlyk awtoduralga birikdirýär. Aşaky zolakda şeýle-de konferens zallar, uniwermaglar, dynç alyş toplumlar ýerleşýär. Töwerekdäki 20 gektar meýdanda şäher bagy gurnalan.

Diňleriň 41we 42 gatlarynyň deňindäki ajaýyp geçelge Pelliniň hakyky tapyndysy boldy. “Petrohas Tauer” gurulmanka biri-biriniň ýanynda goňşy duran äpet beýik jaýlar eýýam bardy olar Nnýu-Ýorkdaky “Ekizler”. Emma diňleri birikdirmek pikiri Sezar Pelliniň oýlap tapany. Onuň eskizleri boýunça Günorta Koreýada uzynlygy 41 m. we beýikligi 9 m. bolan iki gatly metal geçelgäni tasladylar we ýerine ýetirdiler. Soň ony böleklere böldüler we 1995-nji ýylyň tomusynda Malaýziýa getirdiler. Geçelge merkezinde 42 metrlik raskoslar bilen berkidilen.

Konstruksiýany ýerde 3 gije-gündiziň dowamynda ýygnadylar we gurnamaly ýerine galdyrdylar.

Ýanmaýan materiallardan edilen geçelge, ýygnalan görnüşinde “Petrohas Tauer” toplumynyň hakyky görki boldy.

Taslamanyň ilki bellenilen beýikligi 427 metra deňdi, bu bolsa Çikagodaky “Sirsden” 16 m. pesdi. Malaýziýanyň hökümeti Amerikanyň rekordyny basmak üçin 1994-nji ýylda “Petrohasyň” beýikligini artdyrmagy talap etdi. Bu wagt gurluşyk bütin güýjüne gidip durdy we gatlaklary artdyrmak barada gürrüň ýokdy. Ähli konstruksiýalar belli bir agrama we güýje ölçenildi. Ýene-de Pelli bu ýagdaýdan çykalga tapdy. Ol her diňiň ýokarsynda beýikligi 73,5 metr bolan ýeňilleşdirilen, dekorirlenen polat konstruksiýany goýdy. 1996-njy ýylyň Mart aýynyň 15-ne heniz gurlup gutarylmadyk “Petronas Tauer” dünýäde iň beýik jaý diýip yglan edildi. Ýene üç ýyldan onuň açylyşy boldy.

Bina degişli käbir maglumatlar: ullanylýan gatlaklary–88 gat, liftleriň sany – 76, penjireleri–32 müň, bir günde gelip-gidýän adamlaryň sany–96 müň, geçelgäniň agramy–750 tonn, toplumyň bahasy–1,6 mlrd. Dollar, 1999-njy ýylda gurlup gutardy.

Äpet beýik binalaryň gurluşygy öň belli bolmadyk meseleleri çözmegi talap etdi.

Şeýdip, ýaponlar ýertitremek wagtynda konstruksiýany sazlamak üçin äpet beýik jaýlaryň ýokarsynda ägirt köp mukdarly suw rezerwuarlaryny gurnap başladylar. Äpet beýik jaýlaryň örtgisiniň üstünde emeli katoklary we baglary, golf we tennis üçin meýdançalary gurnamak adaty zada öwrüldi. Hatda äpet beýik jaýlardan aşak düşer ýaly trassanyň emeli materiallaryndan edilen, desganyň taslamasy hem bar. Belentlikde işleýän montažçy we äpet beýik jaýlaryň penjirelerini ýuwujy ýaly täze kärler döredi.

Haýsy jaýy äpet beýik diýip hasaplamak bolar? Bu soraga umumy jogap ýok, emma, liftsiz ulanyp bolmaýan islendik jaýy äpet beýik diýip atlandyryp bolýar. Wagtyň geçmegi bilen 20-40 gatly jaýlar adaty ýagdaýa öwrüldi. Beýikligi 600 m., hatda 1 mil bolan jaýlaryň taslamalary islenilýär. Olaryň soňky nokady adamyň psihologiki we tehnologiki mümkinçiliklerine bagly bolmagy çemeli.

### Geçmiş bilen geljegiň sepleşigi
### Köneden täzäni tapmaklyk –hemme adamlara mynasyp däl, ol has çuňňur bilimi we dury pikiri talap edýär

XX asyrda Şarl de Goll ýaly öz ýurdunyň taryhynyň we binagärlik ýadygärlikleriniň öňünde baş edýan, konserwatiw endikleri özünde saklaýan Parižli fransuzy tapmak aňsat däldi. Haçanda ol 1958-nji ýylda ikinji gezek döwlet baştutanlygyna gelende, onuň öz rezidensiýasyny gurmak üçin ilkinji eden işi seýil bagyndaky pawilýony täzeden gurmak boldy. Şol bir wagtyň özünde Şarl de Goll ýaly Fransiýany beýgeltmek üçin diňe bir syýasatda däl, eýsem binagärlikde hem iň bir batyrgaý we garaşylmadyk zatlary etmäge taýýar adamyň adyny aýtmak hem kyndy. Onuň inissiatiwasy bilen Fransiýanyň paýtagtynda uly özgerşikler başlandy. Olary “Uly taslamalar” diýip atlandyrylan. Olary döwlet býudjetiniň goldawy esasynda we döwlet baştutanynyň garamagynda durmuşa geçirilen. De Golldan soňky prezidentler Žorž Pompidu, Waleri Žiskard d’Esten, has hem Fransua Mitteran onuň göreldesine eýerdiler. XX asyryň ikinji ýarymynda de Golldan soň prezident bolanlaryň hersi Parižiň binagärliginde monimental yz goýmaga çalyşdylar. Şeýlelikde olar taryhy bilen gürrüňdeşlige girip, özi barada syýasy modanyň ýok edip bilmejik ýatlamalaryny goýdular.

“Uly taslamalary” ilkinjileriniň biri hem de Gollyň yhlasy bilen döredilen Defans etraby boldy. Kontora we telekeçilik binalarynyň ýetmezçiliginden gysylyp duran Parižiň täze işewir merkezi bolmaly ägirt uly toplumy üçin şäheriň daşynda, sena derýasynyň çep kenarynda ýer saýlanylýar. Bu ýerde Amerikanyňkydanam öňe geçjek äpet beýik binaly “Parižiň Manhettenini” gurmak meýilleşdirildi. De Goll gülläp ösýän beýik döwletiň göze görnüp duran nyşanyny döretmek isleýärdi. Şol bir wagtyny özünde Defans Parižiň bir bölegi

boldy. Ony Luwryň, Karusel meýdançasynyň, Ýerleýiş şaýolunyň Triumfal derwezäniň, Şarl de Goll meýdançasynyň (köne ýyldyz meýdany) üstünden geçýän şäheriň esasy şähergurluşyk okunyň dowamynda gurdylar. Bu merkezi ugur ok diňe bir meýilnamada görünmeýär. Eýsem, günüň batýan wagtynyň belli bir pursatynda günüň şöhlesi Triumfal arkanyň (derwezäniň) boşlugyndan görünýär. Ýyldyz meýdançasyndaky arkanyň boşlugynda n batyp gelýän gün bilen şöhlelendirilen Defansyň iki bölegиниň ägirt belent jaýlaryny görmek bolýar.

De Gollyň pikri boýunça Defans diňe bir döwrebap etrap bolman, eýsem gelejekki şäher gurşawunyň şekilini döretmeli. Onuň arzuwlaryndaky hyýaly häsiýetlerini binagärler topary (Bernar Zerfýusyň we Robert Kmelonyň baştutanlygynda) durmuşa geçirdiler. Bu ýerde "maşynlar dünäsi") bilen "Paýdarlar dünýäsini" bütinleý bir-birinden aýyrmak, Defansyň köp bölegini adamlar üçin niýetlemek göz öňünde tutulýardy. Bu taslamada häzirki zaman binagärligiň "Uly arzuw-hyýallarynyň" biri, ýagny adamalaryň emeli gurşawyny, "ikinji tebigaty" döretmek hyýaly durmuşa geçdi.

Munuň üçin etraby köp gatly äpet beton platformanyň aşagynda ýerasty şäher ösüp başlady. Ýeriň astynda awtostrad üçin tonnel, awtomenzil, metro, Pariž daşky şäheretegi we aerodromlar bilen baglanyşdyrýan sebitar ekspressler, söwda toplumlary, restoranlar, sergi zally salypdy. Bu bäş gaty gurluşy basgançaklar, panduslar, eskalatorlar birleşdirýär. Ýeriň astynda her dürli çyralar, ýanýan, sönýän, gürleýän, ýyldyraýan reklamalar ýaýrady. Ýokarda, beton platformanyň üstünde äpet belent jaýlar guruldy. Bu diňleriň geometriki göwrümleri daşyndan görünmeýän garaldylan aýnalar bilen örtülen. Aýnalaryň ýüzünde günüň şöhleleri we asmandaky bulutlar ýalkym atýar we olar jaýlaryň reňkini üýtgedýär. Her näme-de bolsa emeli gurşawa tebigatam täsir edýär. Şol sebäpli güneşlilik ýa-da ýagynly howa Defans dürli görnüşlere görülýär. Bu etrabyň özbaşdak ösmegi Pariža hiç hili päsgellik döretmeýär. Onuň gurluşy şäheriň esasy kuna ugrukdyrylyp, şähergurluşyk taýdan şäheriň oňaýly ösmegi dowam etdirýär we paýtagtyň taryhy mirasyna degmeýär. Defansyň gutarýan ýerine ýerleşen dewezäniň üstündäki meýdançadan şäheriň ajaýyp panoramasy görünýär. Bu derweze halkara konkursda ýeňiji bolan Ýogan Otto fon Sprekelsenyň (Damiý) taslamasy boýunça 1989-nji ýylda gurluşygy tamam boldy.

Fransiýanyň Prezident Žorž Pompidu bilen baglanşykly Parižde geçmiş bilen gelejegiň düýbünden başga dialogy döredi. Muňa esasy täzir eden belli ýazyjy we syýasatçy Andre Malro Häzirki zaman sungatynyň Merkezini döretmeli we ony şäheriň ortasynda ýerleşdirmeli diýen çözgüdi geldiler. Bu buna Žorž Pompida adyndaky häzikizaman sungat merkezi ady bilen binagärlik taryhyna girdi.

Bu taslamanyň halkara konkursynda Italiýaly Renso Piano we Britaniýaly Riçard Rojres ýeňiji boldular we şol sebäpli hem olar dünýä belli boldular. Olar öňki islendik binagärlik stiliniň häsiýetlerinden, şol sanda Gropiusyň we Le Korbýuzýenyň häzirki zaman binagärligindenem el çekip, şol ýere mynasyp bolan täze keşbi döretdiler. Ilki bu bina gurulanda ol Parižlileriň göwnünden turmady we oň "nebiti gaýtadan işlýän zawod" diýip erbet at goýdular. Şa Genrih IV döwründäki Wogez meýdanyndan geçip, XVII-XVIII asyrlaryň jaýlarynyň

saklanyp galan Mare kwartalyndan soňra geçelgeden çykyp, göze ilgiç reňkler bilen reňklenen, öwrüm-öwrüm turbalardan ybarat bolan Žorž Pompidu adyndaky merkeziň arka ýüzüdi. Bu kontrasty söz bilen aýdar ýaly däl. Taryhyň şäherleriň rekonstruksiýasynyň düzgünleri boýunça şäheriň gadymy böleginde munuň ýaly awangard görnüşli binany salmak jenaýat içine deňelýärdi. Emma Parižde muňa göz ýumdular, sebäbi bina uly ussatlyk bilen ýerine ýetirilipdir. Ol 1970-nji ýyllaryň görksiz binagärliginden üstün çykdy.

Hakykatdan-da äpet binanyň göze ilgiç reňkler bilen reňklenen öwrüm-öwrüm turbalary Mari kwartalynyň gadymy jaýlaryna we köçelerine baryp ol ýerde aýlanyp görk döretdi. Bu turbalar suw geçiriji, hapa suw akdyryjy, wentilýasiýa we ş.m. üçin hyzmat edýän desga. Binanyň beýleki tarapynda metal diregleriň tory öňe çykarylypdyr. Olaryň aňyrsyndaky aýna diwardan özi hereket edýän basgançagyny zigzady görünýär.

Göräýmäge şunuň ýaly binany gadymy ýadygärlikleriň arasynda goýmak akyla sygmajak zat, emma, Žorž Pompidu adyndaky merkeze seredeniňde bularyň ählisi ýatdan çykýar. Awangard formalaryň we taryhy jaýlaryň kontrosty şeýle bir uly we ajaýyp bolany sebäpli deňeşdirmek aklyňa-da gelenok. Şeýle-de bolsa, şähergurluşyk taýdan birsydygy saklanmagy ýrän möhüm: täze bina şäheriň adaty siluetyny (keşbini) bozanok,  ululugy boýunça bir kwartalyň ölçeglerine deň. Esasy zat bolsa, binagärlere hakykkatdan-da zehinli, özüne çekiji gyzykly benany döretmek we Parižiň taryhy “tekstine” häzirki zamanlygy goşmak başardypdyr.

Ahyrky netijede üstünlik mydama binagärligiň hiline bagly. Žoež Pompiu adyndaky merkeziňýanynda gurlan  “Forum-de–Aly” söwda merkezi Fransiýanyň paýtagtyntň keşbine zyýan ýetiren ýalňyşlyk boldy. Ony orta asyrlardan saklanyp galan bazaryň ýerinde gurdular. XIX asyrda bu bazary köp sanly matall pawilýonlara göçürdüler. Bu ajaýyp gurluşygy  ýykyp, onuň ýerinde “Forun-de-Aly” gurdular. Bu binada postmodernizmi, gotiki arkalary klassiki elementleri ullanyp, taryhy bilen häzirkizamanyň baglanşygyny tapmak işlediler. Emma bu başa barmagy. Geçmişem, häzirkizaman üstünlik gazanyp bilmedi.

Fransua Mitteranyň döwlet başyna geçmegi bilen ýagdaý ýütgedi. Metbugat Parižі “fara-onlar respublikasynyň paýtagty” diýip atlandyrdy. Şäheriň bu ady almagyna bay belli Luwryň “Piramidasy” sebäp boldy.

Luwry täzeden abatlamak zerurdy. Bu bolsa muzeýiň özgermegi, onuň funksiýalarynyň çylşyrymlaşmagy, kolleksionerleriň adamlara mümkin boldugyça köp zatlary görkezmek islegi (Ermitaž, Luwr ýaly uly muzeýlerde eksponatlaryň bary-ýogy 3-5% görkezilýär) bilen  baglanyşykdkydy. Köşkden toplumyň ýaryny eýeläp duran Fransiýanyň Maliýe serişdeleri Ministirligini çykardylar. Iki sany açyk howlynyň üstüni ýapyp, ony heýkelleri we arheologlaryň tapyndylaryny görkezmek üçin ulandylar. Esasy binagärlik işleri bolsa, Luwryň ýerasty böleginde geçirildi. Uly çuňlukda gazuw-agtaryş işleri geçirilenden  soň orta asyr galasynyň aşaky böleginiň XVI-XVII  asyrlaryň köşgüniň binýady bolup hyzmat edýändigi anyklanykdy. Indi bolsa gelýän adamlar Luwryň aşaky bölegini XV asyrlara degişli bölegini görmäge mümkinçilik aldylar. Muzeýiň ýrasty bölegi toplumyň daşky howlusynyň we Karusel meýdanynyň aşagyna ýaýrap gitdi. Bu ýerde suwenir we antikwariatlar satylýän dükanlar, her dürli katedyr, merkezde bolsa

ugrukdyryjy westibýul ýerleşdirilen. Gelýän adamlar bu westibýuldan muzeýiň islendik ýerine baryp bilýärler. Luwr tehniki üpjünçiligiň we bu ýeri gelýänler üçin gurnalan oňaýlylygyň düýbünden başga derejesine eýe boldy.

Westibýulyň ýokarysynda, ýeriň üstünde Ýeo Min Peýiň tasalamasy boýunça polat karkasly aýna piramida guruldy we onda muzeýiň esasy girelgesi ýerleşdirildi. “Piramidanyň” durulygy we ýeňilligi köne Luwryň taryhy formalarynyň we geometrik üstleriň arasyndaky kontrosty ýumşatmalydy. Emma hakykatda bu beýle bolmagy. Oňa haýsy tarapdan seredeňde-de “Piramida” esasy ünsi özüne çekýär.

Žorž Pompidu adyndaky merkezdäki ýaly bu hem taryhy şäherleriň we binalaryň rekonstruksiýasynyň halkara kanuna laýyk gelmeýär. Şeýle-de bolsa, bu uly şowlulyk boldy. Binagärleriň zehini we olaryň artykmaçlykdan saklanyp, täze Luwryň diňe birje kiçijik böleginiň ýeriň üstüne çykarmak çözgüdi bu döredijilik işini Parižiň gözelliklerine, çeperçilik baýlyklaryna goşmaklyga mümkinçilik berdi. “Piramidanyň” we ýadygärlikleriň sazlaşygy taryhy gurşawda täze binagärligiň gekjekde ulanylap biljek wariantlarynyň birini görkezýär.

XX asyryň aýagynda döredilen “Uly taslamalaryň” içinde Bastiliýa meýdançasyndaky Opera, Senanyň kenaryndaky “Arap dünýäsiniň instituty,” prezident Žak Şirak döwründe gurlup gutarylan Fransiýanyň täze Milli kitaphanasy hem bar. Emma, bu desgalaryň Parižiň keşbine ýetiren täsiri Defansyň, Žorž Pompidu adyndaky häzirki zaman sungatyň merkeziniň we Luwryň “Piramidasynyň” ýetiren täsiri bilen deň däldir. Şol sebäpli hem bular bilen bilelikde gurulan beýleki täze binalar köneki köp jaýlar ýaly gadymy şäheriň täze binalary bolup galdylar-da, şäheriň keşbini gözellik taýdan aýratyn baýlaşdyrmadylar, geçmiş bilen sazlaşykly gatnaşyga girmediler.

XX asryň ikinji ýarymyndaky Parižiň mysaly taryhy şäherler üçin olara bolan parhsyzlygyň iň ýaramaz zatdygyny görkezýär. Binagärlikde adaty gurluşykdan aýratyn saýlanýan görnükli binagärlik eserlerini döretmekden gorkmaly däl, eýsem geçen asyrlaryň urbanistik gurşawunyň beýik gözelliklerini häzirkizamanyň “göwünli-göwünsiz” binalaryň gysyp çykarmagyndan saklanmady. Parižiň birnäçe asyrlaryň dowamynda dünýäniň beýik çeperçilik paýtagtlarynyň biri bolmagynyň sebäbi hem onda binagärligiň şöhraty eserleriniň yzygiderli toplanmagyndadyr.


05






08


02


01



Luwryň “Piramidasy”



Ž.Pompidu adyndaky medeni merkezi

## Parižiň täze binagärligi (1980-2000ý.ý)

Fransiýanyň binagärligini ägirt uly dürli görnüşlilik bilen belläp geçmeklik mümkin we toparlar hem-de stil boýunça birleşdirmek örän kyndyr. Fransiýanyň binagärligi bir bitewilige gabat gelýär: tutuş asyrdan soň Balkyň oba ýerinden şäherde başlanmagy, Parižde ýaşan Le Korbýuzýeň, şeýle teoretiki işlenilip düzülmeleriň häzirki zaman binagärligi boýunça Halkara kongresiniň netijesinde. Täze şäherleriň esasy, haýsydyr şäherler-etek jaýlary bolmazdan, Pariž ýaly uly megopolisleriň eteklerinde gurulandyr.

XXI asyryň başynda binagärleriň easy maksady täze şäher gurluşyk konsepsiýasyny işläp düzmek we adamlaryň durmuşy üçin has amatly bolan şäherleriň gurluşygy bolup durýar. Sport-medeni merkezleriň eýýäm bar bolan gurluşygyny saklamak zerurlygy bilen uly teoretiki, 1997 ýylda amala aşyrylan onuň taslamasy bu merkeziň saklanylmagyny we kinomotografiýa studiýasyny ýatladýan giňişligiň şol bir wagtda döretmekligi göz öňünde tutdy. Köne üçekleri we täze metal gabyklary hasaba almak bilen tokaýjyklaryň we köprüleriň köplügi. Bu konsepsiýa 1999 ýylda Mark Lýa Walyň binagärlik merkeziniň gurluşygynda başgaça ulanyldy, soňra bolsa Ruanda "zenit" konsert zalynda – äpet gämi bilen.

Umuman fransuz binagärleriniň täze nesliniň ýolbaşçylarynyň aglabasy ýokary tilsimatlaryň äpetligi bilen meşgullanmaýarlar. Olar ilkinji nobatda ýerine ýetiriliş hili we jaýyň uzak durmuşy barada aladalanmaýarlar. Aýnaň "materialsyz" binagärligi eýýam moda-da däl. Olar has uludyr başga materiallary ulanylýarlar: agaç, polat, beton we beýlekiler. Täze görmüşleriň intuitiw gözlegleri binagärleri origina we berk çözgütlere getirýär. Mysallar höhmünde birsyhly howa we polat hem-de aýnadan gurluşlaryň we şatorda "Ekineks" mediotekany getirmek mümkin şeýlede, goýy gyzyl reňke boýalan goşmaça daşky dekor bilen utgaşmada jaýa ýazyp bolmajak owadan görnüşi berýär. Fransiýanyň häzirki zaman binagärleriniň döwürdeşleriň arasynda Kristian Portzampark durandyr klassik bolup galan, däbi bozujy. Ony ösmän baronyna meňzeş, şäher gurujy diýip atlandyrmak mümkin "Giňişligi bagtly etmeli". Ol şol wagtda köçelere esasy ünsi çekýär. Asyrlaryň dowamynda, ilkinji orta asyr şäherleri döränden bäri, bu şäherleriň gurulmagyndaky köçeler düzülişi elementler boldular. Olar şäherde takmynlaşmaga mümkinçilik berdiler we jemgiýetçilik giňişligini has oňaýly we fiziki we psihologiki etmek bilen. Modernizasiýa meýilnamalaryny tassyklamaň gullukçylary, täzelenen Ýewropada öňde baryjy nägileligi janly beýan edýärler mundan başgada Prezidentiň özüne taryhy ambisiýalaryň aňladylmagyny bildirýär. Parižde elmydama imperiýasy we milli ýadigärlikleriň hazynasy hökmünde seredilýär. Hakyky mistiki derňewe geçmek bilen, alymlar kubyň, piramidleriň sferalary ilkinji görnüşlerini ulanmagyň taslamalarynyň bölekleri üçin häsiýetlisini tapawutlandyrýarlar: beýlekilere fragmentasiýanyň estetikasy mahsusdyr. Ideologiýanyň we görnüşleriň arasynda ýönekeý bolmadyk aragatnaşyk. Her ussa öz hususy çyzyşyna , jemgyýete, käz gurnalyşlaryna garaýyşlaryna eýedir.

Awtor taslamalaryň hersiniň üstünliklerini we kemçiliklerini giňişleýin gözleýär. Ol Arki O.Sprekelsenden başlaýar, ýagny tapawutlanýan alamaty halkara komunikasiýaly we gelejege penjire bolup durýan, ýagny onuň aşagynda dürli

ýurlaryň adamlary işewürlik we özara gatnaşyklar atmosferasynda duşuşyp bilerler. Le Korbýuzýe, L. Kauo Sarpa goýmak we moderniki monumentalygyň däbine goşant goşmak bilen.

M. ПЭЯ piramidasy Luwra territoriýasynda Defaus arkaly bilen degişlidir, soňkyň peýdasynadyr. Ol funksional we kontekstual goýberilmeleriň hataryny belläp geçmeklik bilen indiki dialektiki hatary hatarlap, öz nukdaýnazaryny deňagramlaşdyrmaga çalyşýar: görnüşleriň ýönekeýligi we şol bir wagtda umumy pikirleriň göni çyzyklylygy, eleganrlylyk we konseptual çäklendirmek aýdyňlylyk we klassiki nusgalara mahsus wagtyndan öňligiň bolmazlygy.

Makalanyň jemleýji bölüminde derňewşi uly taslamalary taryhy medeni ösüşlere ýerleşdirip, ähli “Ylalaşmany” we “garşylygy” derňeýär. Ol yzygiderli bellenilip geçirilýän ösüşleriň gapdaly bilen, olaryň ähmiýet merkezleşdirmesi bilen ideologili aragatnaşyklaryň sesini çykarmazlygy bilen oňup bolmaýanlygyny belläp geçýär.

Prawinsialyň nukdaý nazary bilen bu çäre şahsy amatlylygy döretmeklige takmynlaşdyrylan. Tehnokratiki äheflilik “halkyň bähbitlerine gulluk etmek” häkimlik esasy bilen ýaňlanýandan az umumylyga eýedir.

## Defans kwartalyndaky uly arka

1982-nji ýylda Fransiýanyň Prezidenti E.Mitteranyň göniden göni ýolbaşçylygynyň astynda dokuz sany uly lemgyýetçilik merkeziniň gurluşygyny goşmak bilen, Parižiň tarapyndan uly taslamalarynyň giňeldilen meýilnamasy işlenip düzüldi ýagny Ž. Pampidu adyndaky sungat Merkezi bilen bilelikde Parižde dünýäň medeniýetli paýtagtlarynyň statusyny gaýdyp bermeli.

Respublikanyň Prezidenti bu obýektleriň bina edilmegine özüniň syýasy platformasynyň bölegi hökmünde seretdi, ýagny ol Fransiýanyň medeni ösüşini we takygy onuň paýtagty Parižiň ýokarlandyrmaga uly üns berdi. Industrial jemgyýetiň döwrebap krizisleriniň ýüzüniň öňünde bu taslama fransuz binagärleriniň, inženerleriniň we gurluşykçylarynyň durmişa ukyplylygyny we ussalygyny görkezýär.

Men uly taslamalaryň biziň neslimize biziň taryhymyza düşünmäge kömek bermegini isleýärin, ýagny olar gelejeginizi gürrüň bermäge we özleşdirmäge mümkinçilik berer ýaly, diýip F. Mitteran ýagny bu desganyň ylym we sungat işgärleriniň adamlaryň halkara duşuşyklarynyň we pikir alyşýan ýerleriniň bolmagy göz öňünde tutmak bilen.

Esasy pikir.

Açyk kub.

Dünýä penjire.

Ösüşleriň döwrebap tamamlanyşy ýaly.

Gelejegi görmek bilen.

Häzirki zaman “Triumfal arka” adamzat triumfy bilen şöhratlanyjy.

Ähli adamlaryň erkin duşuşyp biljek, gelejegine ynam simwoly.

Bu ýere “Adamyň triumfal arkasyna” ähli dünýäniň adamlary beýleki adamlaryň näme bilýänligini we pilus edýänligini, däplerini, diňlerini, sungatyny we medeniýetini bilmek üçin.

Esasy sat beýleki adamlara duş gelmek. Diňe adamlaryň we milletleriň arkasyndaky gatnaşyklaryň ýoly bilen asyrlary bolup, döreýän düşüniksizlikleriň barýeri bozulup biliner.

“Adamyň triumfal arkasy” ähli ýerden görünýär.

Arka bizi uly örtükli meýdan bilen garşylar, bu ýerde siz beýleki adamlar bilen garyşarsyňyz we bu ýerde siz ägirt toplumyň islendik bölegini tapyp bilersiňiz.

Arkanyň aşagynda we gapdalyndaky bugarýan buluda meňzeş, aýna örtükler bilen örtülen giňişlige seredilendir, we bu ýerde dürli ösümlikleriň we çuwdürümleriň arasynda siz kofe içip, gürrüňleşip, daş-töwerege seredip bilersiňiz.

Arkanyň üçeginde size bag we restoran garaşýar.Görünýän ýakyn we uzak nokatlardan bu Defans toplumy duşuşyk ýeri üçin iň uly göwrülerden iň kiçiljik göwrümlere çenli, dürli görnüşli görnüşleriň gezekleşmesi ýaly bolup görner.Uly arka hakykatdan-da özünde nämäni jemleýär?

Bu hakykatdan-da 105 m taraply açyk kub, 6°-da gyşarmak bilen ýeliseýskiý meýdançalarynyň okuna goýulan, Napolenyň Luwrlkiý köşgüne meňzeşlikde bu oka gatnaşyk boýunça süýşirilen. Bu “dünýä penjiredir”, sebäbi ýeliseýskiý meýdanlarynyň ini boýunça deň, onuň merkezi giňişliginiň gapdaly arka tamamlaýan, ýöne ýapmaýar. Parižiň taryhy okunyň ägirt ösüşleri ýaly kabul edilýär.

Arka-bu triumf, ussatlygynyň we inžener edermenleriniň triumfy. Üçegiň we kese göwrümli topragyň derejesinde birleşdirilen we 300000 tonna agramy bolan, jaýyň ägirt monoliti, Winadelýaň esasy boýunça işleýan kesip geçýän ramalaryň ulgamyny saklaýjy on iki sany daýançlarda durandyr.

J.O.Fon Sprekelson açyk reňklilik ägirt uly jaýa nepislik ýeňilligini beren, desganyň esasy materiallaryny üstünlikli saýlady. Diwarlaryň üsti ýeňil dargaýan reňkli şöhlelendiriji korrarskiý mermer bilen örtülendir. Korpuslaryň gapdal daşky diwarlary doly aýnalaşdyrlan, olaryň metal detallary bolsa açyk alýumindan ýerine ýetirilendir.

Arkanyň galdyrylan podiumyndan siz tutuş ini boýunça ägirt jaýa düşersiňiz, ondaky basgançak boýunça ýokary galamk bilen siz bu desganyň äpetligini duýarsyňyz. Siz uly örtükli jemgyýetçilik meýdanynda bolýarsuňyz –siziň üstüniňde bugaryp duran aýna “ buludy” we haýsydyr bu ýerde gutarnyksyz beýiklikde “ üçek” bu ýere öwüşginli içeden ösülen metal şahta troslaryndan tizlikli liftlere “ uçýarlar”. Ol ýerde hakykatdan-da sizi ýaşyl baglat we Parižiň owadan keşbi garşy alar.

Arkanyň padiumy we “üçegi” özlerinde dürli jaýlary–ýygnaklar sergi giňişlikleri üçin zallaryň ýerleşdirilmegi üçin ulanylandyr. Arka, hakykatdan-da , şäheriň köp nokatlaryndan we Defans etrabyndan görünýär.Onuň kabul edilmesi aralykdan we rakursdan baglylykda üýtgeýär, emma diňe bir zat galýar uly, kuwatly, momental görnüşi–simwol, görnüşli belgi. Jaý hakykatdan-da, uly ussatlyk bilen ýerine ýetirilen zerur bolan jaýlaryň giden hatarynyň gerek

bolanlygyna garamazdan (meselen, aýnaly “bulut” ýa-da liftli şaht merkezi meýdanlar) arassalygyny we ilki başdaky görnüşiniň bütiniligini saklap galdy.

Uly Defans arkaly–häzirki zaman şäher gurluşyk sungatynyň uly gazananlarydyr. Sýfel minarasy ýa-da Ž. Pompidu ýaly Parižiň ajaýyp nusgalarynyň hatarynyň birinde duran, monimentdir. Ol täze eranyň–kommunukasiýa we halklaryň ýakynlaşmagyny erasynyň gelmegine simwolizirleýär.



## Berlin Reýhstagyň täze gümleri

Norman Fosteriň döredijiligi barada gürrüň etseň, onuň bu döredijiligi orän täze demokratiýa binagärligidir. Bu binanyň ilki başdaky binagär, Paul Wolloter 1894-nji ýylda gurlupdyr. Norman Fosteriň bu döredijiliginiň şekili "açyklyk giňişligidir". Bu bolsa binagärlikde täze ýorelgedir munyň bilen gurmanyň tehniki zaman taýdan kynçylygyny hem-de häzirki zaman durumuşy bilen baglanyşypdyr.

Açyklaýyn gözenekli gümmez örküjiniň üstünde gurnalan sebäbi onuň alman politehnikiň üstünden gowy seredilýän gözegçilik meýdançasyna eýe bolýarlar. Çüýşe silindiriň üstünde ýokarsynda düňderilen konus ýüz görülýän aýna bilen örtüklenen.

Ol hem zalyň içine tedigy ýagtylygy geçirýar. Häzir binanyň tebigy günüň şöhlesinden elektrik alyp durşuna üpjün edýär. Joansyndaky konusy amatly ýerine ýetirýär. Ol hem gümmeziň karkasynda doldurlandyr. Konstruksiýanyň kynlygy üçin bina köp peýda bolýar. Ol hem jaýyň energetiki taýdan özüni üpjün edýär. Sinwolikany birleşdirýän demokratiýa forma kompleksi daş töweregiň howasyny ütgedýärler. Bu hem Germaniýanyň asyryň soüunda simwolikasy bolupdyr.

Binanyň üstündäki gümmez Germaniýanyň bir wagt imperiýa taryhynyň bolandygy barada ýatladyp durýar. Binanyň bu ýerini dikeldiş işlerinde 2-nji jahan urşy barada ýadygärlikler köp ýerlerde galdyrylan. Gyzyl goşunuň Reýnhstagyň üstüne baýdak dikelden soň diwaryň ýazgylary galdyrylypdyr. Hemde köp ýerlerinde onuň yzlary galypdyr. (maý 1945ý.)

Üstünden zalyň içine tebigy ýagtylyk düşýär. Äpet gümmeziň içki gatlagyndaky, adamlar ýerleşdirilipdir. Ol hem ýüz görünýän aýnasynyň üsti bilen bu desganyň işleýşine görmek mümkinçilik döreýär. Norman Festeriň aýdyşyna görä bir gowy seredilýän meýdança.





**Birinji gatyň meýilnamasy**



**Üçünji gatyň meýilnamasy**

## Edebiýat


1. Türkmenistanyň Konstitusiýasy. Aşgabat, 2008.
2. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. I tom. Aşgabat, 2008.
3. Gurbanguly Berdimuhamedow. Ösüşiň täze belentliklerine tarap. Saýlanan eserler. II tom. Aşgabat, 2009.
4. Gurbanguly Berdimuhamedow. Garaşsyzlyga guwanmak, Watany, Halky söýmek bagtdyr. Aşgabat, 2007.
5. Gurbanguly Berdimuhamedow. Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy. Aşgabat, 2007.
6. Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme mejlisinde sözlän sözi. (2009-njy ýylyň 12-nji iýuny). Aşgabat, 2009.
7. Türkmenistanyň Prezidentiniň «Obalaryň, şäherleriň, etrapdaky şäherçeleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň durmuş-ýaşaýyş şertlerini özgertmek boýunça 2020-nji ýyla çenli döwür üçin» Milli maksatnamasy. Aşgabat, 2007.
8. «Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry» Milli maksatnamasy. «Türkmenistan» gazeti, 2003-nji ýylyň, 27-nji awgusty.
9. «Türkmenistanyň nebitgaz senagatyny ösdürmegiň 2030-njy ýyla çenli döwür üçin Maksatnamasy». Aşgabat, 2006.
10. Всеобщая история архитектуры. тт. 1-12. М., 1970-1977
11. Брунов Н.И. Очерки по истории архитектуры. тт. 1-2 М-Л., 1937
12. Буров А.К. Об Архитектуре М., 1960
13. Васильев Л.С. История Востока. тт. 1-2 М., 1993
14. Гидион З. Время, пространство, архитектура. М., 1973
15. Ле Корбюзье. Модулор. М., 1976
16. Танге К. Архитектура Японии. М., 1971
17. Иконников А.В. Архитектура XX века т.I. М., 2001. Т II М., 2003
18. Павлов Н.Л. Алтарь. Ступа. Храм. М., 2001
19. Эсенов А. История архитектуры Туркменистана. Ашх., 2001
20. Esenow A. Türkmenistanyň binagärçiliginiň taryhy. Aşgabat, 2001
21. Esenow A. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy eýýamynyň binagärligi. Aşgabat, 2003

## Mazmuny

Sözbaşy..........................................................................................................1
Giri...................................................................................................................2
XIX asyryň soňky -1924 ýyllaryň binagärligi. XX asyryň
başynda Günbatar Ýewropanyň binagärligi.............................................................3
Modern stili. Stiliň döremegi we onuň döredijileri…..........................…………16
Häzirki zaman binagärligi we onuň döremegi.......................................................26
"Organiki binagärlik" ugry...................................................................................31
1925-1934 ýyllaryň binagärligi..............................................................................38
1917-1990-nji ýyllaryň binagärligi. Le Korbýuzýe...............................................45
1935-1954 ýyllaryň binagärligi……...........................................................……50
1955-1980ýý binagärligi….............................................................................……51
Binagärlikde awtoritariazm…...........................................................................…..60
Şäheriň ideal strukturasynyň gözleginde (1940-1960)……...............................…68
Binagärlikde metibolizm ugry..............................................................................81
Inženerçilik binagärligi..........................................................................................88
Belent jaýlaryň we asmana diràn binalaryň binagärligi……..........................…100
Parižiň täze binagärligi (1980-2000ý.ý)........................................................109
Edebiýat...........................................................................................................116